A. KADYROW, A. AŞYROW,
G. WELBEGOW

# OKUW KITABY

4-NJI SYNP ÜÇIN DERSLIK

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Ýedinji neşir

DAŞKENT — "O'ZBEKISTON" — 2020

http://eduportal.uz

UO‘K 811.512.133(075)
KBK 81.2 Typ-93
K 14

**_Salam eziz okuwçy!_**

Şuny ýagşy bil: Sen garaşsyz Özbegistanyň görer gözüsiň. Gelejegisiň. Gowy günleri bildirýän ýaş ýürekli ynsansyň. Garaşsyz Watanymyz senden köp zatlary tama etmäge hakly. Munuň üçin okamak, öwrenmek gerek. Ylym belentliklerine çykar ýaly eliňizdäki okuw kitaby ýakyn kömekçiňiz bolar. Ondaky her bir pikiriň, her bir temanyň kalbyňyza kuwwat berjegine ynanýarys. Şonuň üçin, sen hem şu sahypalardakylara yhlas bilen gara. Arassa sakla, aýawly peýdalan. Bu okuw kitabyndan senden soňky peýdalanjaklar-da seniň zehiniňe, yhlasyňa haýran galyp, saňa alkyş okasyn.

Ylym belentliklerine tarap äden ädimleriňiz şowly bolsun!

Syn ýazanlar:

***Isa Arazow*** – Dörtköl tümenindäki 6-njy mekdebiň türkmen dili we edebiýat mugallymy;

***Tirkeşbaý Baýjanow*** – Garagalpagystan Respublikasynyň Mekdebe çenli tälim ministriniň orunbasary.

**Kadyrow Allaberen.**
K 14 Okuw kitaby: 4-nji synp üçin derslik. / Kadyrow A., Aşyrow A., Welbegow G. – D.: “O‘zbekiston” NÇDÖ, 2020. – 176 s.
I. Aşyrow, Akgeldi.

ISBN 978-9943-01-082-6

**UO‘K 811.512.133(075)**
**KBK 81.2 Tur-93**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-01-082-6

© A. Kadyrow we başg., 2007, 2013, 2015, 2017, 2020
© “O’ZBEKISTON” NÇDÖ, 2007, 2013, 2015, 2017, 2020

http://eduportal.uz

# BEÝIK WE EZIZ WATANYM – BAKY BOL AMAN

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET SENASY

Sözleri *A. Arypowyňky* Sazy *M. Burhanowyňky*

Serquyosh, hur o‘lkam, elga baxt, najot,
Sen o‘zing do‘stlarga yo‘ldosh, mehribon!
Yashnagay to abad ilmu fan ijod.
Shuhrating porlasin toki bor jahon!

G a ý t a l a m a :

Oltin bu vodiylar – jon O‘zbekiston,
Ajdodlar mardona ruhi senga yor!
Ulug‘ xalq qudrati jo‘sh urgan zamon,
Olamni mahliyo aylagan diyor!

Bag‘ri keng O‘zbekning o‘chmas iymoni,
Erkin yosh avlodlar senga zo‘r qanot!
Istiqlol mash’ali, tinchlik posboni,
Xaqsevar ona yurt, mangu bo‘l obod!

G a ý t a l a m a :

Oltin bu vodiylar – jon O‘zbekiston,
Ajdodlar mardona ruhi senga yor!
Ulug‘ xalq qudrati jo‘sh urgan zamon,
Olamni mahliyo aylagan diyor!

*(Özbek dilinde)*



http://eduportal.uz




***Akgeldi AŞYROW***

# ASYRA BARABAR GÜN

Her bir halkyň täsin geçmişi bolýar. Edil şonuň ýaly güneşli diýarymyz Özbegistanyň hem üýtgeşik geçmişi bar. Biziň ata-babalarymyz öz agtyk-çowluklary, ýagny biz üçin maddy we ruhy baýlyklary döredip, olary bize ýadygärlik galdyryp gidipdir. Şol baýlyklardan aňly-düşünjeli hem-de doly peýdalanmak hukugyna biz diňe 1991-nji ýylyň 31-nji awgustyndan soň eýe bolduk. Şol gün ýurdumyz öz Garaşsyzlygyny gazandy. Bu bir gün, dogrusyny aýdanyňda, asyra barabar gün bolup galdy.

Garaşsyzlyk elmydama kalbymyza Gün ýaly şöhle saçyp dur. Ol her bir eden işimizde bedenimize zor gujur, gaýrat we hyjuw bagyşlar. Gözümiz “Garaşsyzlyk” sözi arkaly nurlandy. Ol söz aňymyzy, pikirimizi arassalady. Biz indi babamyz merdana Emir Temura hormat goýup ugradyk. Çeper goşgulary bilen özüni tanadan hem şahyrçylyk, hem serkerdelik babatda adygan patyşa Babur Mürze ýetik bolduk. Musulman dünýäsinde şöhrat gazanan pygamberimiz Muhammet Aleýissalamyň aýdanlaryny öz ene dilimizde okadyk. Onuň hadyslary biziň ýüregimizi joşduryar. Öň ýaşap geçen ägirtlerimiz – Ymam Buhary we Ymam at-Termezi, Bahaweddin Nagyşbendi, Abduhalyk Gijdiwany, Hoja Aly Romitaniý, Burhaniddin Marginany ýaly ýüzlerçe akyldarlarymyzy ýatlap, olaryň ruhuny şat etdik.

Özbegistan gadymy ýadygärliklere baý ýurt. Daşkent, Buhara, Hywa hem Samarkant ýaly şäherlerimizde ýerleşen ýadygärliklere gaýtadan uly üns berlip ugraldy.

Gadyrly okuwçylar! Özbegistandaky ähli zat siziň öz mülküňizdir. Olara eýelik etmek üçin gowy okaň. Hünär saýlap alyň. Muny sizden döwür talap edýär.

## Soraglar

1. Biz näme üçin Garaşsyzlyk gününe «Asyra barabar gün» diýýäris?

2. Geçmişde ýaşap geçen akyldarlarymyzdan kimleri bilýärsiňiz?

3. Kimler gelejekde ýurdumyzyň hakyky eýeleri bolup biler? Olar nähili borçlary ýerine ýetirmeli? Sen haýsy hünäri söýýärsiň?

***Abdylla ARYPOW***

## BELENTDIR YKBALYŇ

Ilki bilen Enä goýýarys hormat,
Biz üçin Ata-da iň gymmatly at.
Çünki olar döredýärler durmuşy –
Ýaşaýşy.
Unutmaň hiç haçan
ussady.
Sen özbek iliniň
eziz perzendi,
Erkinlik ýurdunyň
hem jigerbendi...
Watanyň gujagy,
elbetde, giňdir.
Hemmämize-de ol
ezizdir, deňdir.
Zähmet bilen taplansa-da
süýegiň,
Hiç azar çekmesin tämiz
ýüregiň.
Berkitgin iş bilen
gaýta bedeniňi,
Emma unutmagyn
eziz Watanyňy.



http://eduportal.uz

Balalarym, şonda
aýdyň bar ýoluň,
Bilip goý, belentdir
seniň ykbalyň!

### Soraglar

1. Biz näme üçin ata-enäni gowy görýäris?
2. Watan diýlip nämä aýdylýar?

***Allaberen KADYROW***

## PEÝDALY HYZMATDAŞLYK

Eziz okuwçylar! Biz 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan başlap Watanymyzyň doly garaşsyzlyga eýe bolandygyny bilýäris. Ine şol günden soň biziň garaşsyzlygymyzy dünýäniň ençeme döwleti ykrar etdi. Şol ýurtlar bilen diplomatik aragatnaşyk ýola goýuldy. Biziň Döwletimiziň paýtagty Daşkent şäherinde daşary ýurtlaryň ilçihanalary bar. Birnäçe döwletlerde bolsa biziň ilçihanalarymyz açyldy. Ýurdumyzda bilelikdäki kärhanalar işlär durlar Olardan Russiýa bilen nebit-gaz ýataklaryny açmak we olary gaýtadan işleýän kärhana, maşyn gurluşygy, oba-







http://eduportal.uz

hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän zawodlar gurmak, elektrik stansiýalaryny gurmak ýaly birnäçe ulgamlar boýunça kärhanalar işleýär.

Şeýle hem Türkiýa döwleti bilen jaý gurluşygy, matalar dokamak we her hili egin eşikleri tikmek, özara söwda ulgamlary boýunça iş alyp barýarlar.

Bilişiňiz ýaly biziň köçelerimizde hereketlenýän, her hili görnüşdäki ýeňil aýtomobilleri bolsa, Günorta Koreýa bilen bilelikde gurlan Asakadaky maşyn gurluşyk zawodlarynda işläp çykarylýar. Indi şol maşynlar diňe biziň ýurdumyzda däl eýsem goňşy döwletlerde-de satylýar. Ine şular ýaly özara hyzmatdaşlyk biziň döwletimize we olara uly ykdysady peýda getirýär.

### Soraglar

1. Haýsy döwlet bilen diplomatik aragatnaşyk edýäris?
2. Daşkent şäherinde näçe döwletiň ilçihanalary bar?
3. Biziň ýurdumyzda nähili aýtomobiller çykarylýar?

***Safar BARNOÝEW***

## SAGDYN NESLIŇ AÝDYMY

Güneş bolsun, aý bolsun,
Özbegistan baý bolsun
Maňa atlas, jigime
Çapyp ýören taý bolsun.

Kakam ýüz ýaşa ýetsin,
Ejem ýüz ýaşa ýetsin,



http://eduportal.uz



Biz hem ýüze baranymyzda,
Otursynlar ýanymyzda.

Ösübersin boýumyz.
Dynçlyk isleg-oýumyz.
Bu dünýäde bar bolsun,
Özbegistan öýümiz.

## Ýumuş

1. Goşgyny ýatlaň.

2. Goşgudaky kapyýalaşyp gelýän sözleri depderiňize göçüriň. Özuňizem kapyýalaşyp gelýän sözler tapyň. Meselem, Aga-çaga...

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Näme üçin biz her ýylyň 1-nji sentýabryny baýram edýäris?

2. Garaşsyzlyga şeýle belent sarpa goýulmagynyň sebäbine nähili düşünmeli?

3. Özbegistanyň gerbi, baýdagy barada nämeler bilýärsiň?

4. Özbegistan Respublikasynyň döwlet senasyny (gimnini) ýatlapmydyň? Ondaky “Serquyosh” (“güneşli”), “hur ülke” (“azat ýurt”) “elga baht” (“ile bagt”)ýaly söz we söz birikmeleriniň manysyna nähili düşünýärsiň?

5. “Özbegistan – gelejegi beýik döwlet” diýip aýdan kim? Özbegistanyň beýikligini nädip düşündirjek?

6. Garaşsyzlyk özbek halkyna nähili erkinlikler berdi?

*Abdylla ARYPOW*

## ÖZBEGISTAN

Ýurdum, saňa goşgy düzdüm men bu gün,
Seniň meňzeşiň ýok dünýäde asla.
Şahyrlar bar, öz ýurdun älemde
Hasaplap diýdiler, ýeke-täk, tenha.
Olaryň goşgusy uçdy köp uzak,
Ganatynda bolsa kümüş diýary.
Bir ülke bar jahanda, ýöne,
Ýazylmadyk dessandyr bary:
Diňe ejiz galamym meniň,
Özbegistan, eziz Watanym meniň.





*Mähriban KABULOWA*

## DAŞKENTDE

Gün nuruny köçelere,
Eçilip dur bolluk bilen.
Yraň atýar elwan güller
Hem-de atyr seçelenen.

http://eduportal.uz



Äpet uly jaýlaryna,
Gün ussa dek nagyş salýar.
Garaşsyzlyk meýdanyndan,
Şäher edep-ekramlanýar.

Bize ýylgyryp garaýan
Görýän Güni her ädimde.
“Geliň, güneşe!” diýp dostlarma,
Elim bulaýlaýan men-de.

Gün sözümi eşden ýaly,
Sahy nurun saçyberdi.
Daşkent bolsa gujagyny,
Dostlaryna açyberdi.

Gördüm täsin köşklerini,
Göterildi göwnüm meniň.
Hem-de gözel Daşkendi men,
Dogany oý etdim Günüň.



http://eduportal.uz

## Sorag we ýumuşlar

1. Şäheriň owadanlygy näme üçin güllere meňzedilýär?
2. Daşkendiň gözelligi näme üçin Güne deňelýär? Muňa goşgudan mysal getiriň.
3. Şygry ýatlaň.

***Mähriban KABULOWA***

# DAŞKENT AGŞAMY

*("Daşkent täsirleri" diýen goşgulardan gysgaldylyp alyndy)*

Daşkentde men ýakynda,
Gezdim üç gün myhman bolup.
Agşamky gözel görnüşi,
Syn etdim balkona gelip.

Bu şäheriň giň gujagy,
Güneş nurun salýar ýada.
Göýä ýyldyz öçüp, ýanýar,
Her ýolagçy geçen bada.

Garap durun balkondan men,
Bakan ýaly gök asmandan.
Başlanýan dek bu giň jahan,
Maňa giň Özbegistandan.

## Sorag we ýumuşlar

1. Şahyr "Asmandaky bar ýyldyzlar Ýer ýüzüne gaçan ýaly" diýip nämäni göz öňünde tutýar?



http://eduportal.uz

“Başlanýan dek bu giň jahan,
Maňa giň Özbegistandan”
diýlen setire nähili düşünmeli?

2. Şahyryň Daşkent agşamynyň gözelligini wasp etmek üçin ulanan deňeşdirmelerini goşgudan tapyň.

3. Daşkent hakynda ýene nämeler bilýärsiňiz?

***MAGTYMGULY***

## ILIŇNI

Gel, köňül, men saňa öwüt bereýin:
Yrak kylma görer gözüň – iliňni.
Gymmatyn gaçyrma, ýerinde sözle,
Uzatmagyl her näkese tiliňni.

Doga eýle, bir söz diýseň aşagyn,
Hormatlagyl gözel iliň uşagyn[1],
Ýazdyrmagyl, mäkäm eýle guşagyň,
Ýeri bardyr, ajap sakla biliňni.

Çagyrylmaz jaýda görünme, barma,
Başarsaň, sopynyň ýüzüni görme,
Pikir-zikriň dünýä malyna berme,
Karuna[2] ogşatma tutan päliňni.

Sözüňe ber jowap, her kes sorasa,
Özüň yrak eýle, namart ýörese,

---

[1] *Uşak* – bala-çaga, oglan-uşak.

[2] *Karun* – Gadym zamanlarda ýaşap geçen baý, gysgançlygyň nyşany.

Bir misgin[1] telmuryp, ýyglap garasa,
Baha gurma, mugt berginiň malyňny.

Gorkma namartlaryň köp diýip sanyndan,
Gara görse, bary geçer janyndan.
Ugur tapsaň ötmäwergil ýanyndan,
Bahyllardan yrak eýle ýoluňny.

Akylly baş köpdür, akyl kesen azdyr,
Datma şerap, uzak içseň ol azdyr,
Mert köňlünde daýym bahardyr-ýazdyr,
Mejnun umman[2] içre salma salyňny.

Magtymguly, akyl başymdan uçdy,
Ykbalym ýatypdyr, döwletim göçdi.
Pir-kazylar para istäp, gol açdy.
Haram eýle, emma berme puluňny.

### Sorag we ýumuşlar

1. Şahyr Watan hakynda nähili pikirleri öňe sürýär? Goşguda ynsan mertebesine nähili hormat goýulýar?
2. Gysganç, bahyl adamlara şahyr nähili garaýar?

***Narmyrat NARKABUL***

## KARTA

Matematikany hasap etmeseň Resul beýleki sapaklaryndan ortarak okardy. Aýratyn-da, su-

---

[1] *Misgin* – biçäre, garyp, pulsuz adam.
[2] *Umman* – deňiz, sal-gaýyk.



http://eduportal.uz

rat sapagyny ol halamazdy. Gyzlar keşde çekende-de, dürli güldür jisimleriň şekilini ýadaman çyzyp otursalar-da, ol oňa takat edip bilmezdi. Şonuň üçin hem synp ýolbaşçysy ony iň bilgir okuwçylardan Samada berkidip goýupdy. Emma, ol agasy öýde bolan çaglarynda Samadyň aýdanyny ederdi, ýagny asudalyk bilen sapagyna taýýarlanardy, başga wagt Samady göreşe çagyryp, kiçijik öýüň içini ala-tozana dönderердi. Şeýle-de bolsa Samat özüne ýoksa-ýokmasa-da mylaýymlyk bilen oňa hat öwrederdi.

Emma bu gezek ol howlugyp gapydan girdi. Elindäki bukjasyny bir gapdala zyňyp, jübüsinden dört büklenen kagyz çykardy. Begenjine durup bilmän:

– Seret, men näme çyzdym. Obamyzyň kartasyny... . Ine şu taýa serhetçileri goýdum. Neneň, boljakmy?– diýdi.

Samat şular ýaly işleri bilen ony tiz-tiz öwüp durardy. Geçen sapakda bolsa ol rezin arkaly hereketlenýän gaýyjak ýasap gelipdi. Sapak ýatdan çykarylyp, ikisi hem dag aralygyndaky suwda gaýyjagy synap görüpdiler. Onuň howlugyp girişinden şolar ýaly zatlara pikir berendir öýden Resul, suraty görüp dodagyny dişledi. Ol haýran galyp:

– Munuň nämesine alňasaýaň? Ýönekeý bir surat-da – diýdi.

Samat eden işine guwanyp:

– Bizde heniz hiç kim obamyzyň kartasyny çyzmandy. Muny birinji bolup men çyzdym. Sen gowuja gara, görseň juda täsindir. Bu bolsa biziň ýazda suwa düşýän kölümiz. Bu-da malýatak... Uly köçe welin sähel gyýşygrak bolupdyr. Bu hem mekdep, keselhana... Bä, dükan ýatdan çykyp galypdyr-a! Zeleli ýok kiçijik zady kagyza geçirmegem kyn. Ýöne öz howlumyzy örän gelşirip çyzdym – diýdi.

Gidip barýan serhetçiler, olaryň hem gara iti şekillendirilen egri-bügri çyzyklar Resulyň göwnüne ýarady. Ol:

– Hut biziň Alabaýa meňzeş ekeni – diýip, ony barmagy bilen dürtdi.

Samat hem:

– Nädip seniň itiň bolar? Biziň Dörtgöz bu. Pugta gara, maňlaýynda iki haly bar – diýip jogap berdi.

Resul bosaga ýakyn ýerde hum ýaly kellesini aýagynyň üstünde goýup ýatan itine gamly seretdi. Itiniň onda şekillendirilmänine örän gynandy. Emma syr saklamaga çalşyp serhetçiler hakda gürrüň gozgady:

– Eýsem bular kimler?

– Öňündäkisi men, yzyndakysy sen. Obamyzy goraýarys. Gyzykly bolsun diýip çyzaýdym.

Resul haýran galdy:

– Obamyzy nämeden goraýarys?

– Nämeden bolardy... – Samat jogap tapyp bilmän, bir minut oýa batdy.

– Nämeden bolardy, möjeklerden-dä. Geçen gyşda goýunlarymyzy gyryp gideni ýadyňdan çykdymy?

– Onda muňa serhetçiler däl-de garawul diýilýär?

– Parhy näme? Samat müýnli ýaly surata el uzatdy, onuň ýüzi ýagtylyp gitdi. – Ýogsam-da mugallymymyzyň aýdanlary ýadyňdan çykdymy? Ol bize obamyzyň özem bir Watan, ýöne kiçi Watan diýmänmidi. Watany bolsa garawul däl-de serhetçiler goraýarlar.

Şeýle pikirleri ilki hyýalyna getirmedik Resul içinden ökündi. Şonda ol birden ikinji serhetçä garanynda birinjiniň, gowy edilip çyzylandygyny aňşyrdy. Onsoň:

– Ikinjisi däl-de, men birinjisi – diýdi.

– Ýok, birinjisi men.

– Eýsem meni bükür adama meňzedipsiň-ä?

– Beýle däl. – Samat kagyzy bükläp jübüsine saldy– Özüň-ä çyzyp bileňok, çyzana-da bahylçylyk edýäň.

Bu söz Resulyň janyna batdy.

– Çyzyp bilmeýänmi?

Samat hem gepini aýap durmady:

– Çyzyp bilmeýäň! Bu seniň üçin ýönekeý bir surat däl, karta.

Karta çyzmak üçin kelle gerek. Hemmäniň elinden gelibermeýär bu.

– Çyzyp bilmeýänmi?

– Ýok, çyzyp bilmeýäň.

Olaryň jedeli Samadyň hetden aşyp gitmegi bilen tamamlandy.

Samadyň aýdanlary Resuly köp oýlanmaga mejbur etdi. Ol içinden “Seniň çyzanyňy menem çyzaryn. Häli şeýle bir üýtgeşik karta çyzaryn, agzyňy açyp, haýran galarsyň” diýdi. Soňra obasyny we onuň töweregindäki meýdanlary, çölleri hyýalynda göz öňüne getirip, stol başyna geçdi. Emma çyzany göwnünden turmady, ikinjisi, üçünjisi hem ýaramady. Samadyň çyzgysynda araçäk nokatly çyzyklar bilen çyzylyp, olar şu surata bezeg berýärdiler. Iş başynda pugta oýlanyp oturyp şunça hereket etse-de nokatlar göwnündäki ýaly däldi. Biri uly bolsa beýlekisi kiçidi. Samadyňky bolsa edil kerpiç galypdan çykan ýalydy. Munuň sebäbini anyklaýança Resulyň kellesi agyrdy. Bir göwni çyzgyny ýyrtyp bölek-bölegem etmekçidi. Samadyň aýdanlary ýadyna düşüp, ýene pikirinden el çekdi. Ol ýere geçip oturyp, kagyza ilkinji çyzyklary çekdi. Ol muňa guwanyp, birden gygyryp iberdi. Çyzyklar kagyza nokat bolup düşüpdi.

Ol ýerinden syçrap turdy-da kagyzy agasyna görkezdi:

– Muňa gara, muňa gara!

Agasy kitapdan başyny galdyryp, kagyza üns bilen seretdi. Resulyň begenjiniň sebäbine düşünmän:

– Bu näme? – diýdi.

– Seret nokat-nokat...

– Näme bolsun, halynyň üstünde goýup çyzanymdan soň nokat-nokat bolar-da.

Özi üçin zor bolup çykan işiň agasy tarapyndan tiz we aňsatjak bolup duýluşy Resuly hem oýlandyrdy we iňkise goýdy.

Oňa agasy şeýle maslahat berdi:

– Surat çekmekçi bolsaň kagyzyň astyna ana, şol faner tagtany goý. Onsoň tekiz çykar.

Resul kä elindäki kagyza, käte ýerdäki elde dokalan hala garap, haýran bolup durýardy, birdenem stoluň üstündäki karta seretdi. Karta gyzgylt we sarygylt reňklerde bolup, her ýerräginde köne ýadygärlikleriň şekili düşürilipdi, gapdalynda-da şäher atlary ýazylandy. Bu karta garanyňda Samadyň çyzany örän betgelşikdi. “Şular ýalyny Samat çyzyp bilmeýär” diýip, Resul öz kartasyna guwanç bilen seretdi: “Eger men çyzsam ras jüpüne düşerdi-de, ony görenden Samadyň ýüregi ýarylyp ölerdi”.

Karta çyzyşyny bahyllamadyk agasy, ondan uly, galyň kagyzyny-da aýamady. Kartanyň şowly bolup çykandygyny aýtdy-da:

– Indi boýa, reňkem bu gün satyn aldym – diýdi.

Ilkinji işler kyn bolmady. Resul çöl we derýalary aňsat şekillendirdi-de, şäherlere gezek gelende bir az oýlanmaly boldy. Kartadaky haýsydyr bir şekili şol durşuna göçüresi gelmedi. Köne ýadygärlikleriň şekillendirilişi-de ony kanagatlandyrmady. Agasynyň kitabyny agtaryşdyryp,

  

ondan şahy Zindany tapdy-da elinden geldigiçe şoňa meňzetmekçi boldy. Onsoň gapdalyna “Samarkant” diýip ýazyp goýdy. Buharada asmana uzalyp duran iki minarany çekdi. “Hywa” diýlen ýerde şahy Zinda meňzedip, ýadygärlikleriň suratyny çyzdy. Soňra ömründe görmedik Daşkendini ýönekeý şekillendirip, köp etažly jaýyň suratyny çekdi-de, gapdalynda awtobuslary tirkäp goýdy. Soň kartada ady bellenen başga şäherlere hem şular ýaly suratlar çekdi. Kagyz ýüzi dolan saýyn, beter höwesi artyp “çöl” diýlen ýere goýnuň suratyny goýdy. Janawer goýunlaryň ite meňzedilip çekilendigine-de üns bermedi. Ýöne pagtanyň suratyny has üýtgeşik edip düşürdi. “Dagly zona” diýen bölüme dagyň suratyny çekip, akja bulutlaryň üstüne nur saçyp duran Güni gondurdy. Ýöne geň galdyrýan tarapam bardy. Surat çekildigi saýyn, ol Samaty-da, oňa bolan öýke-kinesini hem unudyp ugrady. Eden işi ony özüne çekipdi.

Kartany synlan agasy haýran galdy:

– O-ho, sen-ä zor ekeniň aýt!

Resul öwgä kän bir begenip durman:

– Munuň adyny näme diýip goýsakkak? – diýdi.

Agasy oýlanyp, onuň adyny tapdy we elindäki galamy bilen kartanyň ýokarsyna “Özbegistan” sözüni ýazdy.

Bukjasyny ýadyndan çykaryp giden Samat içeri girdi. Onuň nazary karta düşdi. Ol muňa mähir bilen garap duruberdi.

## Soraglar

1. Samat bilen Resul näme hakda jedelleşdiler?
2. Resul nämäniň suratyny çekdi?
3. Siz Özbegistanyň haýsy döwletler bilen araçäkleşýändigini bilýärsiňizmi?

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. *“Bilbil çemenin söýer, adam Watanyn”* diýen nakyl bölümdäki haýsy şygra laýyk gelýär?
2. Watanyny söýýän okuwçy oňa nähili sarpa goýmaly, nähili işleri ýerine ýetirmeli?
3. Özbegistan haçan garaşsyzlygyny aldy? Onuň geçmişi barada nämeler bilýärsiňiz?
4. Respublikanyň meşhur adamlaryndan kimleri bilýärsiňiz? Özüňiz gelejekde kim bolmakçysyňyz?
5. *“Ene şäherim”* (obam) diýen temadan düzme ýazyň.

# SAHAWATLY PASYL



*Köpeý ARTYKOW*

## BEREKETLI PASYL

Adamlar güýze “Altyn pasyl” diýip at berip-dirler. Elbetde, onuň özüne ýetesi sebäpleri bar. Ynha, ülkämize güýz ýetip geldi. Bu pasyl hemme taraplaýyn özgeriş girizdi. Howa sowap başlady. Gijesine daş çyksaň bu bildirip dur. Ýaz paslyndaky geýýän geýimleriň bilen gezip bola-nok.

Ýaz paslynda ülkämizde bolan käbir guşlar ýyly ýurt gözläp ugraýarlar. Şolardan durna, gaz kimin guşlar has belentden uçup gidýärler. Biziň ata-babalarymyz şol guşlaryň uçuş hereketlerine garap, gyşyň nähili boljakdygyny öňünden çaklap-

dyrlar. Olaryň çaklamasy hakykatdan kän daşa gitmändir.

Güýzde tebigat öz görküni üýtgedýär. Ol ýaşyl kürtesini taşlap, sary donuny geýýär. Ýaşyl öwsüp oturan dürli agaçlar, otlar, ekinler reňkini üýtgedýärler. Agaçlaryň ýapraklary sap-sary bolup, ýere düşüp başlaýarlar.

Güýzde daýhanyň alty aýlap arman-ýadaman zähmet çeken ekinleri ýetişip, öz miwesini eçilýär. Bu döwürde üzüm, alma, armyt, gawun, garpyz bişýärler. Daýhanyň güýz aladalary artyp başlaýar. Ol indi ýetişen bol hasyly zaýa etmän ýygnap alyp, döwlete tabşyrmak aladasy bilen ýaşaýar.

Pagtaçylyk bilen iş salyşýan ýerlerde atyzlar ak görnüşe öwrülýärler. Gowaçalar açylýarlar. Pagta ýygymy güýçlenýär.

Güýz pasly adamlaryň göwnüni göterýär. Altyn güýz ynsan üçin bol hasyly sowgat berýär.

Güýz pasly barada şahyr Gurbannazar Ezizow birnäçe goşgy düzüpdir.

### Sorag we ýumuşlar

1. Güýzde tebigat nähili görnüşe girýär? Ondan alan öz täsirleriňiz barada gürrüň edip beriň.

2. Haýsy guşlar güýz paslynda başga ýurtlara uçup gidýärler?

3. Daýhanlar we maldarlar güýz paslynda nähili aladalar bilen ýaşaýarlar?

4. Öz ata-eneňiziň, maşgalaňyzyň bu döwürdäki işleri barada aýdyp beriň.

5. Güýz paslyna degişli nähili nakyllary bilýärsiňiz?

***Allak NURYÝEW***

## GÜÝZÜŇ BIR GÜNI

Biz bir maşgalada on iki jan bolup ýaşaýarys.

Atamyza Söýün diýýärler. Bir wagtlar kolhozlaryň birinde brigadir bolup işlän. Soň hem daýhançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanan. Häzir ol segsen dört ýaşynda. Döwletden pensiýa alýar.

Ejem Oguldöndi altmyşdan geçdi. On çagany terbiýeläp ýetişdiren. "Gahryman ene" bolan aýal. Olam häzir pensiýa alýar.

Maşgalamyza atam baştutanlyk edýär. Biz onuň aýdanlaryndan çykmaýarys. Her gün agşam çaý, nahar başynda ejem atama ýüzlenip.

– Kakasy, çagalaryň bu günki tabşyrylan işleri-hä artygy bilen ýerine ýetirdiler. Ony ýaňy özüňem aýdyp geçipdiň. Indi ertirki etmeli işlerini hem häzir tabşyryp goýaýsaň gowy bolardy – diýdi.

Atam mylaýym ýylgyrdy-da töweregine göz aýlady. Ol hemmämize bir mähir bilen bakyp, az salym sesini çykarman otyrdy. Soňra ornundan çalaja gozgandy-da söze başlady:

– Guwanç, Jeren mekdepden gelip, günortanlyk edinip, pagta ýygsynlar. Özlerem şu

günküsinden köp ýygsa ýygsyn welin, şondan az bolmasyn. Gurban plan üçin eken gawundyr kädilerine aýlansyn. Öňküsi ýaly işdeş ýoldaşlary bilen gowy bişenlerini pelekden üzsün. Bir ýere ýygnasyn. Ýusup mal üçin orulan otlaryny araba bilen getirip malýatagyň üstüne bassyn. Jemal bolsa pagta gaýrat etsin. Ýöne pagtasy hemişeki ýygyşy ýaly arassa, çöpsüz we gury bolsun... .

Şeýdip atam hemmämiziň etmeli işlerimizi öňünden aýdyp berýärdi. Bolmanda-da maşgalada her kimiň ýerine ýetirmeli ýumuşlary bellidi. Emma muňa garamazdan, ony atamyzyň ýene tekrarlap aýtmagy biziň öz borjumyz baradaky jogapkärçiligimizi artdyrýardy. Atamyza biz iş etdirmeýärdik. Onuň etmeli işlerini özümiz bölüşip alyp ýerine ýetiryärdik. Men bir gezek oňa:

– Kaka, Siz işläp, azara galmaň. Ýöne ilki bir işläp görkezseň, öwretseň bolany. Onsoň galanyny özümiz işläris. Siz diňe aýlanyp, işleýşimizi gözden geçirip geziber ahyry – diýdim.

Şonda ol meniň arkama kakdy-da:

– Berekella, oglum! Men sizden nägile däl. Ýöne güýzüň güni bir eli iki edip bolanok. Menem halymyň ýetdiginden işläbersem gowy bolar. Ir ýygnalyp dynarys. Bilip bolmaz. Ýagyn-saçynyň bolubermegem mümkin. Onsoň hemmämize kyn düşer – diýip, şol mylaýym äheňde öwüt bermegini dowam etdirdi.

Dogrusyny aýdanyňda, güýz çagy işler köpelýärdi.



http://eduportal.uz

Pagtanyň ýeke übtügini zaýa etmän ýygyp, ony döwlete tabşyrmalydy. Soň gowaçany arassalap, çapyp almalydy.

Atyzy güýz sürümine taýýarlamalydy. Olam köp iş bolýardy.

Jöweni, daryny, mäşi... ýygnamalydy. Malýataklary hem arassalap, tämizläp goýmalydy. Garaz, “Sanasaň – sogaby bar” diýlişi ýaly işler başdan agady. Bular hojalyga başçy bolan atamyzy birjik-de aljyratmaýardy. Sebäbi “Düýe garrasa köşegine eýerer” diýlişi ýaly, atamyz biziň yhlasymyza, güýjümize bil baglaýardy.

Bir ýola Guwanç mekdepden gelip, biziň hiç birimize-de aýtman, partadaşynyň doglan gününe gidipdir. Şol güni maşgala boýunça ýygylan pagtanyň az bolmagyna onuň täsiri ýetdi. Ata-



myz şonda-da oňa käýemedi. Ýöne agşamky çaý başynda onuň hereketleriniň nädogrudygyny mylaýymlyk bilen oňa düşündirdi. Ol şonda hemmämizi bir ýere ýygnap şeýle diýipdi:

– Men seniň partadaşyňa kömek bermegiňe garşy däl. Doglan güne diňe gijesine barmak gerek. Atyzda taýýar bolan önümler, hasyllar saňa garaşyp durka, ony taşlap, gündiziň güni güýmenip geziberseň, soňy nähili bolar? Heý, gyşy bilen iýjek zadyňa-da biperwaý garamak bolarmy? Sen tebigata garaşsaňam, ol saňa garaşmaz. Gudratyny görkezer. Şonuň üçin hemmämiz bir adam ýaly bolup işlemeli. Men güýzüň bir gününde edilen işleri hasaplaýan. Onsoň netije çykarýaryn.

Guwanç nähili kyn, agyr bolsa-da bu etmişi, üçin maşgala agzalaryndan ötünç sorady.

Biz maşgalamyz bolup, bir badymyzy gowşatman işlärdik. Güýz aýynda edilmeli işleriň hemmesini diýen ýaly tamam etdik.

Bir gün atam bizi ýygnap:

– Ýagynyň-saçynyň aşagynda galjak ekin-dikinler alnyp içeri salyndy. Indi galan-gaçan zat bolsa onçakly alada goýup durmaýar. Baýak men size güýzüň bir gününde etmeli işleriňizi, depginiňizi kesgitläp beripdim. Siz şol depgini ýazdyrmadyňyz, kynçylyklary ýeňip geçmegi başardyňyz. Ata-babalarymyz “Zähmet soňy rahat” diýip, biderek ýere aýdan däldir. Siz indi rahatlykda eden işiňiziň hözirini görüň. Siz zor gaýrat

http://eduportal.uz

edip, agzybirlikli işlemek bilen diňe bir şahsy hojalygymyza däl, eýsem mähriban Özbegistan Watanymyzyň gülläp ösmegi üçin öz goşandyňyzy goşduňyz. Watana edil siz ýaly ak ýürekden hyzmat eden hiç wagt hor bolmaz – diýdi.

## Sorag we ýumuşlar

1. Maşgala agzalary nähili ýaşaýarlar?
2. Agşam Oguldöndi eje Söýüne nämeler diýdi?
3. Söýüniň aýdanlary çagalara nähili täsir edýär?
4. Guwanjyň hereketlerine sen nähili garaýarsyň?
5. Agzybirlikli edilen işleriň netijesi nähili boldy? Söýün aganyň ahyrky aýdanlaryny gürrüň edip beriň. Öz maşgalaňyz barada dilden aýdyň.

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Näme üçin güýze “Altyn pasyl” diýilýär?
2. Güýz paslynda tebigatda bolýan özgerişler barada bilýän zatlaryňyzy gürrüň edip beriň.
3. Ýurdumyzyň güýzüniň azyk önümlerine baýdygy, ir-iýmişleriň boldygy hakda ýatdan hekaýa düzüň.
4. Pagta ýygymy hakynda gazetlerde, radioda we telewideniýede okanlaryňyzy we eşidenleriňizi gürrüň beriň.
5. Siz güýz barada nähili goşgular we hekaýalar okadyňyz?
6. “Ülkämizde güýz” diýen temadan özbaşdak suratlar çekiň.

# YLMYŇ KÖŞGI MEKDEP, ONUŇ AÇARY KITAP

***Dörtguly BALAKAÝEW***

## KITAP – AKYL ÇEŞMESI

Agşamlyk naharyň iýlenine heniz ýarym sagadam bolanokdy. Birden gapy kakyldy. Men derrew ýerimden turup baryp, gapyny açyp: “Giriň!” diýip, yşarat etdim.

Iki adam salam berdi-de içeri girdi. Olaryň biri:

– Seýtbaý taryhçynyň öýümi şu? – diýdi.

Kakam “hawa” diýip, howsalaly ýagdaýda jogap berdi.

Onýança ikinji asudalyk bilen:

– Gaty gowy. Biz ýalňyşman ekenimiz. Ozaly bilen men sizi özümiz bilen tanyşdyraýyn. Biz GPU-yň adamlary, ýagny Döwlet howpsuzlyk uprawleniýesinden gaýtdyk– diýdi-de jaýyň içlerine bir laý göz gezdirdi. Kakam sowukganlylyk bilen:

– Bolubilýär, oglanlar! Töre geçiň, dyz epiň. Myhmandarlyk edeli. Sebäp bilen gelen ekeniňiz – diyip, olaryň ikisine-de oturar ýaly ýer görkezdi.

Olar diňe çöregiň duzuny datdylar-da bize gulluk wezipesi baradaky şahadatnamalaryny görkezip, ýene jübüsine saldylar. Ondan soň:

– Seýtbaý aga! Biz ýörite tabşyryk bilen geldik. Siz mollaçylyk edýän bolmaly. Halkyň na-

http://eduportal.uz

danlygyndan peýdalanyp, olary aldap, öz baýlygyňyzy artdyrýan bolmaly. Bu barada bizde maglumat bar. Sizi tussag etmäge geldik-diýdilerde, sen-men ýok, derrew kakamyň elini arkasyna gaňryp bagladylar-da, ony öňüne salyp, alyp gitdiler.

Ertesi hem 4–5 adam gelip, öýümizi dökdi. Olar arap harpynda ýazylan kitap gözlediler. Ýene tapman gitdiler.

Aradan iki aý geçdi. “Maglumatlar tassyk bolmady” diýen pikire eýerip, ýene kakamy boşatdylar. Şol döwürlerde ejemiň göz ýaşlary hiç kepemezdi. Alty ýaşlyja Döwletmyrat “Eje, kakam nirä gitdi?” – diýip, häli-şindi ejemden soraýardy. Biz welin nämäniň näme ekenligine kän bir düşünip baramyzokdyk. Bir maşgaladaky ýedi janyň hemmesi-de bu bolup duran wakanyň sebäbine anyk göz ýetirip bilmän, ony kim-de bolsa birinden sorap anyklamaga çekinip, gorkup gezerdik. Hawa, gorkulyp ýaşalsa, şondan erbedi bolmaz ekeni.

Eýsem, kakamyň, näme ýazygy bolupdyr? Ol Buharada medresede okapdyr. Ony tamamlap hem oba gelipdir. Heniz öý-işik bolmanka mollaçylyk edipdir. Il-günüň toý-ýasyna, märeke-mediwanlaryna gatnaşypdyr. Elinden gelen hyzmatyny gaýgyrmandyr. Emma käbir mollalar ýaly nebsini şaglatmandyr.

Ýurtda syýasy ýagdaýlar özgerip gidip, baý, işan, molla başgaça garaýyşlar emele gelipdir.

Onsoň kakam-da ol obadan göçüp, häzirki oturan ýerine, ýagny Köneürgenjiň Jigirdekli obasyna hemişelik gelipdir. Ol bu ýerde öňki kärini taşlap, agaç we demir ussaçylygy, jaý salmak, peç gurmak, daýhançylyk kärlerini özüne kesp edinip alypdyr. Aradan iki-üç ýyl geçensoň ol öýlenipdir. Onsoň biz dünýä inipdiris.

Täze durmuş gurmaga ýardam etmek üçin Aşgabatdan iberlen wekil Bolşewik Berdiýewi atýarlar. Bu işde işan-mollalaryň eli bolaýmasyn diýen pikir bilen obany agdar-düňder edýärler. Kim bir arap harpyndan baş çykarýan bolsa, nahardan soň ýa märekede iki elini göterip töwwir galdyrýan bolsa, olary ätiýaçlyk üçin gabaga alypdyrlar. Şonda kimdir biri meniň kakamyň-da adyny beren bolmaly.

Kakam soň hem kyrk ýyllap mugallymçylyk etdi. Özem taryhdan okatdy. Ol Watanymyzyň taryhyny iň gadymy döwürlerden başlap, tä şu gününe çenli bäş barmagy ýaly bilýärdi. Özem türkmen, özbek, arap we rus dillerindäki kitaplary okardy. Her gün keminden iki sagat kitap okamasa, özüni oňaýsyz, bir ýetmezi bar ýaly duýýardy. Kitap onuň üçin lezzet berýän, kalbyna nur çaýýan, täsin bir zatdy.

Mundan VII–VIII asyr öň mongol goşunlary tarapyndan Buharanyň, Samarkandyň, Hywanyň, Köneürgenjiň we Merwiň (Marynyň) kitaphanalarynyň oda ýandyrylyşy, küle öwrülip, onuň asmana sowrulyşy barada gürrüň bereninde biz

gynaňjymyzy daşymyza çykarman durup bilmezdik. Dürli döwürlerde-de aň-bilimiň duşmanlary, halky garaňkyda saklamak isleýänler kitaba hüjüm edip gelipdirler. Emma kitap ýaşamagyny bes etmedi. Gaýtam, kitap bazarlary barha köpeldi. Şeýle bazarlardan biri-de Buhara şäherindäki kitap bazary bolmaly. Onda kitap göçürijiler arap ýazuwyndaky taýýarlan öz önümlerini satýarlar. Dogry, olaryň bahasy şeýle bir gymmat. Elýazma kitaplaryň ýazylyşy, bezelişi we mata bilen sahaplanyşy aklyňy haýran edýär. Kakam her sapar Buhara gideninde 3–4 kitap satyn alyp gelerdi. Olary bize okap berip, mazmunyny düşündirerdi. Biz uly höwes bilen diňlärdik.

Il kakamyň kitaba bolan yhlasyny, bilim baýlygyny göz öňünde tutup, Oňa “Seýtbaý nauk” diýerdi. “Nauk” “Alym” diýilmegini aňladýardy.

Kakam kitaby söýşi ýaly, olary ýazan şahyrdyr ýazyjylary, taryhçylary, alymlary, mahlasy, ylmyň dürli ugurlary boýunça iş salyşýanlary-da gowy görerdi. Her ýylda öýmüze gelip, myhman bolup gidýänler kakam bilen pikir alyşardylar. Dogry, kakam köp ýyl mugallym bolsa-da orden-medal almandy. Onuň beýleki hökümet sylaglary-da ýokdy. Ol şolar ýaly zatlara hantama-da däldi. Şonda-da halk, jemgyýetçilik kakamyň bilimine belent sarpa goýýardy. Bir gezek kakam maňa:

– Oglum, Nursähet! Ine, şu kitaby görýärmiň? Bu Hydyr Derýaýewiň “Ganly penjeden” romany. Roman çykan badyna gadagan edilipdi.

Men birini alyp galypdym. Muny 20 ýyla golaý hiç kime görkezmän gizläp sakladym. Indi awtory aklanyp, türmeden çykyp geleninden soň, muny ýagty jahana çykardym. Gör, aradan telim ýyllar geçse-de, bu täp-täzejedir – diýdi. Soňam: – Kitaby elmydama ýyrtman, eplemän, arassa saklasaň, ol täze çykan ýaly bolup durar – diýdi.

... Redaksiýamyzyň aktiw habarçysy Nursähediň indi özem elliden geçdi. Onuň geçmişi ýatlap beren gyzykly gürrüňlerini diňläp, argynlygym zym uçan ýaly boldy. Men kakasynyň kitap barada aýdanlaryny makulladym-da:

– Şol kitaplar häzirem barmy? Özüň we bala-çagalaryňyz olardan nähili peýdalanýarlar? – diýip soradym.

Nursähet az salym dymdy-da ortadaky desterhany bir gapdalda alyp goýdy. Meni bir otaga alyp baraga-da gürrüňini şol ýerde dowam etdirdi:

– Ynha, şu otag kakamdan bize galan miras, ýagny ýadygärlik. Müňe golaý kitap bar. Kakamyň dogry kesgitleýşi ýaly, hakykatdanam kitap akyl çeşmesi ekeni. Ýöne kitabam edil çaga ýaly. Oňa-da howandarlyk etmeli. Otag zerur ýylylyk bilen üpjün edilmeli. Her gün ýelejiredilmeli. Syçana, mör-möjege... zaýalatmaly däl. Ýöne mende bir "Erbet" häsiýetem bar: Wagtynda gowşurmaýanlygy, erbet saklaýanlygy sebäpli käbir adamlara kitap beremizok. Biz kitaby edil gözüň göreji ýaly aýawly saklaýarys.

Sebäbi kitap mugallymymyz ýaly öwredýär, bizde ýaşaýşa söýgi, geljege bolsa umyt döredýär.

### Soraglar

1. Nursähediň öýüne gelen iki adam kimler ekeni?
2. Näme üçin Nursähediň kakasyny tutup äkidýärler?
3. Seýtbaý aga nähili kärler bilen meşgullanypdyr?
4. Seýtbaý aga we ogly Nursähet kitap barada nämeler diýýär?

***Hüseýin Waiz KAŞIFIÝ***

## SALAMLAŞMAK EDEBI

Salam saglyk manysyny aňladýar.

Eger senden näçe gezek nähili ýagdaýlarda salamlaşmaly diýip sorasalar, ýedi ýagdaýda diýip jogap bergin. Owal-a: ýar-dostlaryňy, aga-inileriňi, garyndaşlaryňy göreniňde salamlaşmaly. Ikinji: Jemaga baranyňda hökman salam bermeli. Üçünji: biriniň öýüne barsaň, hökman salam berip girgin. Dördünji: bir ýerde jem bolup oturan adamlaryň ýanyna barsaň salam bergin. Bäşinji: Şol ýerden gaýtjak çagyň-da salamlaşmagy unutma. Oňa hoşlaşyk (ýagşy, hoş onda) salamy diýilýär. Altynjy mazara, gabrystana barsaň salam ber. Ýedinji: öz öýüňe girende-de maşgala agzalaryňa salam bermegi ýadyňdan çykarma.

Ýaş kiçi ýaşy ula, ýalňyz adam köpçülige salam bermeli.

Salamlaşanyňda özüňi mylaýym alyp barmaly, ýüzüň gülüp durmaly. Üm-yşarat bilen däl-de, gaty sesli salam bermeli.

## Soraglar

1. Salam sözi nähili manyny aňladýar?
2. Nähili ýagdaýlarda salam bermeli?
3. Haýsy ýagdaýlarda salam bermeli däl?
4. Özüňiz ulular we kiçiler bilen nähili salamlaşýarsyňyz?

***MAGTYMGULY***

# ZOR BOLAR

(*Gysgaldylyp alyndy*)

Ýagşylykda ile özün tanadan –
Alkyş alyp, derejesi zor bolar.
Ýaman bolup, ýagşylygy unudan –
Öz yzzatyn gidir, itden hor bolar.

Her kim ýamanlasa deňi-duşuny,
Özi müşgül[1] eder asan[2] işini,
Kim dargatsa akyl bilen huşuny
Eder işin bilmez, şermysar[3] bolar.

Zehini keç bolar bady ýaňylan,
Biygtyýar bolar goly daňylan,
Göreşde ýykylan, jeňde ýeňilen
Içi doly namys bile ar bolar.

---

[1] *Müşgül* – kyn.
[2] *Asan* – ýeňil.
[3] *Şermysar* – masgara.



http://eduportal.uz

Öňde-yzda görseň her kes gulamyn.
Ondan aýamagyn taňry salamyn.
Kim okyp unutsa hakyň kelamyň.
Kyýamat gün iki gözi kör bolar.

Haly müşgül bolar köýüp-ýananyň.
Imany şikest tapar haram iýeniň,
Kastdan roza, namazyny goýanyň,
Özi käpir[1], biliň jaýy dar bolar.

Magtymguly, sözle her ne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň.
Taraşlap, şaglatgyl köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar!

### Sorag we ýumuşlar

1. Şahyr halka hyzmat etmek barada nähili pikirleri öňe sürýär?
2. Dini däp-dessurlar barada şahyr näme diýýär?
3. Kesekiniň hakyny iýmeklige goşguda nähili baha berilýär?
4. Goşgyny labyzly okap, manysyny gürrüň edip beriň.

***Allaberen KADYROW***

## PERZENT AWUSY

Öň zamanlarda dört dogan bar ekeni. Iň ulusyna Soltanmyrat, ondan kiçisine Ýakup, ondanam kiçisine Ýusup, iň körpejesine bolsa Emin

---

[1] *Käpir* – dinsiz, dini başga.



http://eduportal.uz

diýer ekenler. Bir gezek bular uzak bir ýerden orun alyp, daýhançylyk edermen bolupdyrlar. Bahar aýy ol taýa pilli, demir ýabaly we kätmenli barypdyrlar. Görseler, bulara berlen ýer adam boýy syrkyn, selme, ýylgyn we akbaşdan doly ekeni.

Doganlar agzybirleşip ýylgynlary çapyp alyp, ekiljek ýeriň bir gyrasyna ýygnap basypdyrlar. Bular bir gün işläpdirler, iki gün işläpdirler. Emma meýdanyň çöpi tükener ýaly däl ekeni. Işiň köplügi, wagtyň-da tizleşmegi talap etmegi oglanlary aljyradypdyr. Muny duýup duran Soltanmyrat inilerine ýüzlenip:

– Atyzyň çöplerini çapyp, eda edip boljak däl. Bu biz ýaly öň agyr iş görmedigiň ak goýun toýna barar. Şonuň üçin muny otlap goýbereliň. Külüniň topraga zelel beresi ýok. Diňe çöpleri ýok edip bilsek bolany – diýipdir.

Oglanlaryň her biri dumly-duşdan ot goýberipdirler. Çöpler şatyrdap ýanyp ugrapdyr. Onuň tüssesi al asmana galypdyr. Şol aralykda Eminiň bir-iki ädim gapdalyndan üç sany şagal çagasy öz süreninden çykyp, basylan ýylgyn küdä tarap gaçmaga başlapdyr. Şol aralykda Ýakup bilen Ýusup onuň yzyndan ýetip, tutup alypdyrlar. Ele düşen şagal çagalary aýylganç ses edip, gaçmak üçin dyzapdyrlar. Emma bular olary ibermändirler. Muny gören Soltanmyrat ýetip gelip:

– Bulary derrew öldüreliň. Ulalsa obany towukdan çykarar – diýip, pilini alyp urjak bolup-

dyr. Şol wagt Ýakup, Ýusup we Emin dagylar ýerli-ýerden gygyryşyp:

– Bu şagal çagajyklary owadanja, enaýyja ekeni. Aga, degmäli! Çörek berip, garnyny doýraly. Onsoň ibereli. Islän ýerine gitsin. Şu ýakyn ýerlerde munuň enesi-de bardyr. Oda ýanyp öläýen däldir-diýip, ýalbaryp ugrapdyrlar, şagal çagajyklaryny sypalap, gujagyna gysypdyrlar. Soltanmyrat gaharyna şagal çagalaryny inileriniň elinden gaňryp diýen ýaly alypdyr-da pil bilen ura-ura öldüripdir. Neresse şagal çagajyklarynyň ölümine inileri örän gynanypdyrlar. Emma alaç edip bilmändirler.

Aradan telim gün geçipdir. Doganlar ekin ekipdirler. Öýden ara uzak bolany üçin bular otag döwründe şol ýerde gijesine ýatmaly bolupdyrlar. Bir gezek Emin bilen Ýusup ýatypdyr. Ertesi turup düşegiň töweregine seretseler, bir şagalyň aýak yzyny görüpdirler. Geň-taň galaýmaly. Şagal oglanlaryň baş tarapynda köp yz edipdir. Mahlasy, şol ýerde köp oturan bolmaga çemeli. Emma, näme üçindir wagşy haýwan hiç zada – hatda getirilen çörege-de, näz-nygmatlara-da meýil etmändir.

Soň bir gün Soltanmyrat bilen Ýakup şol ýerde ýatypdyrlar. Günuzyn hars urup işlänsoňlar, bular derrew uka gidipdirler. Ýarygije boluberenin-de Soltanmyrat demini alyp bilmän howpurgap oýanypdyr. Görse, ene şagal onuň Bokurdagyndan dişini ötürip, gandaryndan ar almakçy bolup

duran ekeni Soltanmyrat hasyr-husur elleri bilen şagaly bogupdyr. Emma ol şonda-da aýrylmandyr. Iki arada söweş başlanypdyr. Soltanmyrat elinde baryny edip, şagaly özünden daşlaşdyrmak isläpdir. Şagal hem öz duşmanyny ýeňmän, aýrylaýjaga meňzemändir. Bu galmagala Ýakup oýanypdyr. Ol örän kynlyk bilen şagaly agasynyň bokurdagyndan aýrypdyr. Soltanmyrat turagada salymyny bermän, ol şagaly öldüripdir. Ol şagalyň mundan üç aý öňki öldürilen şagal çagalarynyň enesidigini olar güman edipdirler. Sebäbi şu mahala çenli Soltanmuratdan beýleki inileri şu ýere gelip, ýeke bolubam ýatyp gider ekenler. Çak edilişine görä ene şagal örän akylly bolmaly. Ol “Men nähak gana galaýmaýyn” diýen ýaly diňe öz gandaryndan başga kişä ýakynlaşmandyr.

Şeýdip, ene şagal perzentleriniň aryny aljak bolup telim ýola synanşypdyr. Ahyrda-da çagajyklarynyň hatyrasyna özüni gurban edipdir. Perzent awusy ýaman ahyry.

## Sorag we ýumuşlar

1. Doganlar bahar aýy näme edýärler?
2. Soltanmyradyň hereketlerine nähili garaýarsyňyz?
3. Näme üçin ene şagal beýleki üç dogana topulmaýar?
4. Perzent, çaga hakda bilýän nakyllaryňyzy ýazyp geliň.
5. Teksti ýatdan gürrüň edip beriň.

http://eduportal.uz

*Şerip GURBANOW*

## ORAK

Perman mekdepden gelýärkä ýoldan bir orak tapyp aldy. Ol täzedi. Ol töweregine bir seredip, derrew oragy bukjasyna saldy. Öýüne gelip hem şol oragy malýatakda gizläp goýdy. Soň Perman günortanlyk edinmäge oturdy.

Aradan bäş gün ötdi. Atasy Sazak şol oragy tapyp alyp, ony maşgala agzalaryna görkezdi. Permanyň ejesi Töbe oragy eline aldy, eýlesine – beýlesine seredişdirdi. Soňra hem:

– Bizde beýle orak ýok. Bu, megerem, goňşymyz Baýyr agalaryňky bolmaly. Ogly Begmyrat gowaçadan ot orup alyp gelýärkä ýolda oragyny gaçyrandygyny, tapmandygyny bir gürrüň edipdi. Ýöne bu biziň öýe nähili düşüp ýörkä? Haýsyňyz ogurlap getirdiňiz? – diýip, çagalary Allaşyň, Arzygülüň, Şiriniň, Iljanyň, Permanyň ýüzlerine garap durdy. Perman welin özüni asuda alyp baryp bilenokdy. Muny Töbe-de, Sazagam duýdy. Soň çagalaram Permana ýiti-ýiti seretdiler. Ejesi mylaýymlyk bilen:

– Perman jan, bu seniň işiň bolaýmasyn. Saňa käýejek däl. Ýöne etmişiňi boýnuňa al! – diýdi.

Ýüzi gyp-gyzyl bolan Perman dogrusyny aýtdy.

Sazak şeýle diýdi:

– Tapyp alanyň gowy. Bolmasa başga biri äkidip galardy. Ýöne derrew öýdäkilere aýtmaly ekeniň. Bize diňe öz halal zadymyz gerek. Oragy eýesine gowşur!

Orak Begmyradyňky ekeni. Ol Permana käýemän, gaýtam oňa sag bol aýtdy.

### Sorag we ýumuşlar

1. Perman gelýärkä näme tapýar?
2. Gizlenen oragy kim tapyp getirýär?
3. Sazak çagalaryna nähili öwüt berdi?
4. Näme üçin Begmyrat Permana käýemedi?
5. Halallyk we dogruçyllyk barada bilýänleriňiz bilen gürrüň edip beriň.

## HADYSLARDAN NUSGALAR

Gurhany Kerim – belent we nogsanlardan (kemçiliklerden) päk bolan Allanyň kitabydyr. Adamlary tümlükden (garaňkylykdan) nura (ýagtylyga) çykarmak üçin Alla pygamberimiz Muhammet Aleýhissalama (oňa Allanyň salamy bolsun)şu Gurhany nazyl (peşgeş) etdi.

Hadys bolsa Gurhandan soňky hasaplanýan ikinji mukaddes eser bolup, pygamberimiziň durmuşyny we dini-ahlak görkezmelerini öz içine alýar. Pygamberimiz bir söz diýen bolsa ýa-da bir iş edip görkezen bolsa, ýa bolmasa başgalaryň eden käbir işlerini görüp, ony gadagan etmedik bolsalar, şu üç ýagdaýyň her

biri “Sünnet” hasaplanýar. Ana, şolar ýaly zatlar – hereketler ýa-da görkezmeler hakyndaky rowaýat “hadys” diýlip aýdylýar.

* * *

“Ylym öwrenmek her bir mömin üçin parzdyr. Ylym talyby üçin bar zat, hatda deňizdäki balyklar hem günäsiniň geçilmegini sorap Alla ýüzlenýär”.

“Ylmyň apaty – ony ýatdan çykarmaklyk we ylma gurbaty bolmadyk adamlara öwredip, ony zaýalamakdyr”.

* * *

“Taňry sahydyr, sahylary dost tutýar. Häsiýeti belent kişileri gowy görüp, ahlaksyzlary ýakdyrmaýar”.

“Ygrarsyzlyk belgisi üçdür: ýalan sözlemek, wadada durmazlyk we amanada hyýanat etmek”.

“Üç hili ybadat bar: biri Hudaýdan bir zat sorap sygynmak, ikinjisi – Hudaýa söýgi mähri bilen sygynmak. Eger eliňizden gelse, Hudaýa söýgi mähri bilen sygynyň”.

“Işi pugta we gelşikli ýerine ýetirýän adamy Taňry dost tutýar”.

“Haýsy bir kimsä Alla ýagşylygy rowa görse, oňa fikh[1] ylmyna höwes döredýär we ony dogry ýola ylhamlandyrýar”.

---

[1] *Fikh* – yslam hukuk öwreniş ylmy.

“Gybat etmäň, kemsidip sözlemäň, birini ýaman atly edip goýmaň, kesekiniň yzyndan aýp gepler ýaýradyp, melamata galmaň. Gybatkeşlik – kişi öz doganynyň etini özi iýeni bilen barabardyr”.

Sahabalardan[1] ibni Masud şeýle rowaýat edipdirler:

“Eý, Rasululla, amallaryň iň ýagşysy haýsy?” diýip, pygamberimizden soradym. Resululla: “Öz wagtynda okalan namaz” diýdiler. “Ýene haýsy amal diýdim”.

“Ata-eneleriňize ýagşylyk etmek” diýdiler. Soňra Resululla dymdylar, eger ýene sorasam, ýene jogap bererdiler.

* * *

Şyh Abdulhalyk Gijduwany ogluna nesihat berip aýtdy:

– Eziz oglum, ýamanlar bilen söhbetdeş bolma, olardan arslandan gaçylyşy ýaly gaç, hemmä rehim we şafkat(mähir) gözi bilen gara, nebsiňi ýyg, howaýy höwese berilme. Tamadan uzaklaş, açgözlülikden, bahylçylykdan, orunsyz gülkülerden, masgarabazlykdan heder et. Açyk ýüzli, şirin sözli, hoşroý bol. Alym-fazyl-edep-ahlak, terbiýe eýeleri bilen söhbetleş, olaryň söhbetlerinden lezzet al.

---

[1] *Sahabalar* – Resululla zamanasynda ýaşan, mydama olaryň ýanlarynda bolan dostlary.

## Sorag we ýumuşlar

1. Gurhany Kerim nähili kitap? Ol kimlere we näme üçin niýetlenilen?
2. Haýsy amallar sünnet amaly hasaplanylýar?
3. Hadys näme? Hadyslary ýat tutjak boluň we elmydama Resulullanyň nesihatlaryna amal edip geziň.
4. Şyh Abdulhalyk Gijduwany ogullaryna nähili nesihat berýän ekeni?

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Ynsan edebi nämeden başlanýan eken?
2. Siz ýanyňyzdakylar bilen nähili salamlaşýarsyňyz? Özüňizden ulular bilen-nä?
3. Ýagşy adamlar özlerinden nähili at galdyrýarlar?
4. Bölümdäki goşgular we hekaýalar esasynda “Ruhyýet – kalbymyň nury” diýen temadan düzme ýazyň.

***Hamytjan HAMYDOW***

# PÄLWAN HEM ŞAHYR

Mahmudyň Delä sapary hindi halkynyň milli baýramyna gabat gelipdi. Adatça, şeýle pursatlarda halk seýilleri, her hili tomaşalar, ýaryşlar guralardy. Mahmudyň şäher çetindäki saraýlardan birine düşenini eşiden soltan ony ertir boljak göreşe gatnaşdyrmak we ýaş saraý pälwany bilen göreşmegi towakga edip adam iberipdi. Mahmut ýaş batyryň yzzat-hormatyna şikest ýetirmegi özi üçin uslyp bilmän, bu haýyşy ret edipdi. Öz haýyşynyň kanagatlan-

dyrylmadygyny eşiden soltan gazap atyna münüpdi. Çaparlar bu habary Mahmuda ýetirip, göreşe gatnaşmagy ýalbaryp haýyş etdiler. Onsoň ol razylyk berdi.

Adatça şular ýaly ýaryşlara gatnaşmazdan öň Mahmut beýik kişileriň jaýlanan ýerlerine zyýarata barar ekeni. Şol gije hem şäherdäki gabrystana zyýarat edip ýörse, bir aýal äriniň gabryny gujaklap: “Eý, hudaý, iki balam bilen ärimi aldyň. Ertirki gün meýdanda ýalňyz oglumyň goluny belent etgin” diýip, nalaýan ekeni. Mahmut bu aýallyň soltan saraýyndaky pälwanyň enesi ekenligini aňypdyr.

Ertesi gün göreş meýdanynda Mahmut özüni ejiz we emelsiz ýaly edip görkezipdir. Ýaş pälwan iki-üç gezekden soň Mahmudy içinden çylyp göterip urupdyr. Soltan bu ýeňşe begenip uly zyýapat beripdir. Dabaralardan soň häkimiň başlyklyk etmeginde erkana döwlet: ähli hyzmatkärler, myhmanlar pillere münüp tokaýa-awa çykypdyrlar. Jeňňellik ýerlerden gidip barýarkalar birdenkä soltanyň köşgi ornaşdyrylan pil batga batyp galypdyr. Ol köp urunypdyr. Emma pili laýdan çykaryp bilmändirler. Şonda Mahmut hyzmatkärlerine piliň öň aýaklarynyň arasyny köwläp boşatmagy teklip edipdirler.

Ol teklip ýerine ýetirilipdir. Boş ýere ullakan bir agaç töňňesini taşlapdyrlar. Mahmut ana şol töňňäniň üstüne münüp, piliň aýaklarynyň arasyna omzuny goýup, bir zor bilen iki aýagyny



http://eduportal.uz

batgadan çykarypdyr. Pil özüni raslap, heläkçilikden gutulypdyr.

Hemmeler myhmanyň gudratyna haýran galypdyrlar.

Awdan soň ýene zyýapat başlanypdyr. Gürrüňiň arasynda soltan Mahmutdan:

– Düýn meýdandaky ejizlemegiňiz bilen bu günki edermenligiňize nähili düşünse bolar? – diýip sorapdyr.

– Eý, ýokary mertebeli soltan! Bu ýigit bir dul enäniň ýalňyz perzendi. Gelejegi parlak pälwan, ýöne heniz tejribesiz. Men onuň bilen göreşip, maýyp edip, ömrüne zeper ýetirmegi halamadym. Emma siz gazaplananyňyzdan soň göreş tutmaga razyçylyk beripdim – diýip, ol jogap beripdir.

Soltan:

– Diläň, dilegiňizi, onda-da näme islegiňiz bar bolsa hökman ýerine ýetireýin – diýipdir.

Mahmut şeýle diýipdir:

– Maňa hiç zat gerek däl. Siziň zyndanlaryňyzda 200-den artyk ýurtdaşlarym ýesirlikde saklanýar. Şolary azat edäýseňiz, watanyma özüm bilen alyp gidäýsem, maňa bes.

Soltan batyra at-ulag, serpaýlar beripdir we ýesirleri jebirden dyndarypdyr, Mahmut ildeşleri bilen Horezme garap ýola düşüpdir.

Meşhur filosof alym, ynsanperwer şahyr pälwan Mahmut Purýorwaliý 1247-nji ýylda Hywanyň golaýyndaky possun tikýän maşgalada eneden



http://eduportal.uz

doglan. Ol Köneürgenç we Hywa medreselerinde okap, bilim aldy, dürli ylymlary eýeläp almak bilen birlikde bedenterbiýe bilen yzygider meşgullandy. Milli göreş kadalaryny öwrendi. Ýigitlik çaglaryndan başlap, arkasy ýere degmedik batyr, näzik duýguly şahyr hökmünde şöhrat gazandy. Ol Gündogaryň ähli ýurtlarynda diýen ýaly bolup, ýaryşlara gatnaşdy, ähli saparlary şowly geçdi, özüne berlen sylag-serpaýlary, baýraklary, zatlary dul-biçärelere bölüşdirip berip, özi kesbi-possun tikmek bilen gün geçiripdir. Pälwan Mahmut 1325-nji ýylda dogduk mekanynda aradan çykypdyr.

Dost-ýarlary onuň gabrynyň üstüne üýtgeşik edip gümmez saldyrýarlar. Häzir bu mawzoleý halk senetçilik sungatynyň ajaýyp ýadygärligi hökmünde döwlet tarapyndan goralyp saklanýar.

### Soraglar

1. Mahmut göreş tutmazyndan öň nirä zyýarata bar ýar? Ol gabrystanda kimi görýär?
2. Göreşde Mahmut näme üçin ýaş batyrdan ýeňildi?
3. Soltandan pälwan Mahmut nämäni haýyş etdi?
4. Pälwan Mahmudyň mawzoleýi nirede ýerleşen? Siz ony zyýarat edipmidiňiz?

## PÄLWAN MAHMUDYŇ HIKMETLERINDEN

Gorkaklardan heý bir çykypmydy mert?

Haýyrsyz adamdan lolynyň iti ýagşy.

Namart it ýalydyr, mert bir derýa,
Derýa it deminden hapa bolmaz.

Ýaman bilen ülpet bolma, ýör ýyrak,
Ýolňa däne seçip, gurar ol duzak.

### Sorag we ýumuşlar

1. Hikmetleriň manysyny gürrüň beriň we olary ýatlaň.
2. Şahyr gorkaklar hakynda näme diýýär? Mertler hakynda-nä?
3. Mertlik we gorkaklyk hakyndaky nakyllardan tapyp, depderiňize ýazyň.

***MAGTYMGULY***

## GAÇA BAŞLADY

Indi bildim zamananyň azanyn,
Ýamanlar ýagşydan gaça başlady,
Gaýta bedasyllar asylzadadan
Pisint etmeý, töre geçe başlady.

Ryýa boldy köpüň okan namazy,
Taňry hiç birinden bolmady razy
Pygamber ornunda oturan kazy
Para üçin elin aça başlady.

Şalarda galmady hökmi-adalat,
Bir pul üçin müfti berer rowaýat,
Bil: bu işler – nyşanydyr-kyýamat,
Zalymlar bitoba öte başlady.



http://eduportal.uz

Pakyrlar horlanyp, ýüzün sarardyp,
Kim töresin tapyp, reňňin gyzardyp,
Zalymlar mazluma syrtyn gabardyp,
Gamçysyndan ganlar saça başlady.

Alymlar sözüne amal bolmady,
Mynafyklar ýaradany bilmedi,
Sopular pirinden taglym almady,
Dünýä üçin dinden geçe başlady.

Bir para sopular “sopy men” diýer,
Soramaz, zalymlar tagamyn iýer,
“Bizi ýagşy kişi diýsinler” diýer,
Her işikde halka gura başlady.

Garryga aýlandy biz gören ýaşlar,
Aýaga dolandy biz gören başlar,
Bimahal ýük baglap indi argyşlar,
Ahyret kastyna göçe başlady.

Akyl bolan gamda ýüregin ezip,
Derdiniň dermanyn soraglap gezip,
Zamananyň pisat bolanyn syzyp,
Panydan bakyýa geçe başlady.

Asylsyz begleriň nobaty ýetdi,
Gaýta şugul-haramyga söz ýetdi,
Dünýäde kim galyp, myrada ýetdi?
Muhabbet çyragy öçe başlady.

Kazy bolan bir jowapda durmady,
Gije mähnet tartyp, kitap görmedi,



http://eduportal.uz

Şerigat ugrunda dogry ýörmedi,
Nebs üçin imansyz öte başlady.

Magtymguly aýdar, barha ýol tany,
Bäş gün synamaga iberdi seni,
Senden ozal öten jananlar kany?
Her kim nobatynda öte başlady.

## Sorag we ýumuşlar

1. Şahyryň ýaşan döwri nähili eken?
2. Il-günüň aladasyny etmeli adamlar özlerini nähili alyp barypdyrlar?
3. Hakykatda kazylar nähili bolmaly?
4. Häzirki wagtda puhara azar berene nähili çäre görülýär?
5. “Garaşsyzlyk halka nämeler berdi?” diýen temadan meýilnama düzüň. Onda şahyryň goşgusynyň mazmunyndan, gazet-žurnallaryň we radio-telewideniýäniň materiallaryndan peýdalanyp bilersiňiz.

http://eduportal.uz

# HÜNÄR-HÜNÄRDEN RYZKYŇ ÖNER

## MATALLAR

Gök köýnege goza (pagta) ýaýdym.



Bir bölek petir,
Äleme ýeter.



“Gel” diýsem gelmeýär,
“Gelme” diýsem gelýär.



Bir atym bar ajapgyna,
Guýrugy bar gaýçy ýaly.
Häli gelse görersiňiz.
Güle-güle ölersiňiz.



Özi birdir,
Gulagy dörtdür.
Gatlak-gatlak gatlama,
Gatlamadan artlama.




Gat-gat donly,
Garyş boýly.



Guş däldir, ganaty bar.
Owadanja durky bar.
Uçsa laçyn ýetip bilmez,
Ýadamaz, zor kuwwaty bar.



### Sorag we ýumuşlar

1. Matallaryň jogabyny tapyň.

http://eduportal.uz

2. Olaryň daş görnüşlerine, belgilerine garap, nähili tapandygyňyzy gürrüň edip beriň.
3. Bulardan başga-da ýene nähili matallary bilýärsiňiz?

***Berdi KERBABAÝEW***

## KIM BILMEŞEK

– Sim içinden sessiz uçar,
Her bir öýe girip geçer.
Garaňkyny ýagtyldyp ol
Gymmat baha nurun seçer.
– Ol nämekä? Ol nämekä?
Kim bilmeşek? Kim bilmeşek?

– Endam-jany polatdan,
Edermen ol kän atdan.
Yzyndaky dişleri
Ýeri ýumşadýar etden.
– Ol nämekä? Ol nämekä?
Kim bilmeşek? Kim bilmeşek?

– Al asmana ulaşýar,
Bulutlara garyşýar.
Garnynda ýük göterip
Dagdan, deňizden aşýar.
– Ol nämekä? Ol nämekä?
Kim bilmeşek? Kim bilmişek?

– Gül şiresin daşarlar,
Öýlerine üýşerler.
Dynman süýji öndürip,



http://eduportal.uz

Güňleç güjjüldeşerler.
– Ol nämekä? Ol nämekä?
Kim bilmeşek? Kim bilmeşek?

## Sorag we ýumuşlar

1. Tapmaçalaryň jogabyny ýoldaşlaryňyz bilen oýlanşyp tapyň.
2. Olary tapmaga size näme kömek etdi?
3. Bulardan başga nähili tapmaçalary bilýärsiňiz?

***Hojageldi NURMYRADOW***

## TAPMAÇALAR

1. Ak kagyzyň üstünde,
Emr edip islän zada.
Hem janyn edip pida,
Hökmün ýöredip biler.

(*galam*)

2. Bulut gelip, dür seçer,
Gün ýylgyryp, nur saçar.
Ýer mahmala bürenip
Dürli gülden don biçer.

(*bahar*)

3. Bar haýwandan boýny uzyn,
Ýaprak çirter gyşyn-ýazyn.
Afrikadan bäri gelmez.
Biziň çölde ýaşap bilmez.

(*žiraf*)



http://eduportal.uz

4. Polatdandyr ýollary,
Söker gider çölleri.
Ýel ýaly bady bardyr.
Dört harpdan ady bardyr.

(*otly*)

## Soraglar

1. Birinji tapmaçada haýsy ýazuw esbaby barada gürrüň edilýär? Siz şol zadyň haýsy alamatlaryna üns berdiňiz? Beýlekilerinde nähili alamatlar bar?

2. Janly-jandarlar, haýwanlar hakynda ýene nähili tap-maçalary bilýärsiňiz? Ösümlikler, geýim-gejimler, şaý-sepler hakynda-nä?

# NAKYLLAR

*Ene ýurduň – altyn sallançagyň.*

Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar,
Ýurdundan aýrylan ölünçä aglar.

Müsürde şa bolandan,
Öz ýurduňda geda bol!

*Iliňden aýrylynçaň, janyňdan aýryl!*

Il başyna düşen iş –
Är başyna düşdügi.
Halka söýenseň, bolarsyň,
Halkdan çyksaň, solarsyň.



http://eduportal.uz

*Zähmet – bagt getirer*

Altyn otda,
Adam zähmetde synalar.
Ýaltaçylyk-başa bela getirer.
Dere batan, rahata batar.

*Edebiň – bezeg-zynatyň*

Sadalyk – ynsan bezegi.
Kalby pägiň, ýüzi ýagty.
Az bolsun, uz bolsun.
Hormat eden, sylag görer.
Edep bazarda satylmaz.
Özi ýüzsüziň sözi duzsuz.

*Alym bolsaň, älem seniňki*

Ylym – akyl çyrasy.
Bilegi zor birini ýykar,
Bilimi zor müňüni ýykar.
Bilimden artyk baýlyk ýok.
Ylmy ýoguň gözi ýumuk.
Gün şöhlesi bilen eziz,
Adam – bilimi bilen.

*Göwün göwünden suw içer*

Dostsuz başym – duzsuz aşym.

Gün – howany ýyladar,
Dostluk – ýüregi.



http://eduportal.uz

Ýalňyz atyň çaňy çykmaz,
Çaňy çyksa-da daňky (şöhraty) çykmaz.

Agzybirlik – döwlet (baýlyk),
Ýalňyzlyk – külpet (görgi).
Dost sözüni taşlama,
Taşlap başyn kaşlama!

### *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Sanawaçlarda çagalaryň bilesigelijiligini ýüze çykarmak, oý-pikirini ösdürmek üçin nähili usullardan peýdalanylypdyr? Häzirki döwürde sanawaçlar, aýdymlar kimler tarapyndan döredilýär? Öz bilýän sanawaçlaryňyzy, aýdymlaryňyzy ýatdan aýdyp beriň.

2. Siz tapmaçalar arkaly zatlary nädip tanaýarsyňyz? Tapmaça diýen söze nähili düşünýärsiňiz? Öz bilýän tapmaçalaryňyzy aýdyp beriň.

3. Matal bilen tapmaçanyň arasynda nähili tapawut bar? Sen nähili matal bilýärsiň? Ony ýatdan aýdyp ber.

4. Bölümdäki ertekileriň haýsylary göwnüňe ýarady? Özüňiz öň nähili ertekileri okapdyňyz? Multfilm edilip taýýarlanylan haýsy ertekleri bilýärsiňiz?

***Abdylla ÄWLANY***

## SÜLÜK BILEN ÝYLAN

Bir güni bir Ýylan Sülüge sataşdy, onuň bilen şeýle zady soraşdy,

Diýdi:

– Haýran galýan ajap bir zada,
Dälsiň şekiliňde menden ziýada.



Näme üçin seni gowy görýär ynsan.
Meni görse welin bor jany lerzan?
Söýmeýär näme üçin birisi meni.
Sylaýar olaryň her biri seni?
Sen-de sançýarsyň adamy, men-de.
Ne parh bar arada, bilmesem munda?
Sözlerini tamam edende Ýylan
Sülük bir güldi-de sözledi çyndan:

Aýdýanlaryň dogry, barysy-da hak,
Muňa hakykatdan başga çäre ýok.
Tebigatda menem sançýaryn sen dek,
Neşderi urmakda ikimiz bir dek.
Haýsy wagt sançsaň-da sen ynsany,
Şol zaman tamam bolar oň jany.
Men welin sançýaryn ýuwaş hem assa,
Sagalyp gidýändir öteräk hassa.
Maňa bakman saňa bakarmy kişi?
Kim gowy görüpdir zulum, teşwişi?
Elmydam zulumdan gaçýandyr ynsan,
Neşderiň janlary edip ýör hijran.

## Soraglar

1. Ýylan Sülükden näme barada sorady?
2. Olaryň bir-birine meňzeşligi nähili? Parhy barmy?
3. Nähili häsiýetdäki adamlary ýylana meňzedýärler?

***Meretguly GARRYÝEW***

## GYZYL ALMA

Şaly diýdi: – Näme ekjek?
Men: – Gyzyl alma – diýdim.
– Nireden suwa ýakjak?
– Ýanymyz salma – diýdim.

Diýdi: – Ol kök urarmy?
Ösüp hasyl berermi?
Diýdim: – Bu ýaman ýermi?
Bilmedik bolma – diýdim.



http://eduportal.uz

Pasyllar geldi, geçdi,
Gyzyl almam gül açdy.
Bişdi, düýbüne düşdi,
– Golaýna gelme – diýdim.

Ol utandy, ökündi,
Alaýmaga çekindi.
Gürläbilmän sakyndy,
Beýle kiçelme! – diýdim.

Gynanýanyn gördüm-de,
Alkymyna bardym-da,
Bir almajyk berdim-de,
– Öýkelän bolma! – diýdim.

### Sorag we ýumuşlar

1. Şaly ýoldaşyna näme diýýär?
2. Ýoldaşy oňa nähili jogap berdi?
3. Miwe kemala gelensoň şalynyň ýoldaşy nähili ýagdaýa düşdi?
4. "Şaly we ýoldaşy" diýen temadan beýannama ýazyň.

***Mähriban KABULOWA***

## ALTY GYZ

(*Halk aýdymynyň äheňinde*)

Biz bir bahar-ýazdyk biz,
Jemi alty gyzdyk biz.
Kiçi ýaşlymyz ula,
"Sen" diýmedik, diýdik "siz".



http://eduportal.uz

Biz bir bahar-ýazdyk biz,
Jemi alty gyzdyk biz.
Bir sadabmyz üzülse,
Bileleşip dakdyk biz.

Biz bir bahar-ýazdyk biz,
Jemi alty gyzdyk biz.
Ýalňyşaýsak birimiz,
Bäş bolup düzetdik biz.

Biz bir bahar-ýazdyk biz.
Jemi alty gyzdyk biz.
Ata-ene, il-günüň
Ynamyna girdik biz.

Biz bir bahar-ýazdyk biz,
Jemi alty gyzdyk biz.
Her gün gowy iş edip,
Alkyş alyp ösdük biz.

## Soraglar

1. Goşguda doganlyk, agzybirlikli iş barada nämeler diyilýär?
2. Öňki okan goşgularyňyza garanyňda bu goşgy nähili tapawuda eýe?
3. Sen öz boýdaşlaryň bilen nähili gatnaşyk edýärsiň?

http://eduportal.uz

# KÜMÜŞ GYŞ

*Kaýum TAŇRYGULYÝEW*

## GAR ÝAGANDA

Sowujak ýel öwüsýär,
Indi gyşyň geldigi.
Gökden ak gar towusýar,
Agtaryber elligi.

Telpejigi tapdyryp,
Ýeňil köwşi goýduryar.
Aladaly gyş bize,
Ýyly geýim geýdirýär.

Gowy görüp ak gary,
Köçä tarap eňýäris.
Ýyljak gary togalap,
Dostlarmyza zyňýarys.

Akja gary üýşürip,
Adam ýasap oýnaýas.
Okamagy halaýas,
Ýadamagy duýmaýas.

Bize aýaz kär etmez,
Ýagybersin başarsa.
Oýnaýarys şatlanyp,
Dostlar bilen daşarda.



## Sorag we ýumuşlar

1. Goşguda garyň ýagyşy nähili suratlandyrylýar? Onuň çagalaryň daşky geýim-gejimine edýän täsiri mysallar arkaly gürrüň edip beriň.

2. Şahyr:

Akja gary üýşürip,
Adam ýasap oýnaýas.
Okamagy halaýas,
Ýadamagy duýmaýas.

diýmek bilen agzybirlik, zähmet barada nähili pikirleri öňe sürýär?

3. Goşgyny ýatlaň.

***Umyt SETDAROW***

# GOJA BILEN GARGA

Durdy baba ýedi aýdan bäri ýeke ýaşaýardy. Onuň ýalňyz gyzy şäherde ýaşaýan bir mugallyma durmuşa çykypdy. Aýaly-da ýazda durmuşdan göz ýumupdy. Goja içi gysanda öýüniň gaýrasyndaky baga çykardy.

Häzir aýny gyş çillesi. Ir bilen ýagyp başlan gardan ýaňa hemme ýer ak ýorgana bürendi. Durdy baba hemişeki adaty boýunça hasasyna söýenip, bagyň ortasyndaky agaç kätde baryp oturdy, agaç şahalaryndaky guşlaryň sesine diň saldy. Çyrmaşyp giden bägülüň aňry tarapyndaky ýodajykda gargalaryň gagyldap durşy, onuň ünsüni özüne çekdi. Goja şol taýa tarap ýöredi.

Guşlar gagyldaşyp, asmana göterildiler. Diňe bir garga ganatlaryny ýaýyp, garyň üstünde

ýatyrdy. Durdy baba ony hasasynyň ujy bilen assa dürtdi: ol diri, emma gymyldanok. Goja ony usul bilen eline aldy.

Soň: “Janawer-eý, sowuk ötdümi? Seni sowuga çydamly guş diýip, kim aýdar? Ýa maňa meňzäp, garrap galdyňmy?

Ä-ha! Ganatyňa şikest ýeten ekeni-dä!” diýdi.

... Ine, bagdan tapylyp alnan garga iki aýdan bäri Durdy baba bilen bile. Goja oňa “Gargül” diýip at goýdy. Olar bir-birlerine öwrenişdiler. Gargül ilkiler Durdy babanyň dokan sebedinde ýaşady. Indi welin ol erkin. Goja nirä ugur etse, olam şol taýa ýöreýär. Hatda kä wagt babanyň bükülip galan ýagyrnysynyň üstüne gonup gerdelip durardy.

Durdy baba özüne bir dertdeş tapan ýaly bolup ýüregindäkini Gargüle beýan ederdi, garga ony makullap, “gak, gak!” ederdi.

Bahar geldi, tebigat oýanyp başlady. Durdy baba bolsa nähoşlap ýatyp galdy. Onuň öýüniň adamsyz wagty ýokdy. Bu gün bir garyndaşy gelse, ertesi başgasy görnerdi. Olar gojanyň razylyk bermegi bilen gargany baga eltip goýberdiler. Biçäre guş ilkinji iki güne çenli gapynyň agzyndaky erik agajynyň şahasyndan aňry gitmedi. Goja görünmäninden soň, ol haýsydyr bir ýana gaýyp boldy.

Nowruzdan bir hepde öňinçä Durdy baba amanadyny tabşyrdy. Ony yzzat-hormat bilen ýerlediler. Geň galaýmaly. Şol güni Ýeketal

gabrystanyny garga basyp gitdi. Olar ýer-göge sygar ýaly däldiler.

Goja ýerlenen gününiň ertesi daň bilen garyndaşlaryndan 3–4-si däbe eýerip, Durdy babanyň üstüne zyýarata barypdyrlar. Olar haýran galyp, ýakasyny tutupdyrlar. Gabryň üstünde gojany gujaklaýan dek ganatlaryny ýaýyp, Gargül ölüp ýatyrdy.

### Sorag we ýumuşlar

1. Durdy baba garga bilen nähili dostlaşdy?
2. Goja garga nähili at goýdy?
3. Hekaýanyň mazmunyna esaslanyp, "Dostluk" diýen temadan düzme ýazyň.

***Köpeý ARTYKOW***

## JERENIŇ KEPDERISI

Ýary gijeden soň maýdalap ýagyp başlan gar ertesi günortan dyndy. Gar bar ýere ak ýorganyny ýapdy, ýol-ýoda, yzlar belli bolman galdy.

Atageldi pil-kätmenini alyp, tamyň töwereginiň garyny arassalady, mal ýatagа tarap ýol açdy. Ondan soň ot basylyp goýlan tamyň üstüne çykdy. Iki bag otuň arasynda bir kepderi ýatyr. Ony Atageldi elläp gördi. Emma guş janawer "Uçaýyn" diýmedi. Onsoň ony güpbiniň içine dolap öýüne alyp geldi. Ol gyz jigisine:

– Jigim Jeren! Men saňa üýtgeşik bir sowgat getirdim – diýip, ony doganynyň eline berdi.

Jeren täsin bir tapyndyny alan ýaly boldy. Onýança ejesi gelip, kepderini elläp gördi. Guşuň gözleri ýumukdy. Endamynyň çalaja ýylysy bardy. Jereniň ejesi pişikden howatyr edip, beýleki otagdan Atageldiniň ýasap goýan kapasasyny getirdi. Onsoň içini arassalady. Aşagyna gury esgi ýazdy. Kepderini şoňa saldy. Soňra kapasanyň agzyny gaýym etdi-de bir burçda goýdy.

Jereniň ejesiniň ynamy boýunça kepderi 1–2 sagatda kapasanyň içinde bir özgeriş tapmalydy. Şol döwürde hereket etmese, onuň ölenidi. Gyzy ejesiniň ýüzüne garap:

– Eje, kepderi dirilermikä? Ol gözüni açaýanok! – diýip jedirdedi.

Enesi bolsa:

– Hökman direler, gyzym. Ol sowukda üşäpdir. Ýüregi ýuwaşja gürsüldäp urup dur. Garda iýer-içer ýaly zat tapyp bilmän, ajygyp, halys ysgyndan düşen bolara çemeli-diýip, kepderi barasyndaky çaklamasyny mälim etdi. Jeren begenip:

– Eger direlse şol kepderini maňa ber?! Ony men idedeýin – diýdi.

– Bolýar, gyzym! Şol seniňki bolsun.

Jeren kapasyň daşyndan aýrylmady. Iki gözi guşdady. Guş bolsa bir durkuny üýtgetmän ýatyrdy.

Onýança goňşy obadaky inisiniň öýüne giden Meret aga geldi.

Jeren atasynyň dyzyna mündi-de kepderi dogrusynda gürrüň berdi.



Meret aga kapasany edil öz gapdalyna alyp geldi. Ojaga ýene odun saldyrdy. Jaý öňküsinden ýylady. Soňra Meret aga kepderini kapasadan daşary çykardy. Guş janawer gözüni açanokdy. Ýüregi bolsa birsydyrgyn urup durdy.

Meret aga käsä bir-iki owurt gyzgyn suw guýdy. Içine dary ýaly mumyýany salyp, ony ezdi. Soň birneme sowanyndan soň, ony guşuň çüňküni açyp, oňa içirdi. Bir haýukdan soň kepderi gözüni açdy. Ol soňra guşuň perlerini bir-bir galdyryp, onuň endamyny barlap ugrady.

Şonda guşuň bir aýagyna şikest ýetendigini aňşyrdy. Oňa arassa esgä derman çalyp, daňy

etdi. Mäkäm baglady. Meret aga soňra şeýle diýdi:

– Kepderiniň çep aýagyna az-owlak şikest ýetipdir. Seýiklesek ýagşy bolar. Iýim iýmändir, halys degnasyna degipdir. Bir güne çenli suwuna dary ýaly mumyýa garyp, çüňküni açyp guýmaly. Kapasa salyp, ýyly ýerde saklamaly. Öňüne däne goýmaly. Enşalla, basym ganymatlaşar.

Jeren kapasanyň daşyndady.

Aradan iki gün geçdi. Meret aga oňa birnäçe gezek iýim berip, suw içirdi, aýagyndaky daňyny täzeledi. Kepderi gözüni açyp ýumýardy, dänesini çokup, özi özbaşdak suw içip ugrady. Ony gören Jereniň begenjiniň çägi bolmady. Indi ol Meret aga derek kepderä özi seredýärdi. Bir gün Jeren ejesine:

– Meniň kepderim indi öňküsinden sagaldy. Şeýle dälmi, eje? – diýip, öz begenjini ýüze çykardy.

Ejesi onuň maňlaýyny sypalap:

– Hawa, sagaldy, gyzym. Ol guş indi “Jereniň kepderesi” diýen ada eýe boldy. Seniň yhlasyň ýerine düşdi. Gözläber, gyzym, gözläber! – diýdi.

– Bolýar, eje.

... Kapasanyň ýanyna barýan ýokdy. Her kimiň iş-aladasy özüne ýetikdi. Diňe Jeren iýmsuwuny berişdirerdi. Aşagyndaky esgini alyp, ýerine gury esgi goýardy. Kepderini pişikden gorap saklardy. Kepderi bolsa öz howandaryna gözlerini aýyrman sererdi.

Aradan bir aý ötdi. Meret aga guşuň aýagyndaky daňyny aýyrdy. Kepderi bolsa kapasanyň içinde gezmeleýärdi. Ol Jereniň ýene keýpini göterdi.

Bir güni kepderini kapasandan çykaryp, meýdana iberdiler.

Aradan üç gün geçdi. Meret aga daş çyksa talyň şahasynda oturan kepderini gördi. Ol:

– Jeren, çyk! Kepderiň seniň bilen salamlaşmaga gelipdir – diýip ýylgyrdy.

### Sorag we ýumuşlar

1. Jereniň ejesi kepderi barada nähili pikir etdi?
2. Meret aga talyň şahasynda oturan kepderini görüp, gyzyna näme diýdi?
3. Hekaýanyň mazmunyndan peýdalanyp, "Guşlar biziň dostumyz" diýen temadan düzme ýazyň.

### *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Gyşda tebigatda nähili özgerişler bolup geçýär?
2. Janawerleriň gyşdaky durmuşy dogrusynda nämeler bilýärsiňiz?
3. Bölümdäki haýsy goşgy we hekaýada gyşyň janly keşbi teswirlenen? Şonuň üçin nähili çeperçilik serişdelerinden peýdalanylan? Şolary depderiňize göçürip ýazyň.
4. Gyş pasly hakynda nähili matal we nakyllary bilýärsiňiz?
5. "Çagalaryň gyşky oýunlary" diýen temadan dilden hekaýa aýdyp beriň.



http://eduportal.uz

# WATAN GORAÝJYLARY

*Zikrilla NEMAT*

## WATANYMA GULLUK EDERIN

Ýigitdirin ýokdur armanym,
Öz borjumy gowy bilýärin.
Diri bolsam ene mekanym –
Çemenime gulluk ederin,
Watanyma gulluk ederin!

Temur babam gudraty mende,
Jelaleddin ýuregi mende,
Temur Mälik gaýraty mende,
Ganymlaryň bagryn dilerin!
Watanyma gulluk ederin!

Baky aman bolsun diýp, halkym,
Gije-gündiz ugrunda kalbym,
Şu il – meniň buýsanjym, bagtym,
Men ondan medet alaryn,
Watanyma gulluk ederin!

Şu ýurt baky göwne jaý bolsun,
Asmanlary arassa bolsun,
Bagty üçün jan pida bolsun,
Oňa baky sadyk galaryn,
Watanyma gulluk ederin!

## Sorag we ýumuşlar

1. Goşgyny labyzly okaň.
2. Geçen ata-babalarymyza mynasyp bolmak üçin nahili bolmaly?
3. Watan hakynda haýsy nakyllary bilýärsiňiz?

***Sünnetylla ENARBAÝEW***

# GORKAK

Çagalar Bahrama "Gorkak, gorkak!" diýip azar bererdiler. Dogry, ol gije işige ýeke çykmakdanam gorkardy. Eger garaňky düşensoň ýatakhanadan çykjak bolsa, ýoldaşlarynyň birine "Ýör!" diýip ýalnardy, käte hem ýan-ýoldaşlarynyň ýerinden turmagyna mähetdel, gözüni ýyldyradyp ýatybererdi. Çagalaryň biri oýnap hezil etmek üçin birdenkä "Ana, möjek bar!" diýip, ýatakhana tarap ylgap gaýdardy. Bahram hem olaryň yzy bilen ýüwrerdi.

Diňe krowady ýanma-ýan goýlan Jumanazar başga çagalar ýaly oňa kän bir degmezdi, "Gorkak!" diýbem kemsitmezdi. Emma ol Bahrama gynanan ýaly, rehmi gelen ýaly serederdi. Onuň bu garaýşy başga çagalaryň degişmesindenem beter batardy.

Näme etsin, eýsem Bahram aýplymy? Atasy ýitiren atyny gözläp, dagda garaňkyda ýöreninde, ony aç möjekler iýipdirler.

Şondan ýüregi ýarylara gelen enesi gijesine Bahramy hatda gapa-da ýeke çykarmazdy. Geçen ýyl ferma obasyndaky başlangyç mekdebi tamamlap, oba merkezindäki ýatarlaýyn okalýan mekdebe gatnanynda ejesi "Gijelerine ýalňyz ýörme!" diýip, oňa zynharlap tabşyrypdy. Ine, şonuň üçin şu güne çenli enesiniň gepinden çykman gelýär.

3-nji fermadan gelip, bile ýatyp okaýan çagalar bu gün hiç zat ýok ýerden onuň göwnüne degdiler. "Gorkak" diýip, ony galdyryp gitdiler. Onuň ýeke-täk aýby: "Howa üýtgäp dur. Erte ir bilen gideris-dä" diýeni boldy, bary şol. Hakykatdan-da gün birneme gijigipdi.

Çagalar ýyljyraklap gülüşdiler. Garabaý bolsa gapdalyna gelip:

– Beýdeniňden, garaňka galaryn öýdüp gorkýan diý-de goý-da, Bahram! – diýdi. Başgalaram muny alyp göterdiler, soň welosipedlerine münüp, gidip galdylar. Näynsaplar, hatda yzlaryna bakybam, oňa az salym bolsa-da garaşaýmadylar.

Bahram alaçsyz ýatakhana gaýdyp girdi. Jaý boşap galypdy. Ertesi ýekşenbe – hemme öýli-öýlerine gidip galan. Bahram krowadyna hem golaýlaşman, jaýyň ortasynda haýran galyp, dikelip durdy.

Garabaýyň ajy, kinaýaly sözleri gulagynyň ýanynda ýaňlanyp duran ýaly duýuldy. Birdenkä hem ol:

– Ýalan aýdýaň. Men gorkmaýaryn! – diýip, gygyryp goýberdi.

Soňra howla çykdy. Welosipediň eýerini orta-rak süýşürip, kiçijik körpejäni orap, baglap durka, gözi asmana düşdi. Amyderýa tarapdan gap-gara bulut süýşüp gelýärdi.

Gün batmaga az galypdy. “Ferma haçan ýeterin? Ýa bu ýerde ýatyp, ertir ir bilen gidiber-semmikäm?” diýen pikir Bahramyň kellesinde peýda boldy.

Şu wagt sümmügini tartyp, ýyrşaryp duran çagalar onuň göz öňüne geldi. Olar göýä oňa “Gorkak, gorkak” diýip, masgaralaýan ýaly bolup duýuldy. Onsoň derrew welosipedine münüp, yzy-na seretmän haýdap gitdi.

Ol şo ýörşüne Surhan güzerinden ötüp, gyra göterileninde togtady.

Hol aşakda gurluşyk işleri gyzgyn bat bilen gidip durdy. Adamlar, traktorlar, buldozerler gyr-myldaýardylar. Çaň-tozan. Çagyl-daş, demir-be-ton daşaýan agyr ýük maşynlary bu ýerden garynja ýaly bolup görünýärdi. Sag tarapda dagaralygyndaky nebit guýularynyň wyşkalary gyşyna şaha-ýapraklary ýanyp giden agaçlary ýatladýardy. Uzakda, derýanyň ol kenaryndaky jülgede obanyň merkezi şäherçesi ýerleşýärdi. O ýerde-bu ýerde çyralar ýylpyldaşýardy. Olar gijäniň ýakynlaşyp gelýändigini Bahrama ýat-latdy. Ol ýaşyp barýan şapaga garap oýlanyp durdy-da soň alaçsyz günorta buruldy: garry

Babadagyň gaýalaryny gaplap, ýuwaşja basyp gelýän garaňkylyk göýä onuň kalbyna giren ýaly endam-janyny galpyldy gurşap aldy, hany, bir ýolagçy görünse! Hatda, adatça asmany dol-duryp, şah-şahlap saýraýan mollatorgaýlar, ýol ýakasynda owaz edip, gyryň asudalygyny bozýan zakjalar hem görünmeýärdi. Bar ýeri ümsümlikdi. Pesli-belentli gyrlary örtüp oturan ençeme ösüm-likler hem gymyldaman, asmandaky bulutlardan ätiýaç edýän dek dymyp galana meňzeýärdi.

Bahram gyryň üstündäki ýylan yzy sokmak-dan çete çykman, agramyny kä bu taýa, käte beýleki taýa alyp, bütin göwresi bilen öňe ym-tylýardy. Iki gözi täze düşen welosipediň yzlaryn-dady. Bu yzlar özünden bir sagat öň gaýdan ýoldaşlarynyňkydy. Ol garaňkylyk bilen barabar ýapyrlyp gelýän wehimi özünden kowjak bolup, ýerdäki welosiped yzlarynyň kimleriňki ekenligi dogrusynda oýlanyp durdy.

Birdenkä ýyldyrym çakyp, gök gürledi. Bahram asman garsa ýarylyp, başyna düşen ýaly boý-nuny gysdy. Damjalap ugran ýagyş birden guýup başlady. Az salymda ýol batga boldy. Ýöremek kynlaşdy. Taýyp gidip, agnap düşäýmegiňem mümkindi...

Bahram aşak seredende ýüregi ýarylana dön-di. Ser salman ekeni, güýçli sil geldi!

Ol welosipedinden düşdi-de, ony idip başlady.

Deräniň içi şowhun-şapyrdydan doldy: Hemme ýerde sil şarryldaýardy. Her wagt ýyldyrym

çakýardy. Göýä biri dag bilen dagy bir-birine urýan ýaly gök gürleýärdi.

Bahram howpurgap, daş-töwerege alakjap garady. Her gezek gök gürläninde “Eje jan!” diýip gygyrybermäge dogry gelýärdi.

Siliň owazynyň, gök gürlemeginiň arasy bilen bir wagtda goýun mäleýän ýaly ses Bahramyň gulagyna geldi. Ol bir sellemden ýene gaýtalandy. Bu sapar goýnuň sesine guzynyň zaryn mälemesem goşuldy.

Edil özi! Uly goýun garaňky gijede öňünden çykdy. Ol suwy ýakalap ýöräp gelýärdi. “Jalada sürüden tazygyp galan, janawer!” diýen oý Bahramyň kellesine geldi. Ol goýny görenden özüne ýoldaş tapylan ýaly gorkyny unutdy. Ýyldyrym çakanda, siliň ýüzünde galkyp, akyp barýan guza gözi kaklyşdy. Ene goýnuň şeýle bir tiz hereket edip ylgaýşyna ol indi düşündi.

Bahram oýlap-biçip oturman, derrew welosipedini ýerde ýatyryp goýdy, geýimlerini basym çykardy-da, guza bakan ylgady. Şol wagtam alysdan kimdir biri “gurreý, gurreý!” diýip gygyrdy.

Ol suwdan ötüp, guzynyň yzyndan barýardy. Sil topugyna, dyzyna, sanyna çykdy. Guza ýetip, elini uzadan çagy bolsa, bilinden ýokary çykypdy.

Häli akym boýlap ýöreni üçinmi, ol suwuň güýjüni duýman galan bolara çemeli. Indi aýagyny ýere diräp, sile garşylyk görkezjek bolup durka, suw ony agdaryp, akdyryp äkitdi.

http://eduportal.uz

Bat bilen akyp ýatan siliň Bahramy her bir minut saýyn duş gelen daş bölegine urup, maýyp edäýmegi-de mümkindi. Bu howp şol wagt Bahramyň kellesine-de gelenokdy, onuň iki gözi suw ýüzünde kä görnüp, kä görünmän galkyşlap akyp barýan guzudady. Ol bar güýjüni jemläp hereket edýärdi. Ýetmäge bäş gulaç... üç gülaç, bir gulaç galdy. Emma Bahramyň agzyna laý suw girip, ýokardanam ýagyş ýagyp, göz açmaga pursat bermedi, gulaçlamaga haly galmady. Öýkeni gysylyp, endam-jany gurap barýardy. Goýun bolsa henizem kenarda ylgaýardy. Guzy-da mäleýärdi... Bahram öz erkini akyma berdi, az-owlak demini dürsedi-de, ýene öňe hereket etdi. Hawa, ine, ýakynlaşyp galdy. Ýene bir gaýrat etse... gelişip gitse, tutar.

Bahram guzyny göterip ýagyrnysyna aldy-da, kenara tarap ýüzdi, bir saýrak ýere ýetip, aýagyny ýere diremekçi boldy, suw başartman ýene akdyryp äkitdi. Häläm onuň eli bilen uly bir daş bölegini tutany gowy bolaýdy, bolmasa... Ol şu ýagdaýda daşyň üstünde näçe wagt ýatanyny bilmedi. Kenara nädip çykany-da ýadynda ýok. Diňe ukudan oýanan ýaly gözüni açsa, kimdir biri ony çäkmene dolaýan ekeni. Ol kişi:

– Berekella, ata ogly bolduň! – diýdi.

Bu öwgüden Bahramyň endam-janyny ýyly ýörän ýaly boldy.

Bahram çäkmenini egninden düşürip ibermezlik üçin gowuja ýapyşyp, ornundan galdy. Byky-



ny agyrýardy. Sil ony daşa uran ekeni. Ol agyry şeýle bir güýçli däldi. Ol elini bykynyna alyp baranda, bir zada ýapyşdy. Gypjynan ýaly.

Çäkmene dolan kişi dillenip: – Sowuk alypmy? – diýip sorady.

Bahram ony indi tanady. Ol Jumanazaryň atasy Allanazar agady. Ol ony görüp begendi. Az-owlak agyry syzsa-da “Ýok!” diýip, başyny atdy. Ol azara galyp, guzyny gözledi-de: “Megerem, akyp giden bolaýmasa?!” diýip oýlandy.

Ony soramakçy bolup durka, Allanazar aga elleri bilen göterdi-de Bahramy eşege mündürdi. Şol wagtam eşegiň gapdalynda duran goýna gözi düşdi. Guzy bolsa enesiniň bagryna gysylyp, keýp edip emýärdi.

Allanazar aga “Haýt!” diýip, guzynyň asudalygyny bozdy. Goýun öňe ylgaýardy, guzujygam

yzyna düşdi. Eşegem ýorgasyny ýazdyrmady. Ýolda Bahramyň geýimlerini, welosipedini gözläp tapdylar...

Günortan bolansoň Bahram fermadan döwlet hojalygy merkezine barýan maşyna münüp alyp, mekdebine bardy. Ýerler gurap galypdy. Welosipetde gitmegem boljakdy. Enesi garşylyk görkezdi, "Bykynyň ýagşy bolsun!" diýdi. Ol agşamaralar mekdebe ýetip geldi. Ýoldaşlarynyň hemmesi ýatakhanada ekeni. Şol wagt bir geň galarlygam boldy. Adatça "Ortak" ("Ýoldaş") ornuna "Gorkak" sözüni goşup: "Bahram gorkak geldi" diýip garşylaýan çagalar bu gün näme üçindir:

– Ana, Bahram geldi! – diýip, ýerlerinden turup, daşyna egrelişdiler.

Jumanazaryň garaýşy hem başgaçady. Ol dogry gelip, Bahram bilen elleşip, yhlaslyja görüşdi. Şoldur şol günden bäri hiç kim ne "Gorkak" diýip Bahramyň göwnüne degdi, nede "Ana, möjek!" diýip, ony gorkuzdy. Bahram ýoldaşlarynyň hüý-häsiýetleriniň şular ýaly özgerişine haýran galdy-da "Bularyň ýüregine nireden ynsap geldikä?" diýdi.

## Sorag we ýumuşlar

1. Çagalar näme üçin Bahrama "Gorkak" diýýärler?
2. Bahram näme üçin gijigip ýola çykdy?
3. Ol guzyny nähili halas etdi?
4. Bahramyň ýerine siz bolanyňyzda nämeler ederdiňiz?

5. “Bahram – meniň söýgüli gahrymanym” diýen temadan aşakdaky plan esasynda düzme ýazyň.

### Meýilnama

1. Bahram gije galyp, ýeke ýola çykdy.
2. Ol sil suwy bilen akyp gelýän guzyny gördi.
3. Allanazar aga Bahrama minnetdarlyk bildirdi.
4. Çagalar Bahramy hormat bilen garşy aldylar.

***Allaberen KADYROW***

## HALASGÄR

Kakyldy-da girmäge jaň
Başlandy ilkinji sapak.
Mugallym nazar aýlasa
Synpda diňe Toýly ýok.

Sebäbini biljek bolup,
Ýoldaşy Wepa ýüz tutdy:
– Görmediňmi bu gün ony?
Öýündemi, nirä gitdi?

– Ir bilen-ä gördüm ony
Ekinlerne aýlanýardy.
Soňra papkasyny alyp,
Gaýtmak üçin şaýlanýardy.

Welsepidime atlanyp,
Deňinden geçipdim sürüp.
Pyýadalab-a gelýärdi,
Ondan soň bilmedim görüp.



http://eduportal.uz

Mugallym oýa batdy-da
Diýdi” – Näme üçin galdyka?
Tertipli hem otliçnikdi,
Näme sebäp tapyldyka?

Iki-üç sagat gijä galyp,
Toýly sapagyna geldi.
Ol ýazykly däldi muňa,
Şeýleräk bir waka boldy:

Annamyratlaň deňine
Ol gelip ýetende haçan.
Bäş-alty ýaşly Altyjyk,
Oýnap ýörkä ýaba gaçan.

Çetde goýup papkasyny,
Toýly özün ýaba zyňan.
Bu hadysany eşidip,
Eýýäm adam bary eňen.

Heniz çümmänkä çagajyk,
Toýly ony çykdy alyp.
“Berekella, han ogul!” diýp,
Hemmeler guwandy gülüp.

Toýlyň erjellegi bilen,
Halas edildi ýaş çaga
Diýdiler: – ýap boýna indi
Çykmasyn ol oýnamaga.

Öl-myjjyk bolansoň geými,
Toýly derrew öýne gitdi.
Çalşyrynyp gelýänçe-de
Ep-eslije wagt ötdi.

Şol güni okuwdan soňra
Ýygnak geçirip direktor
Diýdi: – Toýlyň bu işleri
Hemmäňize görelde bor!

## Sorag we ýumuşlar

1. Mugallym Toýlynyň gije galmagynyň sebäbini kimden soraýar?
2. Wepa näme diýýär? Toýly haçan synpa gelýär?
3. Altyjygy kim halas edýär? Adamlar begenip, Toýla näme diýýärler?
4. Goşgudaky kapyýalaşyp gelýän sözleri (Meselem, aýlanýardy, şaýlanýardy...) depderiňize göçürip ýazyň. Siz şu goşgudaky wakalary öň eşidipmidiňiz. Eger eşiden bolsaňyz, onda gürrüň edip beriň.

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Bölümdäki haýsy hekaýada zähmetsöýerlik, ugurtapyjylyk we edermenlik ýaly häsiýetlere ýokary baha berilýär?
2. Öwünjeňlik, gedemlik we men-menlik ýaly häsiýetleriň erbet adatlygy haýsy goşgy we hekaýada teswirlenýär? Tekstlerden mysallar getirip, pikiriňizi delilläň.
3. Bölümdäki haýsy goşguda we hekaýada janawerlere mähir bilen seretmek, garrylara hormat goýmak ýaly meseleler öňe sürülýär? Olaryň mazmunyny birneme gysgaldyp gürrüň edip beriň.



http://eduportal.uz

# ATA-BABALARYMYZYŇ HIKMETLERI



*Muhammet KAKAÝEW*

## IBN SINA WE MANSUR

Tebibiň göbek ganynyň daman ýeri Buharany terk edip, Gürgenje gelenine heniz bir hepde-de bolanokdy. Emma onuň kabulhanasy adamdan ýaňa hyň berýärdi. Onuň adyny eşidip, uzakdan-ýakyndan gelip gidýänleriň yzy üzülmeýärdi. Ol her kimi ýeke-ýekeden nobaty bilen öz huzuryna çagyrýardy.

Mansura öýländen soň gezek etdi. Ol ogly Hurşydyň elinden tutup içeri girdi, tebip bilen

salamlaşdy. Soňra oglanyň ýagdaýy bilen ony tanyşdyrdy.

Tebip her bir nähoşy mylaýym, güler ýüz bilen kabul edýärdi, nähoşlardan süýji-süýji sözlerini gysganmaýardy. Onsoň öz nazaryndan bir ötürip, barlamaga başlaýardy. Emma ol Mansura gezek geleninde beýle etmedi. Ilki Mansurdan sag tarapyndaky düşege geçip oturmagy towakga etdi. Mazaly hal-ýagdaý soraşdy.

Soňra oňa:

– Haýsy milletden bolarsyňyz? – diýip, öň hiç kime bermedik soragy bilen ýüzlendi. Bu sorag tebibiň hut özi üçin-de geňräk bolup duýuldy. Çünki ol şu mahala çenli barlagdan geçiren nähoşlarynyň milletini tire-taýpasyny soramaklygy endik edinmändi. Bu onuň iň erbet görýän zadydy. Megerem, ol Mansurda aýratyn bir gujurlylygyň, täsinligiň alamatlaryny duýan bolsa gerek.

– Türkmen – diýip, Mansur jogap gaýtardy.

– Örän gowy, örän gowy.

Şondan soň tebip az salym dymyp oturdy. Onuň beýle etmegi Mansury-da pikir laýyna batyrdy.

Şol pursat tebip basybalyjy Garabugra hanyň Buhara sansyz goşunlary bilen girip, asuda ilatyň başyna nähili külpetler getirendigini göz öňünde janlandyrdy. Ýene-de ejesi Sitarabanuwyň «Oglum, Hüseýin jan! Nirede gezseňem ýalňyz käbäňi unutma, saglygyňy bildirip dur» diýip,

ak patasyny bereninde gözünden ýaşlar döküp, delmuryp galandygyny hakydasyna getirdi.

Ümsümligi ýene tebibiň özi bozdy:

– Türkmenler mert, batyr we gaýduwsyz halk. Türkmenleriň doganlyk ýardamy bolmadyk bolanynda, entek-entekler Garabugra handan dynyp bilmezdik. Bu güýç taýdan deň bolmadyk söweşde türkmenler zor gaýrat etdiler. Ony Buharanyň ilaty hiç wagt ýatdan çykarmaz.

Mansury milli guwanç duýgusy gurşap aldy.

Nobata garaşyp oturanlaryň köpdügini aňyp duran tebip soňra geplemedi. Hurşydy barlamaga girişdi. Oglany iki-baka ýöredip gördi. Eger bar bolsa ýene iki sagatdan çaganyň enesi bilen gelip, görnüp gitmegi tabşyrdy. Ol şondan başga hiç zat diýmedi.

Aýdylan wagtda Mansur Hurşydy ejesi bilen eltdi. Tebip enesiniň ýüzüne bir seretdi-de «Boldy, boldy. Indi siz ogluňyzy alyp, daşarda garaşaýyň. Meniň ýanymda diňe Mansur galsyn» diýdi. Olar gitdiler.

Tebip Mansuryň ýüzüne garady-da:

– Çaga gorkupdyr. Ýene-de iglilik keselinden ejir çekýär. Özem ogullyga alnan çaga ekeni. Öweý ene siz öýde ýok wagtyňyz muňa birneme abaýlan bolmaly. Ýogsam iýme-içmeden kem etmänsiňiz. Çaga başga zatdan däl-de diňe gulagyndan igläpdir. Dogrumy? – diýdi.

Mansur gaýgyly ýagdaýda diňe baş atdy.

– Çaganyň ajaýyp gelejegi bar. Muňa gök önümleri gepe goşup iýdirmeli.

– Düşünmedim.

– Düşünmeseň çaga häzir süýji söze mätäç. Elmydama mylaýym söz, güler ýüz bilen ýüzleniň ylaýta-da nahar bereniňizde şeýdiň. Öýde-de aýalyňyz, beýlekiler bilen mylaýym, ýuwaş hem assa gürleşiň.

– Bolýar.

– Ýene-de bir sargydym. Oglana ýaşlykda her dürli gepleriň tagamyndan dadyryň. Onsoň size azary degmez.

Mansur tebibiň soňky aýdanlarynyň manysyna oňly düşünmese-de oňa sorag berip, bimaza edip durmagy uslyp bilmedi. Ol hoşlaşdy-da çykyp gaýtdy.

Ondan bärem aradan aýlar, ýyllar ötdi. 7–8 ýaşlaryndaky Hurşyt ese-boýa galdy.

Bir güni Mansur Gürgençdäki bir akyldaryň ýanyna baryp, tebibiň "Her dürli gepleriň tagamany dadyryň" diýen sözlerine gowy düşünmändigini duýdurdy. Ol akyldar muny şeýle düşündirdi:

– "Gep" sözi bu ýerde "Kitap" manysynda. Muny tebip dürli ylymlardan baş alyp çykmagy ogluňyza maslahat beripdir. Her bir söz aňlatma ylmyň aýry-aýry pudagyna degişli. Emma dürli ugurlardan ylymly, sowatly bolmagy başarsaň, agzyndan çykan sözleriň diňleýjä bal ýaly tagamly, mylaýym, üýtgeşik täsir eder diýdigidir. Bulary tebip öz durmuş tejribesine esaslanyp aýdan bolsa gerek. Sebäbi ol tebip, has dogrusy Ibn Sina saglyk hakdaky ylymdan başga-da edebiýat,

sungat, matematika, pelsepe, taryh, fikh (hukuk) ýaly onlarça ylymlardan habarly bolupdyr. Ylmyň dürli ugurlary boýunça kitap ýazyp, geljek nesillere ýadygärlik galdyrypdyr. Olar arapça bolany üçin hemme okap, peýdalanyp bilipdir. Hurşydyňda ulalýança ylmyň dürli ugurlary boýunça sowat açyp, özleşdirmegini arzuw edipdir.

Nähili kynçylyk bolsa-da Mansur tebibiň aýdanlaryny ýerine ýetiripdir. Dürli ugurlara degişli köp kitap ýygnap, öz öýünde kitaphana döredipdir. Hak töläp, sowatly kişi çagyryp, ogluna ylym öwretmäge girişipdir. Özi-de oňa yzygider gözegçilik edipdir.

Soň-soňlar sowatlylykda, ylymlylykda öňüne adam geçirmedik Hurşyt ata-enesine, il-halkyna gowy hyzmat edip, alkyş baryny alypdyr.

Şeýlelikde, Günbatarda Awisenna, türkmenlerde Lukman Hekim, ejesiniň bolsa "Hüseýin" diýýäni döwrüniň güýçli tebibi Abu Aly Ibn Sina Mansuryň ogly Hurşytda üýtgeşik zehiniň barlygyny duýup, onda ylma bolan höwesi emele getirenleriň ilkinjisi bolupdyr.

## Sorag we ýumuşlar

1. Mansur tebibiň huzuryna näme üçin ogluny, onuň enesini alyp gelýär?
2. Tebip bilen Mansuryň arasynda türkmenler barada nähili gürrüňler bolýar?
3. Gürgençdäki akyldar tebibiň aýdanlaryny Mansura nähili düşündirýär?
4. Hekaýadan Lukman Hekimiň Hurşyt barada aýdanlaryny depderiňize göçürip ýazyň.

*Akgeldi AŞYROW*

# EDEPLI OGLAN

Bir güni mekdebimize Begjan aga geldi. Direktoryň orunbasary Baýram biziň synpymyza girdi-de:

– Okuwçylar! Eger garşy bolmasaňyz okuwdan soň Begjan aga bilen duşuşyk geçiräýsek nähili bolar? – diýip, biziň ýüzümize garady.

Hemmämiz begenişip:

– Bolýar – diýişdik. Bu ýaşulyny synpymyzyň okuwçylarynyň hemmesi tanaýardy. Ol otursa-tursa atamyz ýaly bolup, bize öwüt-nesihat bererdi. Şol bir wagtda-da onuň gaharlanyp ýöre-nine sataşjak gümanyň ýokdy. Oba adamlary oňa Magtymguly diýerdiler. Altmyşdan geçen bu garry elmydama güler ýüzlüdi.

Okuw tamamlandy. Biz oturan ýerimizden gozganmadyk. Baýram mugallym Begjan agany yzyna eýerdip, synpymyza alyp geldi. Biz ör turup, salam berip, ony garşy aldyk.

Synp ýolbaşçymyz bolan Gurbanmyrat Jepbarow bir ýerden oturar ýaly iki oturgyç getirdi. Gelenler şonda jaýlaşyp oturdylar.

Gurbanmyrat mugallym synp tagtasynyň öňüne geldi-de bir laý synpa göz aýlady. Soňra ol şeýle diýdi:

– Okuwçylar! Siziň haýyşyňyzy biz Begjan aga duýdurdyk. Ol ynha şu gün ýörite geldi. Biz Begjan aga-da, ony siz bilen duşuşmaga alyp gelen Baýrama-da çuňňur minnetdardyrys.



Soňra Begjan aga söz berildi. Okuwçylar ses-selemsiz onuň ýüzüne garap oturdylar.

– Okuwçylar! Bu gün men size edep barada gürrüň bermekçi. Edep – ynsan bezegi. Ol ilki salamlaşmakdan başlanýar. Özünden ula elmydama salam bermeli. Salam bermek bilen siz özüňizden ulyny hormatlaýarsyňyz. Elbetde, salamlaşmanyň edebi bar. Ýüzüň ýylgyryp durmaly, sesiň şeýle bir belent, gaty bolmaly däl.

Ondan soň ol Juma bilen Döwleti ýanyna çagyrdy. Jumany ýoldaşyndan bir ýaş uly hasaplap, oňa salam bermegiň ýollaryny öwretdi. Onuň ýetmez ýerlerini sypaýyçylyk bilen görkezdi.

Begjan aga synpda “Edepli oglan” diýen at ugrunda göreşmek üçin okuwçylara öz aralarynda bäsleşik geçirmekligi maslahat berdi. Ýaşulynyň

http://eduportal.uz

pikiriçe, edeplilik edil tamyň üstüne çykylýan merdiwan ýaly bir zat bolmaly. Merdiwanyň birinji basgançagyna münmeseň, ýokarka çykmak kyn. Şonuň ýaly salamdan başlamasaň, edebiň beýleki görnüşleri barada gürrüň edibem oturmak gerek däl.

Ýaşuly soňra naharlanmak edebi dogrusynda-da täsirli gürrüň etdi. Onuň aýtmagyna görä, naharlanmak üçin hem ilki özüňi taýýarlamaly. El-ýüzüni ýuwmaly. Saçagyň başyna geçip, “Bismilla” diýip başlamaly. Ondan soň geplemeli däl. Haçan doýanyňdan soň “Allahy ekber!” diýip, omyn etmeli. Eger oňaryp bilseň, tagam iýip bolanyňdan soň öten-geçenleriňe aýat okamaly.

Begjan aga okuwçylaryň soraglaryna-da kanagatlanarly jogap berdi. Ol geljegimiziň dowamatçysy bolan çagalara jan saglyk, işde we okuwda üstünlikler arzuw etdi.

Okuwçylar, mugallymlar ýaşulyny ep-esli ýere çenli ýoldaş bolup, öýüne ugratdylar.

Bir gezek Döwlet Jumalara bardy. Partadaşynyň bisimillasyz nahara topulyşy, nahar başynda-da ýanyndakylara gezek bermän, edil eňegine jaň dakylan ýaly bolup zol gürläp oturyşy oňa ýaramady Ol: “Juma, sen Begjan aganyň nahar iýmegiň edebi barada aýdanlaryny unutdyňmy?” diýdi. Diňe şondan soň öz gödekligine göz ýetiren Jumanyň ýüzi-gözi boz-ýaz boldy.

Bir günem bular tirkeşip, öz obasyndaky toýa ýoldaş bolup gitdiler. Döwlet ýolda ýoldaşynyň,

her bir hereketini içgin synlap barýardy. Juma özünden 15–20 ýaş uly duş gelse, “Salam” diýmegiň ýerine diňe sag elini ýokary göterip geçiberýärdi. Ol 40–50 ädim uzakdakylara bolsa eňegini kakmak bilen salam beren kişi bolýardy. Döwlet onuň tersinedi. Ol Begjan aganyň maslahat berşi ýaly salamlaşardy. Her bir hereketiniň gelşikli, agzyndan çykýan sözleri sypaýy, saýhally bolmagy üçin çalyşýardy. Juma bilen Döwlet elmydama bile gezýärdiler. Ýöne Jumanyň özüni ulumsy alyp barşy, käte öňünden çykan tanamadyk adamsyna salam bermän, ýüzüni bir gapdala sowup geçişi Döwletiň keýpini gaçyrýardy. Ol onuň bu işleriniň hiç bir taýdan adamkärçilik mertebesine, şol bir wagtda edep-ekram bilen hiç hili dahylynyň ýokdugyny mylaýymlyk bilen düşündirdi. Juma käte ýoldaşynyň aýdanlaryna “hä” berse, käte diňe dymmak bilen jogap berýärdi.

Bir ýola şeýle bir waka bolup geçipdir. Juma Aşyrdan on manat karz alypdyr, bazardan soň getirip bermekligi oňa wada edipdir. Aradan bir aý geçse-de, Juma bergisini bermän geziberipdir. Aşyr iň soňunda muny Jumanyň ejesine baryp aýdypdyr. Şonda ejesi algydara puly çykaryp beripdir. Oglunyň bu gelişiksiz hereketleri üçin onuň bagyşlamagyny haýyş edipdir. Aşyr gideniňden soň ejesi Jumany ýanyna çagyryp:

– Oglum! Edeplilik diňe bir nahar başynda, salam-älik alşanda däl, eýsem durmuşyň ähli

http://eduportal.uz

ugurlary boýunça-da gerek. Wada edip, wadaň-da durmasaň, olam edepsizlik hasap edilýär. Sen partadaş ýoldaşyň Döwletden görelde al! Sen hakda ýakymsyz habarlary men häli-şindi eşidýärin. Il-gün ol oglan barada welin elmydama öwgüli sözleri aýdýarlar. Özüňi edepli alyp barmagy başarmasaň, özüň soňluk bilen hor bolarsyň. Iň gowy görýän ýoldaşlaryňam senden daşrak gezenlerini gowy görerler – diýdi.

Juma sesini çykarman, aşak bakyp otyrdy.

... Bir gezegem okuwçylaryň arasynda “Edepli oglan” diýen at bilen bäsleşik geçirildi. Onda Döwlet ýeňiji boldy. Elbetde, bu Juma-da oňyn täsirini ýetirendir-dä! Soň-soňlar onuň durmuşynda-da gowulyga tarap şowly ädimler başlandy.

### Soraglar

1. Begjan aga okuwçylara näme hakda gürrüň berdi?
2. Juma özüni nähili alyp barýar?
3. Näme üçin hemme kişi Döwleti gowy görýär?

***Magtymguly MYŞYÝEW***

## GARRYLAR GEREK

Adamyň dokuzy düzüw bolanda,
Doýma ýok, ýene-de onunjy gerek.
Ýöne onunjy-da dokuza deň zat.
Iň soňky deme çen küýseýär ýürek,
Ýaşlaň arasynda garrylar gerek.



http://eduportal.uz

Goý, öwnübersinler ýaşlygyn ýatlap
Şolam biziň üçin kömekdir, kömek.
Garrylar ýaşlar deý umytly bolsun,
Göwni çaga bolsun, turanda gamak,
Bize güýç-gaýratly garrylar gerek.

Bilmezlikdenmi ýa garagollukdan,
Durmuşda eýlände bir işi telek,
Garrylar käýese kineli bolma,
Ýene-de ugrunda şolar janserek
Bize şol janköýer garrylar gerek.

Ilimden, günümden daş bolsun gussa,
Toýum-baýramymam il bilen gerek.
Juwanlar baýramyň gelşigi bolsa,
Garrysyz söhbetem gurakdyr, gurak,
Toýa bezeg berýän garrylar gerek.

Goňşyňa uzadyp goňşy okara,
Oň bilen bolmaga mydam duz-ýemek.
Gormeýän zadyňa gözüň açmaga
Bilmeýän zadyna bermäge kömek,
Maňlaýy gasynly garrylar gerek.

Köpe ýarap duran ner ogul bolsa,
Ýene gyzyň bolsa boýlary derek.
Ikisem ynjytman eziz saklasa,
Olara ýaş dileýän uzakdan, uzak,
Dilleri senaly garrylar gerek.
Ömre ömür goşýan garrylar gerek.

http://eduportal.uz

## Sorag we ýumuşlar

1. Awtor ilkinji bentde adamyň nebsiniň artyşy barada nähili pikirleri öňe sürýär?
2. Näme üçin goşguda garrylaryň göwni çaga meňzedilýär?
3. Garrylara toý-baýramlaryň bezegi diýilmegini nähili düşünýärsiňiz?
4. Goşgyny labyzly okaň. Her bentdäki mazmuny düşündiriň. Özüňiziň garrylary sylaýşyňyzy, hormatlaýşyňyzy gürrüň edip beriň.

http://eduportal.uz

# HALK DÖREDIJILIGI

## SANAWAÇLAR

### JÜMJÜM DÄLI

– Adyň näme?
– Jümjüm däli.
– Nan iýjekmi?
– Getir bäri.
– Işlejekmi?
– Halym Barmy?!

### OGRY TUTDUM

– Patyşahym!
– Arzyňy aýt?
– Bir ogry tutdum.
– Näler ogrusy?
– Gijeler ogrusy.
– Nämäňi aldy?
– Buzy deşip, bugramy aldy.
Gabymy deşip, gallamy aldy.
Agtanamy deşip – deşip,
Sygrymy goýup, tanamy aldy.

### TÜÝDÜGIM

Tüýrül-tüýrül tüýdügim,
Akja eşek bakdygym.
Ak üzümi aldygym.



http://eduportal.uz

Gyzlar bilen iýdigim,
Gyzlar peçek, men peçek.
Ortamyzda goş pyçak.
– Goş pyçagyň gyny kim?
– Goş pyçagyň gyny men.
Tar-tar ýüpek diýni men.

Şu üç sanawajy ýat tutuň.

## ÝUMAK

Ýumalap men ýumak tapdym,
Ýumagyň arasyndan darak tapdym.
Daragy mamama berdim.
Mamam-da köke berdi.
Kökäni çaga berdim
Begenjinden böküberdi.
Çaga oýunjak berdi.
Oýunjagy çopana berdim.
Ol maňa taýak berdi.
Taýagy derýa zyňdym,
Derýa maňa köpük berdi.
Köpügi tuda çaldym,
Tut maňa ýaprak berdi.
Ýapragy sygryma berdim,
Sygrym maňa süýt berdi.
Süýdi bişirip oturan çagym:
Garga gelip “gak” diýdi,
Serçe gelip “jik” diýdi.
Towşan gelip “wiýk” diýdi.
Torgaý gelip “jüýp” diýdi.

Gurbagalar wark etdi.
Her haýsy dört gulagyndan
Göterişip birden
Gazanymy alyp gidäýdiler.

## KIM GELÝÄR?

– Güpür-güpür at gelýär.
– Çykyň, garaň kim gelýär?
– Şir bilen Aman gelýär,
Özlerem çaman gelýär.
– Çykyp seret, nä getir?
– On üç burç, bir petir.
– Çykyp seret, awdanmy?
– Ýanna towşan asypdyr,
Donna gany damypdyr.
Awdan aryp gelende
Ejesi gurban janyna.
– Güpür-güpür at gelýär.
– Çykyň gözläň, kim gelýär?
– Al atyny sekdirip,
Ilerden dädesi gelýär.

Sanawaçlary labyzly okaň.

## SARY GÜL

Sary gül-ä-sary göz,
Biri çemen, biri ýüz.
Düşdüm garpyz ýoluna.
Garpyz ýoly ak bazar
Içinde maýmyn gezer.



http://eduportal.uz

Maýmynlaryny ürküzdiň.
Urduň, örän gorkuzdyň?!
Maýmyn ortada ýaýnar
Ekeş daşynda oýnar.
Ekeş gitdi oduna,
Garga gondy buduna.
Gargaň dili gamyşdan,
Dyrnaklary kümüşden.
Kümüşiň atasy ýok.
Bilinde potosy ýok.
Poto beriň biline?!
Men gideýin ilime.
Bäş aý geçip gelmesem,
Garpyz salyň ýoluma.

### Ýumuşlar

1. Sanawajy labyzly okaň.
2. Ata-eneleriňizden, başga adamlardan eşiden sawaçlaryňyzy ýazyp alyp, olary mugallymyňyza görkeziň.

## KÜÝZE WE TILKI

Öň zamanlarda bir ýalançy tilki ýaşap geçipdir. Bir güni ol uly gumak ýola çykyp, topraga agnamaga başlapdyr. Şol wagtam ol ýere bir kerwen ýakynlaşypdyr. Tilki derrew hinine girip gidip gizlenipdir.

Şol gije kerwen bu ýerde ýatmakçy bolupdyr. Ýolagçylar düýeleriň üstünden agyr ýüklerini ýere düşürip, ot ýakyp, nahar bişiripdirler, çaý gaýnadypdyrlar.

Uzak ýol geçen düýeler ençe kynçylyklary görüp agyr hala düşen ekeni. Şonuň üçin kerwenbaşy bu ýerde bu gije dynç almakçydygyny aýdypdyr. Muny eşiden tilki howsala düşüpdir.



Şeýlelikde, kerwenler üç günläp bolupdyrlar, tilki-de şol aralykda hiç ýere çykmandyr. Dördünji güni gitmek üçin kerwenler taýýarlanyp başlapdyrlar. Olardan biri küýzäni elinden gaçyrypdyr. Onuň bir gapdaly döwülipdir. Onsoň ony kerwenler tilkiniň hininiň gapdalynda taşlap gidipdirler.

Tilki hininden çykjak bolan çagy birden şemal öwsüp, döwlen küýzä ýel girip, ol güwläp başlapdyr.

Kerwenler dördünji günem bu ýerde bolaýjak öýdýän! – diýip, tilki gorkunjyna hinine girip, pugta gizlenip ýatyberipdir.

Ol şonda:

– Ajymdan ölenimden okdan ölenim ýagşyrak – diýip oýlanypdyr. Hininden çykyp garasa kerwen ýokmuş. Bularyň hemmesine küýzäniň günäkärdigini aňan tilki oňa garap:

– Senjagaz, entek howlukma! Ilki gidip garnymy bir doýrup geleýin, onsoň özüm jezaňy bererin! – diýipdir.

Tilki aw awlamak üçin ylgap gidipdir. Şol ýüwrüp ýörşüne bir bölejik et tapypdyr. Et uzak-

dan mährigiýa dek ony özüne tartyberenmiş. Tilki ýakynrak baryp garasa, bir zat bar-a meňzäpdir. Awçylar gapan gurup giden ekenler. Tilki nätjegini bilmän, köp oýlanypdyr. Bir seretse, möjek ýetip gelýärmiş. Möjek ony görüp:

– Tilki dost! Nämä oýlanyp dursuň? – diýip sorapdyr. Tilki derrew:

– Salam, möjek dost! Men-ä hiç zadyň pikirini edemok – diýipdir.

Möjek dişlerini şakyrdadyp:

– Şunça salam bermedik bolsaň, seni iki üzüp, bir ýalmardym – diýipdir.

– Meni ýuwudýançaň, ana, şol ýerdäki eti ýuwut-da!

Möjek tamşanyp, dodagyny ýalaşdyryp:

– Sen näme üçin taýýar eti iýibermediň? – diýip sorapdyr.

Tilki salymyny bermän:

– Ony saňa niýetläp goýupdym – diýipdir.

Möjek hem:

– Belki, ol tagamsyzdyr-da. Şeýlemi? – diýipdir.

– Heý, etem bir tagamsyz bolarmy? Ony iýäýjekdim, ýöne...

– Ýönäň näme? Bu eti iýerin diýip hyýalyňada getirme diýäge-de möjek ete agyz uran welin, ol derrew gapana düşäýipdir.

Ol aglap, dişlerini şakyrdadyp näçe hereket etse-de gapan ony goýbermändir.

Tilki bolsa eti bir ýerräk äkidip iýipdir-de:

– Möjek han, sen doňýüreksiň, emma köp zatlary görüp bilmänsiň – diýipdir. Möjek başyny aşak salyp:

– Eziz tilki jan, kömek ber! Meni halas et! – diýip, ondan haýyş edipdir.

Tilki guýrugyny bulaýlap:

– Ýaňy meni ýuwdup ibermekçi bolan sen dälmi?

Ýok, gadyrdan, sen indi awçylara garaşyber-diýip gidip galypdyr.

Tilki hinininiň ýanyna gelip, küýzä garapdyr. Oňa nähili jeza bermelidigi barada köp oýlanypdyr, ahyrda-da äkidip, suwa gark etmegi makul hasaplapdyr. Ony guýrugyna baglap, ýap boýuna süýräp äkidipdir.

Küýzäniň içine suw dolup, pakyrdadygyça tilki haýbat atyp:

– Sem bol, eý akmak! Ölümiň ýakynlaşdygy saýyn sen gülüberýäň!-diýipdir.

Küýze pakyrdap-pakyrdap dolupdyr-da tilkinem suwa tartyp başlapdyr. Şonda tilki oňa ýalynyp:

– Waý, küýze jan! Guýrugymy üzüp alsaň al welin, meni goýber!

Indi saňa degmäýin-diýipdir.

Küýze sesinii çykarman tilkini barha suwuň çuň ýerine tartyp ugrapdyr.

Tilki sesiniň ýetdiginden gygyryp:

– Küýze jan goýber! How men ölüp barýan! – diýipdir, onsoň güýjüniň badyna bir dyzapdyr. Şonda guýrugy üzülip galypdyr.

http://eduportal.uz

Ol kenara towsup çyksa, hälki möjege gözi düşüpdir. Ol:

– Hä, tilki jan! Ele düşmerin diýip oýlanypmydyňyz? – diýipdir.

Emma tilki ondan gorkman:

– Eý dostum! Sen näme menden öýke-kine edýäň. Seniň hödürlän zadyňy iýmedimmi? – diýen.

Möjegiň barha gahary gelip:

– Ahyr sen meni gapana düşürmänmidiň? Indi dünýä geleniňe bir puşman etdiräýsem gerek? – diýipdir.

Tilki oňa:

– Möjek, gadyrdan! Sen nämäniň gürrüňini edýärsiň?! – diýip, arkaýyn gürläpdir. Möjek barha bat alyp:

– Indi meni aldap bilmersiň. Hany, şikeslenen aýagymy töläp ber? – diýipdir.

Tilki şeýle diýipdir:

– Hany düşündir! Bu betbagtçylyňa kim günäkär?

– Guýrukman tilkiniň özi-dä.

– Onda ol men däl-diýip, hilegär tilki möjege keltejik guýrugyny görkezip, ondan gutulypdyr.

Şunuň bilen ertekimizem tamam boldy.

## Sorag we ýumuşlar

1. Tilki nähili aldanypdyr?
2. Möjek nähili ýol bilen gapana düşýär?
3. Näme üçin tilki guýruksyz galdy?

4. Hilegär tilki möjegi nädip aldady?

5. “Mekir tilki” diýen temadan aşakdaky plan esasynda düzme ýazyň.

## Meýilnama

1. Tilkiniň aldanyşy.
2. Möjegiň gapana düşüşi.
3. Tilkiniň möjegi aldaýşy.

# BATYR PÄLWAN

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda Garadaşly ilinde Ajam baý diýen bir baý bar ekeni. Onuň Soltangül diýen bir gyzy bar ekeni. Soltangül owadanlykda, görk-görmekde gül-pürçük ýaly ekeni. Ol gyzyň ýene bir aýratynlygy – göreş tutmaga ökde ekeni.

Ajam baýyň goňşusy günleriň bir güni ol gyzyň äpet güjüm agajyny ýerinden gozgap duranyny görüpdir. Hem-de şo zaman baýa habar beripdir. Şondan soň Ajam baý gyzyna göreş tutjak adam gözlemegiň ugruna çykypdyr. Ol bir külbede üç daýaw dogan ýaşaýan oba gelipdir. Baý ýanyndaky öz ynamdar adamsyny ilki uly dogan bilen gürleşdirýär. Ýaňky adam:

– Eý, ýaş ýigit! Ajam baý diýen biriniň bir gyzy bar. Şonuň bilen göreşip, eger ýykaýsaň baý size gyzyny berer-diýipdir. Ol oglan bilegi ýogyn, daýaw hem uzyn ekeni. Ellerini taýak edinip, däne tokmaklaýan ekeni.



http://eduportal.uz

– Baýyň gyzyny ýykman näme?-diýip, ol ýigit Soltangül bilen göreş tutmaga başlapdyr. Baýyň gyzy ony al asmandan gaýtarypdyr. Oglan masgara bolup, zordan ýerinden galyp, süýrenip öýüne gelipdir.

Ortanjy erkek doganam güýçli ekeni. Ol iki ellerini uzadyp, igde kakýan ekeni. Olam göreşde ýeňlip, yzyna gözlemän gaýdýar.

Gezek iň kiçi doganyna ýetýär. Oňa Batyr pälwan diýer ekenler. Ol Soltangül bilen göreşmek üçin üç günläp gizlin taýýarlanypdyr. Batyr pälwanyň iki agasynyňkydanam uzyn elleri, derýa köpri bolup biljek aýaklary bar ekeni. Edil şonuň ýaly-da, Batyr pälwan hünäre-de, emele-de ökde ekeni. Ol: “Men Soltangül bilen bir synanşyp göreýin. Ýöne kyrk araba getiriň. Kyrk gulaç ýüp hem alyp gelip, meni şol arabalar bilen saz-söhbet arkaly äkidiň” diýip, agalaryna ýüz tutupdyr. Onsoň ony edil öz aýdyşy ýaly edip äkidýärler. Baýyň gyzy bolsa şol wagt ýogyn-ýogyn derekleri, güjümleri ornundan yralap, göreş tutmak üçin türgenleşik geçip ýör ekeni. Soltangül birden Batyr pälwany görüp, özünden gidýär. Ertesi welin ol göreş tutmaga döwtalap bolupdyr. Baý märeke ýygnapdyr. Göreş başlanypdyr. Gyz içden çilip, tasdanam heläklemekçi eken. Oglan-da bar güýjüni jemläp, gyzy oňaýyna getiripdir.

Soň aýlap-aýlap, gyzy ýere bir pylçap urupdyr. Soltangül şeýle güýçli pälwan bilen ilkinji gezek

göreşýändigini, göreşde özüniň ýeňilendigini boýnuna alypdyr. Soňra Ajam baý eden şerti boýunça uly toý tutup, gyzy Soltangüli Batyr pälwana nikalap beripdir.

### Sorag we ýumuşlar

1. Soltangül nähili gyz ekeni?
2. Ajam baý nirä gidýär?
3. Batyr pälwanyň agalary özlerini nähili alyp barýarlar?
4. Siz Özbegistandaky pälwanlardan kimleri bilýärsiňiz? Olaryň atlaryny depderiňize ýazyp geliň.

## ADYLLYGYŇ AHYRY

Gadym zamanlarda Welmämmet diýen bir patyşa bar ekeni. Ol diýseň batyr, adyl hem salyhatly, parasatly adam ekeni. Asly garyp daýhan bolany hem-de ömrüniň köpüsini daýhançylyk edip geçireni üçin ol elmydama özüni garyp-gasarlara ýakyn alyp barar ekeni. Adamyň bagty getirse, oýlamadyk zatlaryňam bolar ekeni. Ýurda ýagy çozanda ýaňky Welmämmet öz nökerleri, ýigitleri bilen hetden aşa gaýduwsyz hereket edip, duşmany kül-peýekun edipdir. Halk derrew onuň öz erk-islegine-de garap durman, Welmämmedi şa tagtynda oturdypdyrlar. Öňki daýhan geýmini geýip, ýere yhlas edip ýören adama şa tagtynda oturmak birhili geň-taň bolup görünipdir.

Günlerden bir gün köşkden has uzak bir ýerde bir baý uly ili ýygnap toý beripdir. Muny eşiden Welmämmet wezir-wekillerini daşyna ýygnap:

– Meniň aýagyma bir ýyrtyk çokaý, egnime-de bir köne ýyrtyk don geýdiriň. Bar egin-başlarym köne bolsun, sal-sal! Men şol baýyň toýuna barmakçy. Ýöne on-on bäş adamam meniň ýanymda bolsun! Toý jaýa ýakyn galanda olar menden daşlaşsyn, ýöne meni gözden salmasynlar – diýipdir.

Welmämmet patyşany edil öz aýdyşy ýaly edip geýindiripdirler. Ol ýanyndaky nökerleri bir çeträkde galdyryp, ýeke özi toý jaýa barypdyr.

Toýda onuň özüne, sözüne ähmiýet beren kişi tapylmandyr. Gaýtam Welmämmedi bir çöpüň üstünde oturdypdyrlar. Özüne-de agyzdan galan nahar getirip beripdirler. Şa duzuň hormaty üçin diňe tagamyny dadyp görüpdir. Ol tiz omin edip, toýdaky märekä nähili hyzmat edilýändigini bir çete çykyp,mazaly synlapdyr.

Patyşa nökerleri duran ýere gelipdir. Şa mynasyp lybaslaryny geýip, toýa ikinji gezek gelipdir. Onuň gelýändigini görüp, baý öňünden hyzmatkärleri bilen çykypdyr, Welmämmet patyşany atdan göterip düşüripdirler. Toý eýesiniň tabşyrmagy boýunça patyşa ömründe görmedik hezzet-hormat edipdirler.

Welmämmet şa iki gezek gelende-de özüne nähili hormat goýlandygynyň sebäplerini gowy düşünipdir. Soňra ol toý eýesine garap:

– Hälki hol çöpüň üstünde sal-sal eşikli, aýagy köne çarykly oturyp, agyzdan galan tagamy iýip giden hem mendim. Şol wagt siziň hiç biriňiz meniň habarymy almadyňyz, geldiňmi-gitdiňmi diýmediňiz. Siz adamyň geýmine seredip, hyzmat edýän ekeniňiz. Men muny köşkde oturan ýerimde bilmändirin. Toý toýa meňzesin. Ol garyba-da, baýa-da deň bolsun! – diýipdir.

Toý eýesi, beýlekiler patyşanyň aýagyna ýykylyp:

– Hormatly şahym! Tanamadygyny sylamaz diýenleri bolupdyr. Bir damja ganymyzy geçiň. Indiden beýläk bular ýaly ýagdaýa ýol bermeris! – diýip, ötünç sorapdyrlar.

Patyşa olaryň ýazygyny geçipdr. Ol adyl ýurt soramaklygy ahyryna çenli dowam edipdir. Bir gün wezir – wekillerini ýygnap:

– Indiden beýläk meniň raýatymdaky adamlar ynsanyň geýmine, garyplygyna garap däl-de onuň sadalygyna, adamkärçilik mertebesine, salyhatlylygyna garap hyzmat etmelidirler. Kim şu permany bozsa oňa berk çäre görüljekdir, siz hem hut häziriň özünde munuň berjaý edilişine gözegçilik edip ugramalysyňyz! – diýip, şa pugta sargapdyr.

Şeýlelikde, Welmämmet şa ilki özünden başlap, öz raýatynda uzak-uzak ýyllar adalatlylygy dabaralandyrypdyr.

## Soraglar

1. Patyşa ilkinji ýola toýa baranynda nähili garşy alynýar?

2. Baý soňky baranynda Welmämmede nähili garaýar?

3. Patyşa baýa garap näme diýýär?

4. Welmämmet şa köşge gelip, emeldarlaryna näme diýýär?

5. Näme üçin şanyň aýdanlaryny hemmeler makul hasaplaýarlar?

Adalatlylyga sen nähili düşünýärsiň?

http://eduportal.uz

# ÝAŞYL BAHAR

*Hudaýberdi HANMEDOW*

## BAHARGÜL

Sygryny suwa ýakyp gaýdan Abadan eje içki otagyň gapysyny açyp, töre boýnuny uzatdy. Onuň Bahargüle gözi düşmedi. Soňra gaharyna:

– Bu bihepbe gyz henizem gelmändir-ow. Nirelere güm bolup gidäýdikä? Gel, öýe gelse men şuňa ýatdan çykmaz ýaly bir temmi bereýin – diýip, özbaşyna hüňňürdedi.

Soň elindäki suw çelegini eýwandaky çelekleriň gapdalyna eltip goýup, ýene Bahargülüň içki otagyna girip gitdi. Dywardaky tertipli edilip asylyp goýlan suratlara, görnükli ýerde gyrasy elwan mata bilen jäheklenip agaç ramkada aýna salnyp goýlan hormat hatlara çalasyn göz gezdirip çykdy. Ondan soň içinden “Gyzym Bahargül jan-a öňler ýaman däldi. Onuň elinden çykan halyçalar, keşdeler göreni aňk ederdi. Olar hatda ýaryşlara-da gatnaşdyrylyp, birnäçe hormat hatlaryna mynasyp bolupdy. Bu ýyl-a, bilmedim, nä döw çaldy, “ony-muny edäýein” diýenok. Öňki bäşlik alyp okaýan gyz, indi iki aýdan bärem üçlükden ýokary galyp bilenok. Haçan görseňem Gülsoltanlara eňip oturşydyr. Hernä, alla özüne ynsap bersin-da” diýip oýlandy, ýakasyny açyp, içine tüýküren boldy.

Onýança-da Bahargülüň özem ýetip geldi. Gaharyny kimden çykarjagyny bilmän oturan Abadan eje gyzyny mazaly darady:

– Sen her gün diýen ýaly şol gyzyňka gidýärsiň. Özüňem öýe giç köwlenýärsiň. Olar obamyza göçüp gelip, asyl bize bilniksiz bir bela bolup ýapyşaýdy. Geçen ýyl-a beýle gylygyň ýokdy, gyzym. Dogrymdan gelsem men-ä saňa düşünemok. “Sapagymy okaýyn ýa ejeme kömek bereýin” diýip oýlanmasaň... Men-ä nä alaç etjegimi bilemok. Eger şu öýden girip-çykjak bolsaň, ertirden başlap Gülsoltanlara garap ýekeje ädimem ätlemersiň!

Bahargül sesini çykarmady, diňe aşak bakyp oturyberdi. Soňam ol ýagşydan-ýamandan enesine hiç zat diýmedi.

Abadan eje käýäp-käýäp, göleleriň iýmini bermek üçin mal ýatak tarapa gitdi. Ol bir sagada golaý eglendi. Gelse öýde Bahargül ýok. Ol nirädir bir ýere gümüni çekipdir. Ene gyzyny gözläp, ep-esli wagt ýitirdi. Näçe agtarsa-da Bahargul gara bermedi.

Bahargülüň bu hereketi soňam birnäçe gezek günaşadan diýen ýaly gaýtalandy durdy.

Bir günem Abadan eje gyzynyň giden tarapyny yzarlap, onuň söbügine düşdi. Ol Gülsoltanlara gelip, usul bilen gapyny açdy. Pejiň golaýynda oturan kempir ony görüp:

– Geleweri, Abadan! Arkaýyň jaýlaşyp otur. Men saňa çaý-paý goýuşdyraýyn. Tüweleme,

taňry dilden-gözden aman saklasyn, allanäme gyzyňyz bar ekeni. Gülsoltan Bahargül bilen arkalaşyp işläp, igdeden talhan taýýarlady. Ol diýseň süýji bolupdyr.

Ondan dadyp gör hem çagajyklaryňyň paýyny äkit! – diýip, güler ýüz bilen garşy aldy. Myhmana ortadan düşek ýazdy, onuň üstüne geçip, ornaşykly oturmagy haýyş etdi.

Gahary bir eýýäm zym uçan ýaly bolan Abadan kempiriň göwnüni ýykyp bilmedi. Ol derrew el ýuwdy, süpürinip, görkezilen ýere geçdi. Orta giňden edilip, saçak ýazyldy. Çörek, şireşepbik, üzümdir alma goýuldy. Onuň gapdalyna Gülsoltanam tabaga salyp, 7–8 bölek talhan getirip goýdy.

Abadanyň Bahargüle nazary düşmedi. Ondan soň durup bilmän:

– Bahargül siz tarapa gaýdypdy. Gelmedimi? – diýip, Gülsoltandan sorady.

– Hawa, geldi, Abadan daýza. Ol başga jaýda tamdyra çörek ýapmak üçin hamyr ýaýyp otyr. Zerur bolsaňyz, ony çagyraýaýyn?! – diýip, Gülsoltanam myhmanyň ýüzüne seretdi.

– Ýok, olar ýaly bolsa işläbersin.

Bir sagatdan mele myssyk çörek hem saçaga getirildi.

Abadan eje gaýtmakçy bolup ýerinden turdy. Şol wagtam kempir:

– Hany, gyzym Bahargül: Meniň ýanyma gel! Men saňa bir ak patamy bereýin. Abadan, hu-

daýym saňa-da uzak ömür bersin. Asylly gyz terbiýeläp ýetişdirensiň. Belki, eşidensiňem, birki aýlykda oglum Täzebaý ýeňil maşynly gelni bilen toýdan gelýärkä heläkçilige uçrapdy. Häzir özem, gelnim Annahalam keselhanada. Herne soňy haýyr bolsun-da! Menem garry bolanymdan soň hiç zada güýjüm ýetenok. Hudaýa müň katra şükür, 3–4 agtygym bar. Hemmesem entek ýaş. Olara göz-gulak bolup ýörmegem maňa uly alada bolup dur. Bular aýak bitensoňlar bir ýerde durmaýarlar. Suwa gaçjagam ýa bir ýere ot berjegem belli däl. Gülsoltanam okuwyndan gelse, günde bolmasa-da günaşa diýen ýaly keselhana gatnaýar. Ata-enesi birneme ganymatlaşyp, öýe gelýänçe Gülsoltana ýardam bermegi synp ýolbaşçysy Bahargülden haýyş edipdir. Şondan bäri gyzyňyz gün yrman diýen ýaly gelip, ýardamlaşyp gidip dur – diýdi.

Gözüniň ýaşyny sylyp bolup, kempir bu başyna düşen betbagt hadysa barada Abadana janygyp gürrüň berdi. Ondan soň ol iki elini ýokary göterip, birnäçe minnetdarlyk sözlerini aýdyp, Bahargüle ak patasyny berdi. Abadan eje-de oňa goşulyp, “Omyn!” diýip, iki elini ýüzüne syldy.

Bular tirkeşip gaýtdylar. Abadan eje gyzyna garap:

– Garry mamaňyň alkyşyny alanyňa men örän şat, gyzym. Ýöne näme üçin öň maňa duýduraýmadyň? – diýip, sorag berdi.



http://eduportal.uz

Bahargül säginjek ýaly etdi-de muny şeýle düşündirdi:

– “Aýtsaň olar seni ibermezler. Eger kyn görmeseň gelip, günde 1–2 sagat kömek berip gidiber. Ölmesem eden hyzmatyň mendenem gaýdar” diýip, boýdaşym Gülsoltan maňa zynharlap tabşyrypdy.

Bahargülüň atasy bolsa: “Berekella, gyzym! Kyn pursatda hökman boýdaşyňa kömek beräýmeli” diýdi.

### Sorag we ýumuşlar

1. Abadan eje näme üçin gyzyndan nägile bolýar?
2. Täzebaýyň ejesi Abadany nähili garşy aldy?
3. Ene Bahargüle näme üçin ak pata berdi?
4. Ýolda gyzy Gülsoltan barada Abadana näme diýdi?
5. Siz Bahargülüň haýsy häsiýetlerini haladyňyz? Hekaýadan enäniň Bahargül barada aýdanlaryny okap, manysyny gürrüň edip beriň.
6. Aşakdaky nakylyň mazmunyny düşündiriň:

Dost dosty külpetde synar,
Adam adamy zähmetde synar.

***Baýram DÖWLETOW***

## BAHARYŇ KEŞBI

Gyş tamam boldy. Bahar geldi. Ak ýorganyny üstünden aýran tebigat ýaşyl kürtesini egnine ýapdy.

Ýerleriň doňy çözülip, ot-çöpler dürterişip gögerip çykdylar. Ýaplardan akýan bulançak suw-



http://eduportal.uz

lar, olaryň şyggyldy sesleri baharyň gelenini buşlady. Toprak bahar paslynyň jana şypa beriji howasy bilen dem alýar.

Selmedir ýylaklar, beýleki ösümlikler başlaryny ýokary göterip, mymyk şemala yraň atyp otyrlar. Kebelekler ak ýüpek ýaly ganatlaryny hereketlendirip, gülden-güle gonýarlar.

Miweli baglar güle bürenip, ak halat ýapynan ýaly dur olarda bilbeller saýraşyp, şirin owazyny çar tarapa ýaýradýarlar. Agaçlaryň aşagynda gezip ýören tawuslaryň bolşuny synlap, mähriň ganmaýar. Olar täjihoraz ýaly çym-gyzyl ganatlaryny ýaýyp, baga üýtgeşik görk berýärler.

Gumry, kepderi, garlawaç ýaly guşlar höwürtge ýasanyp, nesil öndürmek niýeti bilen başagaý.

Açylan gülleriň, dürli otlaryň üstünden öwsen mylaýym ýeller hoşboý yslary özi bilen alyp gelýärler. Olardan dem almak kalbyňa lezzet berýär, ýene-de göwnüňi göterýär.



Baharda maldarlaryň, daýhanlaryň iş-aladalary barha köpelýär. Dowarlaryny ýaýla süren çopanlar owlak-guzy almak bilen meşgul bolýarlar. Owlakdyr guzularyň böküp oýnaýyşlary, mäleşýän sesleri bahar keşbine gözellik eçilýär.

Daýhanlar bolsa täze hasylyň düýbüni tutýarlar. Şonuň üçin gündizine we gijesine sürüm iş-

leri güýçli depginde alnyp barylýar. Gijelerine gürlewikleriň gürrüldisi, dürli guşlaryň saýraşýan sesleri has uzaklara ýaýrap gidýär. Olar beýleki sesler bilen utgaşyp, özboluşly sazy emele getirýärler.

Käte gök gürläp, ýyldyrym-da çakýar. Onsoň ösümlikleriň çaňyny ýuwjak ýagyşa garaşmak bolar.

### Soraglar

1. Ülkämize baharyň gelendigini nireden bilýäris?
2. Baharda günortadan haýsy guşlar uçüp gelýärler?
3. Siz baharda meýdana çykyp görüpmidiňiz? Daýhanlar bu döwürde nähili işleri ýerine ýetiryärler?

***Baba GARAÝEW***

## SAÝRA, BILBILIM

Saýra, bilbilim, saýra,
Saýra, sesiň diňlensin.
Säher baga çykamda,
Şat owazyň ýaňlansyn.

Saýradykça saýragyn,
Saýrajak wagtyň geldi.
Sesiňe ses goşulyp,
Äleme şatlyk doldy.

Gündizler bag içinde,
Seni gülde görýärin.



http://eduportal.uz

Şirin sesiňi diňläp,
Ýakyn-ýakyn barýaryn.

Saýra, bilbilim, saýra,
Saýra, sesiň diňlensin.
Säher baga çykamda,
Şat owazyň ýaňlansyn.

## Sorag we ýumuşlar

1. Goşguda bilbiliň saýraşyna nähili höwes edilýär?

2. Şahyryň "Saýrajak wagtyň geldi", "Ýakyn-ýakyn barýaryn" diýen sözleriniň manysyny öz düşünişiňize görä gürrüň edip beriň.

3. Siz bilbili görüpmidiňiz? Ol barada gürrüň edip beriň. Bahar hakynda ýazylan ýene haýsy goşgulary bilýärsiňiz?

***Allaberen KADYROW***

## GARLAWAÇ

Dikleýärkäm paýa üzüm çybygyn,
Agtygym Beglijik ýanyma geldi.
Diýdi: – Baba, urup öldüreýin men,
Bir süri garlawaç eýwana doldy.

Soňra edip ýören işimi taşlap,
Agtygym göterip girdim-de öýe,
Diýdim: – Olar gelen bahary buşlap,
Erbet pikirleri getirme küýe.



http://eduportal.uz

Adamy özüne howandar saýyp,
Depämizde çagalaýar garlawaç.
Gaýta janaweri ýürekden söýüp,
Girip-çykar ýaly aýnany-da aç!

Wijirdeşip öz dilinde enaýy,
Garlawaçlar myhman bolýar öýmüze.
Ötürip aradan ençe gün, aýy,
Çagalary ulalyp, gitdiler düze.

Garlawaçlar ýene gelip öýmüze,
Wijirdeşýärdiler ýüzmüze garap.
Pikir etdim, sag boluň aýdar bize,
Eden ýagşylygymyz göwnüne ýarap.

## Sorag we ýumuşlar

1. Begli babasyna näme diýdi?
2. Babasy agtygyna garlawaç barada nähili gürrüň berdi?
3. Garlawaçlar öz minnetdarlygyny nädip beýan edýärler?
4. Bu guş haýsy wagt gelýär? Goşgyny ýatlaň hem-de mazmunyny öz sözleriňiz bilen gürrüň edip beriň.

***Enwer HAJY***

## MÄHRI JAHAN ENEJAN

Gijeler ýatman çykan,
Mähir çyrasyn ýakan,
Güneş dek nurly bakan,
Kalby asman enejan,
Mähri jahan enejan.



http://eduportal.uz

Okuwa şat ugradýan,
Adam bol diýip aýdýan,
Säher çagy oýadan,
Kalby asman enejan,
Mähri jahan enejan.

Köçä çyksam eger-de,
Gözüne ilmesem bir-de,
Gussa peýda bor serde
Kalby asman enejan,
Mähri jahan enejan.

Bagtymyza sag-aman,
Boluň diýýäs her haçan,
Size yhlas, söýgim kän,
Kalby asman enejan,
Mähri jahan enejan.

Goşgyny ýatlaň.

***Akgeldi AŞYROW***

## NOWRUZ – BAHAR BAÝRAMY

Okuw tamamlanypdy. Okuwçylar tertip bilen zaldan çykyp, daşarda nobata durdular. Şol wagt mugallymlardan biri:

– Şu gün Nowruz baýramyna taýýarlyk görmek barada ýygnanşyk boljak. Häzir hataryňyzy bozman, kluba girip oturyň, – diýdi.



http://eduportal.uz

Öňdäki hatardan hereket başlandy. Az salymda giň klubuň içi okuwçylardan hyryn-dykyn doldy. Iň öňdäki stullarda bolsa mugallymlar oturdylar.

Direktoryň teklibi boýunça baýry mugallym, okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasar Baýram aga çykyş etmek üçin söz berildi. Baýram aga tutuş zala bir nazar aýlap, onsoň söze başlady:

– Okuwçylar! Siziň eşidip ýörşüňiz ýaly Nowruz ýakynlaşyp gelýär. Ol musulman ýurtlarynda gadymdan bäri bellenilip gelinýän bahar baýramy hasaplanýar. Her ýylyň 21-nji martyndan täze ýylyň başlanýandygyny gadymkylar belläpdirler. Bu söz aslynda “Täze gün” diýen manyny berýär.

Ülkämize bahar geldi. Agaçlar pyntyk ýaryp, ot-çöplere jan girdi. Säheriň mymyk şemaly atyr gülleriň hoşboý yslaryny özi bilen alyp gelýärler. Hawa, Nowruz tebigatyň özboluşly gözelliklerini-de döredýär. Ýaplaryň, daglaryň gerişlerine ýassanyp ýatan garlar güneş nuruna eräp. Damja-damja bolup syrygýarlar.

Bahar baýramy bolan Nowruz, gynansagam onlarça ýyllap bellenilmändi. Ýurdumyzyň özbaşdaklygyny gazanmagy netijesinde ata-babalarymyzdan galan gadymy däp-dessurlarymyz gaýtadan diklendi. Muňa halkymyzyň guwanjy egsilmezdir. Biziň zähmetsöýer halkymyz bar. Şonuň üçin bahar baýramy bolan Nowruzy her kim öz zähmeti arkaly garşy alýar. Siz, okuwçylar, okuw-

da görelde görkezmek, ýagny gowy okamak, jemgyýetçilik işlerine işeňňir gatnaşmak bilen garşy almalysyňyz.

Daýhanlar bolsa ekin ekiljek ýerlerini sürüp, ekişe taýýarlaýarlar. Bol hasyl ugrundaky göreş hut şu pursatdan başlanýar.

Nowruzyň hem özboluşly däpleri, kadalary bar. Şu döwürde bir-birleriňiz bilen käýişmek, dawa-jenjellere goşulmak bolmaýar. Ýaşlar öz öýündäki iň uly, garry adamlara sowgat berýärler.

Her bir öýde Nowruz tagamlary taýýar edilýär. Olaryň görnüşleriniň dürli-dürli bolmagy üçin çalşylýar. Nowruz saçagyny üzüm, alma, erik, kişde, enar, petir, somsa, çelpek ýaly tagamlar bilen bezemek, olardan datmak we lezzet almak oňat däp hasaplanýar.

Bahar baýramynda her bir topar, taýpa öz mümkinçiligi boýunça tagamlar taýýarlap öz ussatlygyny gelenlere görkezýärler.

Hemmäňiziň bahar baýramy bolan Nowruzy garşy almagyňyzy arzuw edýärin.

Soňra çykyp geplemeler başlandy. Her bir synp öz mümkinçiligi boýunça sowgat taýýarlamaly diýen netijä gelindi.

## Soraglar

1. Okuwçylar näme üçin kluba ýygnandylar?

2. Baýram aga Nowruz barada okuwçylara nämeler diýdi?

3. Ýurdumyzda bu baýramda nähili tagamlar taýýarlanýar?

4. Ýygnakda nähili karara gelindi?

## BAÝRAM URP-ADATLARY

Nowruzda öý-içerini arassa saklaýarlar.
Nowruza çenli agaçlaryň düýbüne hek çalyp bolýarlar.
Nowruzda bugdaý ösdürip, semeni bişiryýärler.
Nowruzda bir-birleriňe ýagşy dilegler edýärler.
Nowruzda at çapmaga taýýarlyk görýärler.
Nowruzda täze egin-eşik geýýärler.
Nowruzda gamgyn bolup oturmaýarlar.
Nowruzda Nowruz tagamlaryny bişirýärler.
Nowruzda howluda hiňňillik ýasap goýýarlar.
Nowruzda gyz saýlamaga çykýarlar.
Nowruzda öýke-kinäni unudýarlar.
Nowruzda garyndaş-doganlaryňka görme-görşe barýarlar.
Nowruzda ata-enäniň gabryna zyýarata barýarlar.
Nowruzda gybat etmek bolmaýar.
Nowruzda aşna, ýar-dostlaryňka myhmançylyga barýarlar.
Nowruzda aty, iti urmak bolmaýar.
Nowruz güni gül ýygýarlar.
Nowruz güni ýylan öldürmeýärler.
Nowruz güni gyzlar gyzyl geýinýärler.
Nowruz güni öý eýesi öýde bolýar.
Nowruz güni hassalara baýram tagamlaryny iberýärler.



http://eduportal.uz

*I.A. KRYLOW*

## PIL BILEN MOSKA

*(Basnýa)*

Görkezmäge çykardylar bir Pili.
Geň haýwan ol – öran güýçli hem uly.
Hemme haýran – aňkaryşyp durýarlar.
Nirä gitse, yzy bilen barýarlar.

Moska diýen birje güjuk bir ýerden
Ýesersiräp Pile topuldy birden.
“Jöw-jöw!” edýär, çyňsaýar ol, üýrýär ol.
Hüžžerilip Pile hemle urýar ol.
Şawka diýen güjuk oňa: “Dost, gara!

Bes et, ýersiz urşup, bolma masgara!
Kim bolupsyň Pil bilen jeň gurmaga?
Ol äwmeýär. Dowam edýär ýoremegi,
Seniň hor-horuňa ol pikir bermän,
Gidip barýar, seni hiç zatça görmän.”
Moska jogap berdi oňa:

“Wah, geregem şol-da maňa!
Onuň bilen güýç synaşyp göreşmän,
Uruşgan adyň alaryn men uruşman.
Itler meni goý, öwsünler!
Mahabatlap şeý diýsinler:



http://eduportal.uz

– Ol, Moskanyň mertligini!
Öran batyr itdigini,
Üýrüp, Pile erjeşýär ol,
Piller bilen uruşyar ol.”

## Sorag we ýumuş

1. Moska ozüni nähili ýol bilen görkezjek boldy?
2. Moskanyň, Piliň we Şawkanyň usti bilen nähili adamlary aňlamak mümkin?
3. Moskanyň özüni görkezjek bolan setirlerini okaň.

***Doganlar GRIMM***

# KAMBALA BALYGY

Balyklar köpden bäri öz şalyklaryndaky hiç hili düzgün-tertibiň ýoklugyndan närazydylar. Hiç bir balygyň beýleki bir balyk bilen işi ýokdy. Hersi islän ýerine – kimsi çepe, kimsi saga, aý garaz, kellesine gelen tarapa ýüzüp gidýärdiler. Ýüzüşip ýören beýleki balyjaklaryň arasyna goşulýardylar, ýol-ýodalaryny baglaýardylar. Güýçleri ejizräklerini guýruklary bilen kakýardylar, kowýardylar.

– Düzgün-tertibe, adalatlylyga seredýän ýolbaşçymyz bolsa gör, nähili gowy bolardy – diýşip, olar arzuw edýärdiler. Ine, bir gezek olar ejiz balyklara kömek beren balygy ýolbaşçy saýlamakçy bolýarlar.

Çüý balygy atylan ok ýaly hereket edip öňe saýlanýar. Onuň bilen takgaz, okun, zagara we



http://eduportal.uz

beýleki balyklar hem okdurylýarlar. Kambala-da olardan galmaýar, ol hem hökümdar bolmakçydy.

Birden bir galmagal eşidilýär.

Takgaz hemmelerden öňde! Takgaz hemmelerden öňde!

– Kim öňde?! – diýip, iň yzda barýan bahyl kambala gahardan ýaňa towlanyp gygyrýar: «Kim öňde?»

– Takgaz, takgaz! – diýen sesler eşidilýär.

– Ýalaňaç takgaz – diýip, bahyl kambala gygyrýar: – Ýalaňaç takgaz!

Ine, şondan bärem jeza hökmünde kambalanyň agzy gyşykmyşyn.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Hekaýada haýsy balyklaryň ady tutulýar?
   A. Çüý balygy, takgaz, okun, zagara, kambala.
   B. Takgaz, sazan, lakga, kambala.
   W. Sudak, lakga, çüý balygy, zagara.
   G. Zagara, kambala, takgaz, sazan.
2. Näme üçin kambalanyň agzy gyşarypdyr?
3. Albomyňyza hekaýa degişli surat çyzyň.

***Abdylla ARYPOW***

## DAÝHANBABA WE ON IKI ÝETGINJEK KYSSASY

Daýhanbaba Moskwa
Saparyndan gaýdýardy.
Ýyndam otly “taga-tug”
Aýdymyny aýdýardy.



http://eduportal.uz

Näme uzak dünýäde?
Ýol uzakdyr, elbetde.
Badyn kesip “poçtowoý”
Togtar her duralgada.

Göz öňünden birme-bir
Öterdi nebereler.
Kiçijik Zaryfamy
Gahryman, Nadyralar.

Şu çak goňşy wagondan
Şemal ýaly şuwwuldap,
On iki sany ýetginjek
Gelip ýetdiler haslap.

– Baba, bizem sapardan
Gaýdyp barýas – diýdiler.
Häzir gürleşmek üçin
Ýanňa gelýäs – diýdiler.

– Tanyş bolalyň, onda
Diýdi gülüp dana çal.
Ýetginjeklerem şonda
Razy boldular derhal.

– Hany, aýdyň birme-bir
Mekan jaýňyzyň adyn.
Bilýäňizmi, balalar
Ülkämiziň ýagdaýyn?



http://eduportal.uz

Gol göterdi binobat
Birinji bolup Enwer.
Diýdi: – şähermiz Daşkent,
Ülkäň paýtagty bolýar.

– Men Aralyň boýunda
Ösdüm – diýdi Mätmyrat,–
Babam ökde balykçy,
Moýnakda gazandy at.

Bu çak Mädeminjanyň
Kalby doldy heýjana.
“Pagtaçylaň ýeri” diýip
At berdi Andijana

Ýoldaşaly gür berdi
Fergananyň adyndan.
Namanganyň baglaryn
Taryp etdi Fattahjan.

Adambaý hem Horezmiň
Öwgüsini ýetirdi
Biruny babasyn-da
Göz öňüne getirdi.

Nepes diýdi: Jyzzakda
Atam meniň çarwadar.
Gelýär bagban bolasym
Pagtaça-da niýet bar.



http://eduportal.uz

– Niýetiň hasyl bolsun –
Diýdi oňa Sonagül.
– Biziň taraplar ýöne
Mürzeçöl däl, Mürzegül.

Kaşgaderýaly Leýli
Söze goşuldy birden
– Ekýäris gowaçany
Ýardamam berýär Surhan.

Kaganly gyz Zewarhan
Basym goşuldy ara.
Diýdi: – Altyna baýdyr
Biziň gadym Buhara

Iň soňunda söz aldy
Samarkantly Häkimjan.
Diýdi: Biziň şäheri
Bilýändir bütin jahan.

Gysganmady hoş sözün
Daýhanbaba ýylgyryp
– Watanymyz giň hem baý
Bilersiňiz okap, görüp.

Siziň ýatlan ýerlerňiz
Ýalňyz bossan bolup dur.
Hemmesini goşsaňyz,
Özbegistan bolup dur...

## Sorag we ýumuşlar

1. Daýhanbaba otluda kimlere sataşýar?
2. Ýetginjekler oňa nämeler dogrusynda gürrüň berýär?
3. Daýhanbabanyň Watan hakynda aýdanlaryny tekstden tapyp okaň.
4. Goşgyny rollara bölüp okaň we mazmunyny gürrüň edip beriň.

***ÇOLPAN***

# HALK

Halk deňizdir, halk tolkundyr, halk güýç,
Halk pähimdir, halk otdur, halk aç...
Halk gozgalsa güýç ýokdur, kim togtadar.
Kuwwat ýok, kim halk islegin ýat eder.
Halk pähimi saltanaty[1] ýok etdi.
Halk isledi: täji-tagtlar ýykyldy...
Halk islegi: azat bolsun bu ülke.
Gitsin onuň başyndaky kölege
Bir gozgalar, bir köpürer, bir gaýnar,
Bir ymtylar, bir howlugar, bir oýnar,
Garyplygy, açlygy-da ýat eder.
Bolçulyk döredip, ýurdun şat eder...
Ähli güýji halk içinden alaýlyň,
Gujak açyp halk içine baraýlyň!

## Sorag we ýumuşlar

1. Halk pähimi saltanaty ýok etdi,

---

[1] *Saltanat* – patyşalyk.

halk isledi: täji-tagtlar ýykyldy...
diýen setirlere nähili düşünýärsiňiz?

2. Goşgyny labyzly okaň. Halkyň güýç we gudraty wasp edilen setirleri tapyň.

***Gafur GULAM***

## GARAGOL

*(Powestden bölek)*

Mugallymyň yzyna düşüp, howlusyna girdim. Ol iki sany gora gömlen zagara bilen bir agaç tabaga salyp mäşewe çykaryp berdi. Bu süýji tagamy işdämenlik bilen iýip aldym. Mugallym içeri girip gitdi-de, bir azdan soň eline bir uly pyçak, bir palta we bir gulaç ýaly ýüp bilen gösgöni meniň ýanyma geldi. Men bolsam onuň niýetiniň nämedigine düşünmän, howsala düşen keýik ýaly aýaklarymy bir ýere jüpläp, gaçmaga häzirlendim. Agzymy-da mäkäm ýumdum.

Mugallym meniň hereketlerimden bir zatlar aňan bolsa gerek, göwnüme bolmasa, ol ýuwaşan ýaly, ýüzüme bakyp:

– Gorkma, seni soýjak däl, men ejize ganym däl. Oglum, saňa bir hyzmat bar. Birnäçe günden bäri bakyp oturan bir öküzim keselläp ýatyr. Ine, şu gurallary gapdalyňda goýup, oýaly-ukuly ýatarsyň.

Birdenkä öküz ejizläberse, baryp, derrew bogazyna pyçak çekip çalarsyň-da, meni çagyrarsyň. Ätiýaçly bol, ýene uklap galyp, haram öldürip goýaýma! – diýdi.

– Bolýar, tagsyr – diýdim – çaý-paýy ýokmy?

– Näme – näme, şunça iýenleriň azlyk edýärmi? Eger çaý içesiň gelse, ýapda suw akyp ýatandyr. Oňa-da ýaltansaň kündükde-de bar, içiber şondan...

Mugallymyň buýran ýumşunyň ýeňilleşendigini aňyp, guwanyp gitdim. Onuň özi bolsa içeri girip gitdi. Maňa ýatar ýaly ýorgan getirdi. Şoňa girip aldym. Birnäçe wagtlara çenli asmana seredip, oýlanyp ýatdym. Ýatagyň töweregiňde peýda bolan her bir kölege meni gorkuzyp, janyma wehim salardy. Uklap bilmedim. Gije ýarymdan geçip daň ýakynlap galanda, gözüme az-owlak uky gelen bolsa-da, hyýalym oýalygymdaky ýalydy. Ýatak tarapda bir zadyň "gürp" edip, ýere ýykylyp, hyppyldap başlany eşidildi.

"Heý-waý, haram ölmüş, keselläp ýykyld-ow" diýip pikir etdim-de ýüp bilen pyçak, paltany göterip, ýataga bakan ylgadym. Bir haýwan garaňkyda ýere ýykylyp, hyrryldap ýatyrdy. Dogry ýanyna baryp ökde gassaplar ýaly tiz hereket edip bogazyna pyçak saldym, gan batly atylyp gitdi. Tä aýagymdan başlap, ýokaryma çenli gana boýaldym. Jan bermekçi bolan haýwan iň soňky demini ýygnap galmakçy boldumy, nätdimi? Ol öýkendäki demlerini ýygnap, has batly pyşgyryp iberdi.

Haýwan jan berip boldy. Mugallym "Ýa meni çagyr, bolmasa-da başarsaň derisini sypyryp, ýalaňaç edip goýgun!" diýen bolsa-da gije garaň-

kylygy sebäpli hem-de özümiň ýadaw bolanym üçin eti gana degip, haram bolmasyn diýip, galan işleri daňa galdyrdym. Uly bir aladadan dynan adamlar ýaly parahat dem aldym, ýene ýorgana girip, arkaýyn ukladym.

Daňa ýakyn süýji uka giden ekenim. Aç bykynyma tumşugy ýemşik uly köwüş bilen gezek-gezegine urulýan urgulara çydaman oýandym. Görsem, depämde kelte köýnekli... her bir gözi garalydek garalyp görünýän mugallymym gaharly maňa bakyp dur. Ýerimden syçrap galdym. Mugallymyň elindäki paltanyň sapy gelip ýagyrnyma bat bilen degdi. Haýran galdym. Ondan soň: – Hä, tagsyr, bir ýetimi uruberýäňiz, hyzmatymyň taňry ýalkasyny şumy tagsyr? – diýip, aglap iberdim.

Mugallym bolsa: – Hyzmatyň başyny iýsin. Eşegi soýup goýupsyň-a, ataňa länet! Men bu eşegi Buharaýy şerifden üç tylla alypdym. Özem, gör, nähili üýtgeşik eşekdi! Waý-waý, eşegimaý!.. – diýdi.

Eşeginiň ölenine jany ýanan mugallym meni ýene urup ugrady. Eşegi hut öküzdir öýdüp, bogazyna pyçak çeken ekenim. Öküz bolsa bireýýäm ölüp, gatap galan eken. Syrçaly küýze düşen syçan ýaly bolup, dört tarapyma garap, özüm üçin bir peýdaly ýoly agtarýardym...

Meniň samsyklygymdan ýaňa gazaba münen mugallym öküziň aýagyny baglar ýaly düýnki alyp gelen ýüpüni sekiz bükläp, derrew ýany-

ma geldi. Meni birnäçe gezek ura-ura humardan çykdy. Men ýene turup gaçdym. Derrew üzeňňä dyrmaşyp, tamyň üstüne çykdym. Özümem gaýta-gaýta yzyma seredýärdim. Men tamdan tama böküp, gaçyp gitmekçidim.

## Soraglar

1. Mugallym oglany näme bilen naharlady?
2. Oglan nämeden gorkup gitdi?
3. Mugallym oglana nähili iş tabşyrdy?
4. Ol oglany näme üçin urdy?
5. Oglan mugallymdan nädip gaçyp gutuldy?

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Watanymyzyň geçmişine degişli hekaýalary okap, ata-babalarymyzdan kimleriň ömri we işleri bilen tanyş bolduňyz?

2. Okan hekaýalaryňyz, goşgularyňyz arkaly Watanymyzyň geçmişi bilen häzirki döwrüni deňeşdirip gürrüň edip beriň.

3. Watanymyzdaky haýsy şäher, dag we derýalary bilýärsiňiz? Öz ýaşaýan obaňyzyň, şäheriňiziň taryhy barada eşidipmidiňiz?

4. “Öz şäherimiň, obamyň taryhy” diýen tema boýunça düzme ýazyň. Onda oba ýaşulylarynyň gürrüňlerinden peýdalanyp bilersiňiz.

http://eduportal.uz

# ÝAŞASYN PARAHATÇYLYK, ÝAŞASYN DOSTLUK!

*Şükür SADULLA*

## DYNÇLYK GUŞY HAKYNDA MENIŇ OKAN GOŞGYM

Turýaryn säher bilen,
Salkyn şemallar öwser.
Giň ýurdumy görýän men,
Kalbymy şatlyk bezär.
Kepderlerim görsem diýip, –
Barýaryn men ýanyna.
Dynçlygy jandan söýüp, –
Goşandym goşýan ýene.
Uçurýaryn,
Ak kepder –
Öňe edýär hereket.
Ýaldyraýar ganatlar
Mysaly ak samolýot.
Seredýärin:
Her öýden
Uçup çykar ak kepder
Ganatlary ak kagyz
Her kepder – janly depder.
Janly depder,
Janly söz –
Çagalaryň owazy.
Ony görer her bir göz.



http://eduportal.uz

Bu – dynçlygyň perwazy,
Dünýä görer:
Säherde,
Uçar ýörer ak kepder,
Çarh urar-da asmanda,
Dynçlyk! – diýip çeker jar:
Bilsin uruşbaz, jellat,
Ganhor, adamhor, betpäl.
Dynçlyk islär ýaş nesil
Uly-kiçi, är-aýal!
Uruş bolman jahanda
Dynçlyk bolsun berkarar,
Erkin uçsun asmanda
Dynçlyk guşy – ak kepder!..

### Sorag we ýumuş

1. Goşguda dynçlygyň simwoly – ak kepderi nähili teswirlenýär? Onuň ganatlary näme meňzedilýär?
2. "Parahatçylyk urşy ýeňer" diýen temadan düzme ýazmaga taýýarlanyň.

***Perhat MUSAJANOW***

## SAHY BAGBAN

Akyljanyň kakasy güýzde howluda birnäçe düýp bägül nahalyny oturdypdy.

Aralykda Akyljan howluda oýnap ýörkä, gül nahalarynyň ýaprak çykarandygyny, biriniň bolsa gunça ýasandygyny görüp galdy. Onsoň begendi. Şondan soň her gün ir bilen turup, ylgawyny ýazdyrman gülüň ýanyna barýan, gunça ulaldy-



http://eduportal.uz

myka diýip seredýän boldy. Emma gunça nähili bolsa, hut şol bolşuny saklap özgermeýärdi.

Akyljan kakasyna garap:

– Däde, gunça näme üçin ulalybermeýär, haçan güllärkä? – diýip sorag berdi.

Şonda kakasy:

– Gözleýşiňe bagly-da, balam. Aşagyny tiz-tizden ýumşadyp, suw guýup dursaň, ana, onsoň gül çykarar – diýdi.

– Bolýar, gözläýin.

Akyljan sözünde tapyldy, günaradan teşe bilen gül nahallarynyň düýplerini ýumşadyp, suw guýdy. Nahallar gününi sanap ösüp başlady. Kän garaşdyrman gunçanyň ujy ýarylyp, gyp-gyzyl gül göründi. Ilkiler ol kiçijikdi, üç günden soň edil käsäniň agzy ýaly tegelek bägüle aýlandy. Ol şeýle bir owadandy, Akyljan garap doýmaýardy.

Ýekşenbe güni goňşulary Şahystanyň doglan günüdi. Oňa Akyljanam myhmançylyga çagyrdylar.

Akyljanyň Şahysta nähili sowgatly barmalydygyny maşgala agzalary özara geňeşdiler. Ejesi, mamasy, uly, agasy dürli zatlary agzadylar. Emma bir netijä gelip bilmediler. Şol wagt kakasy:

Bägüli alyp gidibersene! – diýdi.

Akyljan närazylyk bildirip:

– Hä... Men häli Şahysta üçin azara galyp bägüli ösdürip ýetişdiren ekenim-dä. Gerek däl! – diýdi.

Kakasy gaharly:



http://eduportal.uz

– Men ýalňyz özüň üçin gül ösdüreniňi bilmändirin – diýip batly gepledi. Ejesi gürrüňe goşulyp:

– Äkidiber, Akyljan! Şahystanyň güli örän gowy görýändigini bilýärsiň-ä! Ýolmasaň, barybir üç-dört günden solup, ýapraklary dökülip gidýär-diýdi.

Göwnüne ýoksa-ýokmasa-da Akyljan razy boldy. Güli gaýçy bilen gyrkyp, Şahysta äkitdi. Olam örän begendi. Güldana suw guýup, bägüli şoňa saldy. Onsoň stoluň ortasynda goýdy. Bir öý çagalardan dolup, myhman bolup otyrdylar. Aýratyn-da, Nadyra bilen Nigara “Örän owadan gül ekeni” diýip, ony öwdüler. Şo mahal Şahystanyň babasy öýe girdi. Erteki aýtmaga ökde bolany üçin mähelledäki çagalar oňa “Ertekiçi baba” diýýärdiler. Şahysta güli oňa görkezdi. Nadyra bilen Nigara “Seret, baba, nähili owadan gül” diýip, guwanjyny ýüze çykardylar.

Ertekiçi baba gözlerini gyrpyldadyp, soňra şeýle diýdi:

– Güli sowgat äkelen Akyljana berekella aýtmaly. Ýöne, köşeklerim, göwnüňizi göteren şu güli kimdir biri der döküp kemala getiren. Şoň üçinem güli terbiýeläp ýetişdiren bagbany ýada salyp, oňa sag bol aýtmagyňyz gerek.

Çagalar gykda-wak boluşyp, babanyň pikirini makulladylar.

Şonda Akyljan öwünmäýin diýip jan etdi, emma bolmady. Begenjini içine sygdyryp bilmän:

– Güli men ösdürip kemala getirdim! – diýenini duýman galdy.

Çagalaryň bary oňa garady. Akýljan ýoldaşlarym maňa ynanmaýarmykalar diýip oýlandy-da:

Dogry. Entek gunçasy köp, görersiňiz häli. Açylan wagty Nadyra hem, Nigara hem berjek – diýip, kasam etdi.

Ertekiçi baba ýylgyryp, Akyljanyň arkasyna kakdy-da:

– Berekella, köşegim, sen hakyky bagban ekeniň gowy bagban edil sen ýaly sahy bolýar – diýdi.

### Sorag we ýumuşlar

1. Akyljanyň kakasy nämäni maslahat berdi?
2. Akyljanyň bitiren işlerini gürrüň edip beriň.
3. Onuň haýsy häsiýetleri saňa ýarady? Näme üçin?
4. Hakyky bagban nähili bolmaly eken?
5. “Sahy” sözüniň manysyny düşündiriň.
6. “Gül” diýen sada söze, ýene söz goşup, goşma sözleri emele getiriň.
7. Aşakdaky nakylyň manysyny düşündiriň:
   *“Adamy halal zähmet beýgeldýär”.*

***MIRTEMIR***

## TUT

Gowy bişdi tut,
Reňki göýä süýt.
Tagamy hut bal,
Ýygyp-ýygyp iý,

Görmersiň zowal.
Goja “Sag bol” diý.
Bagban bolan şol,
Zähmeti halal.



http://eduportal.uz

Bagyşlar şypa,
Derdiňe doga...
Gepiň syrasy:
Daňlar ýagtysy,
Toprak şiresi

Güneş nurlary –
Şu bölek tutda,
Bal bilen süýt-dä.
Doýup-doýup iý,
Goja “Sag bol!” diý!

## Sorag we ýumuşlar

1. Şahyr tuduň reňkini näme meňzedýär?
2. Ýene nähili reňkdäki tutlary bilýärsiňiz?
3. Näme üçin bagbana “Sag bol!” aýtmaly?
4. Özüňiz nähili nahallar ekdiňiz?

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Baharyň gelmegi bilen tebigatda nähili özgerişler peýda bolýar?



2. Bahar paslynda nähili baýramlar bellenilip geçilýär? Baýramlara bagyşlanan goşgulardan ýatdan aýdyň.

3. Daýhanlar baharda nähili işler bilen meşgul bolýarlar? Pileçiler nä?

4. “Ülkämizde bahar” diýen temadan albom taýýarlaň hem düzme ýazyň.

5. Bahara degişli matallardan, nakyllardan tapyp, depderiňize ýazyň.

http://eduportal.uz

# TOMUS ÇAGYNDA

***Sazak NURYÝEW***

## TÄSINLIK

Ömrüniň otuz ýylyny çopançylyk bilen geçiren Durdyguly aganyň döwlet hojalygynyň merkezi posýologyna göçüp gelenine dört ýyl bolupdy. Onuň salan jaýynyň iki ýüz metr günorta-günbatarynda uly ýap bardy. Oba oglanlary howa yssy bolanynda güzere golaý ýerlerinde suwa düşerdiler.

Durdyguly aga awçydy. Ogly Baýmyrat hem soňky günlerde balyk tutmak bilen gyzyklanyp ugrady. Kä işi şowuna düşse, käte tersine bolardy. Onsoň atasy oglunyň bu hereketlerini makullamazdy. Bir gezegem uzynly gün oturyp, Baýmyrat iki sany şapbat ýalyjak çapak getirdi. Ikisini goşanyň-da ýarym kilo geljek däldi. Onsoň Durdyguly aga käýinip:

– Oglum, “Balyk tutjak” diýip, günuzyn aç-suwsuz ýap boýunda oturýarsyň. Netijesem ýaňky ýaly. Eden işiň ürküzen gurbagaňa-da degenok. Ondan hojalyk işlerine ýardam ber! Elbetde, men seniň balyk tutmagyňa garşylyk görkezjek bolamok. Olam gerek. Ýöne ony eliňiň boş wagtlary ediberseňem boljak – diýdi.

Bir gezek Baýmyradyň ýanyna synpdaşy Aky geldi. Ol Baýmyrada:

– Balyk tutjak bolup, sen wagtyňy dogry peýdalanyp bilmeýärsiň. Diňe bir garmagyňa seredip, ep-esli salym boş oturýarsyň – diýdi, onuň bu hereketlerini kän bir makullap durmaýandygyny syzdyrdy.

Baýmyrat Akynyň arkasyna kakyp:

– Eý, dostum! Sen entek balyk tutmagyň nähili gyzyklydygyny, keýp berýändigini bilmeýärsiň. Bu kär şeýle bir hezil, täsin. Men-ä wagtymyň nähili geçeninem duýman galýaryň – diýip, öz ýüregindäkini oňa mälim etdi.

Aky dostuny Soltanlara äkitdi. Ol ökde balykçydy. Awçylyk barada köp söhbet edişdiler.

Baýmyrat balyk tutmagyň aňsat usullaryny Soltandan öwrendi. Ol arak çüýşä partlaýjy madda salyp, üstündenem suw guýdy, çüýşäniň agzyny mäkämledi. Soňra ony suwa çümdürip, özi daşrakda garaşyp oturyberdi.

Çüýşäniň içinde reaksiýa emele gelip, ol gulaklaryňy deşer derejede gümpüldäp atylypdyr. Sarsgynyna balyklaryň hemmesi ýüze çykypdyr. Olar edil ýüregi ýarylyp, ölüp galan ýaly ekeni. Onsoň ol bir çetden balyklary çöpläpdir.

Baýmyrat bu “usuly” Aka-da öwredipdir.

Soň Baýmyrat ýene şeýdipdir. Begenjine ol üç ullakan balygy öýüne eltip, bu “usuly” atasyna duýdurypdyr. Ol Durdyguly aga bilen ýap boýuna gelse, suwuň ýüzüne “ölüp” çykan balyklara duş gelmändir.

Oglan atasyna “Ol balyklary kimdir biriniň görüp, alyp giden bolmagy mümkin” diýip, öz çaklamasyny mälim edipdir.

Şonda Durdyguly aga: “Oglum, ol çaklamaň hem hakykatdan daşda däl. Ýöne başga bir zadyň bolup biläýmegem mümkin. Balyklaryňam ilki “ölüp”, soň direlen bolaýmagy ähtimal. Het-den aşa güýçli partlamada ýa sarsgynda balyklar huşuny ýitirip, “ölüp” galýarlar. Olaryň daşdakylary birneme wagt geçensoň ýene direlip, suwa çü-müp gidiberýärler. Has golaýdakylary şol hadysa ýüregi ýarylyp, ölübem galýarlar muňa awda-ky täsinlik diýilýär. Şolar ýaly täsinlikleriň, has dogrusy, ilki “ölüp” galyp, soň direlenleriň telimini görendiris” – diýdi.

Agşam Baýmyrat Akyny myhmançylyga çagyr-dy. Durdyguly aga awçylyk baradaky tejribelerin-den gürrüň berdi. Soňra ol:

– Men ilki awçylyk eden ýyllarymda şeýle bir waka boldy. Gar bardy. Towşan atmak üçin iki bolup çykypdyk. Bir towşany kowalap gitdik. Ol gardan saýlanyp bir göründi welin, ýoldaşym atdy. Men towşany göterdim-de endam-janyny barladym. Hiç ýerinden ok degmändir. Megerem, gapdalyndan şuwlap geçip gidendir. Emma ol janawerde jan ýokdy.

Towşany aw torbamyza salyp, ikimizem ýolu-myzy dowam etdirdik. Aradan 2–3 sagat geç-di. Men sähralamak üçin towşanly torbamy gap-dalymda goýdum. Soň ony açsam, towşan

böküp, çykyp gaçdy. Biz ikimiz muny “Bu-da alla tagallanyň bize görkezip duran bir gudratydyr. Indi şol towşana degmäli” diýişdik.

Bu wakany köp ýyllap mergençilik eden birine gürrüň berdim. Onuň aýtmagyna görä, towşan okdan gorkup, özünden gidip, edil ölen ýaly bolup galýan ekeni. Soň huşuna gelensoň ökjäni göterýän ekeni. Biz bolsa muny bilmändiris.

Ýöne, oglanlar, size berjek maslahatym: partladyjy maddalaryň kömegi bilen balyk tutmaň. Ol külli günädir. Tor salyň – diňe özünize geregini alyň, galanyny suwa goýberiň. Balyklary köpçülikleýin awlamak hiç haçanam peýdaly däl. Eger şeýle etseňiz alla tagala size bir keramat görkezer – diýdi.

Aky ýaşula garap baş atdy.

### Soraglar

1. Durdyguly aganyň nähili kärleri bar?
2. Baýmyrat nähili kär bilen meşgullanýar we oňa Aky näme diýýär?
3. Durdyguly aga Baýmyrada, Aka nähili maslahat berýär?

***Bahadyr EMINOW***

## TAZY

Atam daýzamlardan – şäheriň etegindäki Ürgenjibag obasyndan bir owadanja güjük äkeldi. Oňa Tazy diýip at dakdyk. Güjüjek hem aras-



sady, hem-de akyllydy. Garap durup, bizem oňa haýran galardyk. Ol guýrugy bilen öýmüziň daş-töweregini süpürerdi, nahar iýensoň, tabagy tumşugy bilen aňry süýşürerdi. Ojagyň ýanyna-ha asyl gelmezdi.

Bir güni düşekçede ýanbaşlap ýatyp, kitap okaýardym. Bir seretsem, Tazy eýwanyň içden temmelenen gapysyny açjak bolup, aýaklary bilen dyrnaklaýardy. Näme ederkä diýip, haýran galyp dursam, birden gapy kakyldy. Baryp açdym. Agam Myrat mekdepden gaýdan ekeni. Bu bolan wakany oňa aýtdym. Şonda ol:

– Tazyda az-owlak keramat bar-a meňzeýär – diýdi.

Bir zamandan ejemem, atamam işden gaýdarlar. Şony hem duýarmyka diýip, agam ikimiz oňa syn etmäge başladyk. Gün gijibereninde tazy elewräp ugrady. Birden ol baraga-da gapa ýapyşýardy, ýene ýanymyza gelip, haýsydyr bir ýere alňasaýan ýaly guýrugyny bulaýlaýardy. Şu aralykda-da gapy kakyldy. Ylgap baryp, işigi açdyk. Daşarda iki eli agyr ýükli atam durdy. Biz ýükleri aldyk. Atam bolsa:

– Eý, batyrlar! Köçäniň başyndaka ýükümy alyp gaýdan bolanynyzda işimi ep-esli ýeňilleşdirerdiňiz – diýdi.

Ikimizem bir agyzdan “Bilmän galypdyrys” diýişdik.

Atam birden “Tazy duýdurmadymy?” diýip, bizden sorady. Biz bolsak onuň bu aýdanyna haýran galdyk. Soňra atama tazynyň geň-enaýy häsiýetleri dogrusynda gürrüň berdik.

Atam: “Käbir haýwanlar örän duýgur bolýarlar. Bela-beteri öňünden aňyp, ýagşy bilen ýamana-da parh goýýarlar. Tazam düşbi it. Onuň göwnüne degmeli däl” diýdi.

Bir güni, näme üçindir bilmedim, agam Taza haýbat atyp, “Tur, git!” diýdi.

Tazy delalat isläp, maňa garady. Men ahyry nähili, niçik bolarka diýip, perwaýsyz garap duruberdim. Tazy aljyran ýaly iki-baka hereket edip üýrdi. Soň bolsa gapyny usul bilen açyp çykdyda, köçä tarap ýöneldi.

Şonda agam: – Nirä barar öýdýärsiň. Garny ajyksa-ha geler – diýdi.

Agşam düşdi. Naharlanyp hem bolduk. Köçe gapyny gyýaladyp açybam goýduk. Emma Tazydan derek bolmady. Ony gözlemedik ýerimiz, girmedik köçämiz galmady. Agam öz etmişine müň gezek ökünendir:

Aradan birnäçe gün ötdi. Bir iş bilen oba daýzamlara barypdym. Hemme bilen görşüp bolup, çertäk tarapa ötdüm. Ötsemem, öz gözlerime ynanmadym. Agaçlaryň arasy bilen Tazy maňa tarap ylgap gelýärdi. Ony göterip, gujagyma gysdym. Tazy-da hut ýitirenini tapan ýaly maňa süýkenýärdi, guýrugyny bulaýlaýardy.

Tazyny bu ýere kimiň getirendigini daýzamdan soradym. Ol:

– Özi geldi. Şäherden şu ýere çenli azaşman, nädip ýol tapanyna haýran galdym. Biriňiz onuň göwnüne degen bolsanyz gerek. Özi düşbi, akylly haýwan. Oňa bidirek degip bolmaýar – diýdi.

Gaýtjak çagym Tazynam äkitmekçi boldum. Ol owal-a kellesini başga tarapa öwrüp, maňa garamady.

– Gel-eý, gideli, Tazy! Indi seniň asyl-ha göwnüňe degmerin. Sözüm sözdür – diýip, oňa ýalbaryp ugradym.

Egilip Tazynyň başyny sypaladym. Onuň gyzgylt öwüsýän ýüňleri, özüne ýaraşyk berýän apak tegmilleri gözüme has owadan bolup göründi. Göwnüme bolmasa, Tazy owadanlanan ýaly. Onuň maňa seredişem başgaçady. Onda beýleki itleriňkä meňzemeýän bir manynyň barlygy belli boldy.

Şol güni öýümizde baýram boldy. Aýratynam Myrat agamyň şatlygy içine sygmaýardy.

## Soraglar

1. Aga-iniler güjüge näme diýip at goýýarlar?
2. Tazynyň duýgurlygy, häsiýetleri dogrusynda atasy çagalara näme diýdi? Daýzasy nä?
3. Tazynyň oba gaýtmagyna näme sebäp boldy?
4. Hekaýany “Göwnüne deglen Tazy” atlandyrsa bolarmyka? Siziň pikiriňizçe, ýene nähili sözbaşy goýsa bolar?

**Her bir tabşyrykdaky sözleri oka we gizlenen 5-nji sözi tap.**

1

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| A | R | Y | | |
| L | A | Ç | Y | N |
| M | A | Ş | Y | N |
| A | R | A | B | A |



2

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| A | R | M | Y | T |
| Ç | Y | N | A | R |
| A | Ç | A | R | |
| R | U | Ç | K | A |



3

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| M | I | K | R | O | F | O | N |
| A | G | A | Ç | | | | |
| T | A | Ý | A | K | | | |
| A | R | Ç | A | | | | |



http://eduportal.uz

## Grammatiki arifmetika

***Belgilerden peýdalanyp sözleri ýaz.***

Ä l e m + g ö z – ö z + o + ş a r = _ _ _ _ _ _ _ _ _



S a g – g + b y n = _ _ _ _ _



Ş k – k + a + r f = _ _ _ _



T e f a – f a + l e o – o + f o n = _ _ _ _ _ _ _



http://eduportal.uz

**Tapmaçany oka we jogabyny tap.**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| jy 7 | ur 3 | arap 8 | dan 2 | gy 5 |
| ly 6 | Mun 1 | lar 11 | dum 4 | da 9 |
| şaň 10 | | | | ujy 12 |

## Şifrlerden peýdalanyp sözleri tapyň

Şifrler:

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 0 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| k | i | t | a | p | m | g | r | a | ç |

1 2 3 4 5 ____________________

6 4 3 4 ____________________

http://eduportal.uz

3 4 7 3 4 ______________________________

7 4 5 9 ________________________________

5 9 0 4 1 ______________________________

3 4 5 6 4 0 4 __________________________

0 9 7 __________________________________

1 2 3 __________________________________

3 4 5 7 9 8 ____________________________

Her jübür sözlemde biri waka ikinjisi onuň dowamy bolýar. 1 bilen wakany, 2 bilen onuň dowamyny belläň.

▢ Mugallym Marala 5 baha goýdy.
▢ Maral öý işini gowy ýerine ýetirdi.

▢ Guşlar yssy ýurtlardan uçup geldiler.
▢ Bahar geldi.

▢ Adamlar işe gitdiler.
▢ Awtobus wagtynda geldi.

http://eduportal.uz

▢ Almanyň hasyly köp boldy.
▢ Ejem almadan mürepbe bişirdi.

▢ Köçede köp gar ýagdy.
▢ Çagalar Gar baba ýasap başladylar.

***Akgeldi AŞYROW***

## IŇ SOŇKY JAŇ

Okuw ýylynyň tamamlanmagyna dogry on bäş gün galypdy.

Synp ýygnagy geçirildi. Onda diňe bir mesele «Iň soňky jaň» baýramçylygyna gowy taýýarlanmak, geçen ýyllardakydanam parhly bolmagyny gazanmak meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mekdep direktorynyň okuw-terbiýeçilik işleri baradaky orunbasary Baýram aga ümsüm oturyp, çykyşlary höwes bilen diňleýärdi. Käte öňündäki kagyza bellikler edýärdi.

Aç-açanlyk ýagdaýynda geçen bu günki synp ýygnagy okuwçylarda gowy täsirler galdyran bolsa gerek. Çünki birnäçe gowy we peýdaly teklipler orta atylanynda şatlyk alamatlary mese-mälim bolýardy.

Baýram aga ýygnakda çykyp gepläp, şeýle diýdi:

– Hormatly okuwçylar! «Iň soňky jaň» baýramçylygyny gowy geçirmek baradaky teklipleriňiz meniň göwnüme ýarady. Ylaýta-da, mekdebiň



http://eduportal.uz

çeper höwesjenleriniň, ýerli bagşylarymyzyň çykyşlaryny guramak, başlangyç awtorlaryň degişme goşgular düzüp, köpçüligiň öňünde okamagyny ýola goýmak, mekdebimiz bilen yzygider aragatnaşyk saklaýan şahyr Tolybaý Kabulowy myhmançylyga çagyrmak, küşt, milli göreş ýaly ýaryşlary geçirmek, okuwçylaryň zähmet sapagynda we öýünde özbaşdak işläp taýýarlan önümlerinden, el işlerinden sergi guramak we ş. m. teklipler goldanylmaga mynasypdyr. Işiňizde üstünlikler gazanmaklygyňyzy arzuw edýärin. Gaýrat ediň. Şu günki ýaly göni çekinmän, ýene nähili pikirleriňiz bar bolsa aýdyp bilersiňiz. Pedagogik kollektiw size hemme taraplaýyn kömek bermäge taýýar.

Iň soňky jaň güni geldi. Muňa okuwçylar pikir edilişindenem üýtgeşik taýýarlandylar. Ylaýta-da, şahyr Tolybaý Kabulowyň gelmegi hemmeleri begendirdi.

Ýaşuly şahyr sag-esenlik alşyp bolup, mekdepdäki goşgy ýazan başlangyç awtorlary bir jaýa ýygnady. Olaryň öz goşgularyny okap bermeklerini haýyş etdy. Şahyr her bir okalan goşgyny yhlas bilen diňleýärdi. Ondan soň öz pikirini, belliklerini mälim edýärdi.

Ol degişme häsiýetli goşgulary okap görüp, şeýle diýdi:

– Tankydy, satiriki goşgular elmydama gerek. Olarda adamdaky ýetmezçilikler ýazgarylýar ýöne, bir zadam hiç unutmak bolmaz. Satiri-

ki goşgy bilen ýoldaşlyk degişmesi üçin ýazylan başga bolmaly. Öz ýoldaşlaryňyz barada tankydy goşgy düzeniňizde onuň adyny üýtgetseňiz gowy bolar. Sebäbi tankytda ynsan şahsiýetine dil ýetirmek bolmaýar. Anyk bir kişä bagyşlap, satiriki goşgy düzmekden gaça dursaňyz gowy bolar. Indi ýoldaşlyk degişmeleri dogrusynda bir-iki agyz gürrüň: häzir siziň käbirleriňiziň bu temadan düzen goşgularynyzy diňledik. Boljak, ýöne ýoldaşlyk degişmesi kime niýetlenip düzülsede 1–2 bentden (8–10 setirden) aňry geçmese ýagşy. Şondan köpe gitse, ol öwgi häsiýetinde ýazylan oda – goşgy bolýar. Ýoldaşlyk degişmesi şol bir wagtda-da gülkä, ýumora ýugrulan bolmaly.

Ýaş şahyrlaryň goşgularyny diňledim. Ýaman däl. Umuman, ýaşlarda güýçli höwes, zehin bar. Indi şony taplamagy başarmak gerek. Köp okamaly, derňemeli we öwrenmeli. Her bir goşguda öň okyjynyň oýuna-kellesine gelmedik bir pikiri aýtmaga çalyşmaly. Muny siz şahyrlaryň goşgularyny yzygider okap barmak arkaly gazanyp bilersiňiz.

Şahyr Tolybaý Kabulow başlangyç awtorlara üstünlikler arzuw etdi, olara öz elinden gelen kömegi aýamajakdygyny aýtdy.

Zalyň bir burçunda täze çapdan çykan kitaplar satylýardy. Ol kitaplaryň arasynda Tolybaýyň «Öwüt-nesihatlar» diýen soňky döwürde neşir edilen kitaby-da bardy. Okuwçylar nobata durup,

onuň kitabyny satyn alýardylar, şahyra awtograf ýazdyryp almaga alňasaýardylar.

Tolybaý mekdebiň zallaryna aýlanyp, el işleriniň, diwar gazetleriniň, elde taýýarlanan albomlaryň, görkezme esbaplaryň sergilerine hem tomaşa etdi. Okuwçy gyzlaryň ellerinden çykan halyçalar, haly-sumkalar, ellikdir joraplar, milli nagyşlar bilen bejerilen aýal köýnekleri, oglanlar tarapyndan taýýarlanylan orak, pil, kätmen, demir gazyk ýaly zähmet gurallary, çokaý, çepek ýaly aýak geýimleri, agaçdan, gamyşdan ýasalan jaý gurluşygy üçin her dürli iňňän gerek bolan önümleriň görnüşleri myhmanyň göwnünden turdy.

Hawa, «Iň soňky jaň» baýramçylygy ýatdan çykmaz ýaly bolup ötdi. Çeper höwesjenleriň, bagşylaryň, ata-eneleriň, ýaş şahyrlaryň çykyşlary uly şowhun bilen garşy alyndy.

Mekdepde ýadygärlik üçin saklanar ýaly baýramçylyk dabaralary wideo hem düşürildi. Oňa ata-eneler, pedkollektiw bilen birlikde şahyr Tolybaý Kabulow hem düşdi.

## Sorag we ýumuşlar

1. Synp ýygnagynda Baýram aga haýsy meseläni ara alyp maslahatlaşdy?
2. Ol okuwçylaryň özboluşly isleg-arzuwlaryny, pikir-tekliplerini öwrenip dogry etdimi?
3. Okuwçylar haýsy şahyr bilen yzygider aragatnaşyk saklaýarlar?

4. Şahyr Tolybaý Kabulow ýaş şahyrlara nähili öwüt-nesihat berdi?

5. Okuw ýyly dowamynda okan eserleriňiziň atlaryny depderiňize ýazyň.

6. «Iň soňky jaň» baýramçylygy siziň mekdebiňizde-de geçirilýärmi? Ýoldaşlaryňyz bilen maslahatlaşyp, tomus döwründe etjek işleriňiziň meýilnamasyny düzüň.

## *Bölüm boýunça sorag we ýumuşlar*

1. Ýazda tebigat nähili görnüşe girýär?

2. Bu döwürde adamlar nähili işler bilen meşgul bolýarlar?

3. Hökümetimiz çagalaryň tomusky dynç alyşy barasynda nähili çäreleri durmuşa geçirýär? Tomus paslynda okuwçylar nirelerde dynç alýarlar?

4. *Sag bedende – sagdyn akyl.*

*Ýagşy dem* (dynç almak) – *zähmete hemdem* (kömek) nakyllarynyň manylaryny düşündirip beriň.

5. Tomusdaky ýatlamalaryňyzy (eden işleriňizi) gündelik tutup, şoňa ýazyp baryň.



http://eduportal.uz

***Akgeldi AŞYROW***

## WAGŞYNYŇ SOWGADY

Bu wakany atam gürrüň edip beripdi. Oňa-da babam Nuraly aýdypdyr.

Nuralylaryň tamynyň bäş ýüz metr demirgazygynda bir öwlüýä bardy. Oňa irki döwürlerde adam hem ýerlenýän ekeni. Öwlüýä “Şehitlik” ady bilen bütin oba mälim ekeni. Şehitlik ýylgyn, gamyş bilen örtülipdir. Şonuň üçin oňa adamdyr mal girmez ekeni. Hatda iki ýüz metre golaý gapdalyndan geçip duran sokmakdanam ýöremäge heder eder ekenler.

Il arasyndaky gürrüňlere görä, ol öwlüýäde her jumada ýolbars gelýärmiş.

Ýanwaryň ortalarydy. Babam şol sokmak bilen gelýän ekeni. Ol özüne tarap gaýdan ýolbarsy görüp galypdyr. Ony şagga der basypdyr. Babam içinden “Näme etsemkäm? Gaçmalymy? Eger gaçaýanymda-da bu wagşy meni sypdyrmaz. Barha golaýlaşyp gelýär. Gel, bilýänje dogalarymy okap, hudaýy çagyryp gidibereýin. Owal – başda ajalym munuň elinden bolsa, gaçyp gutulyp nirä barjak?” diýip, öz-özüne göwünlik beripdir.

Babam ädimini batlandyrypdyr. Onýança ýaňky ýolbars ses ýetim ýanyna gelipdir-de ýuwaşja

arlapdyr. Babam özüni elden bermezlige çalşyp, ýene ýoluny dowam etdiripdir.

Ýolbars ädimini haýalladypdyr. Megerem, wagşy adamyň özünden gorkanlygyny duýan bolsa gerek. Derrew ýatyp, uzyn güýrügyny pat-da-patda ýere urupdyr. Onuň beýle etmeginiň nämäniň alamatydygyna babam düşünmändir. Ol näçe gorkmaýyn, batyrgaý ätläýin diýse-de başaryp bilmändir.

Wagşy haýwan babamyň daş-töwereginden bir aýlanyp, edil sokmagyň üstünde ýatyp, ýolagça tarap boýnuny uzadypdyr, içinden geçip barýan, sowuk gözlerini oňa dikipdir. Babam şol ýerde oturmaga mejbur bolupdyr, gözüniň gytagy bilen daş-töweregine äň edipdir. Görse, gelýän-gidýän ýokmuş. “Indi men bu wagşy haýwana şam bol-dum-ow” diýip, içinden pikir edipdir. Ol ýolbarsa seredip “Bu wagşynyň erkegi bolmaly. Boýun-laryny tüý basyp gidipdir. Onsoňam urkaçysy bol-sa öwlüýä namaz-jumada gelmeli. Bu gün ol-da däl. Gel, men şuňa haýbat atman, mylaýym söz aýdyp göreýin. Parçalasa-ha onda gutardygym, bolmasa-da ýörümim bar bolsa aman galaryn” diýip oý edipdir.

Ýolbars ornundan turup, dogry babamyň aýa-gynyň astyna gelip ýatyberipdir. Indi babamda az-kem rahatlyk emele gelipdir. Ol sakga du-ruberipdir. Haýwan bir aýagyny ýokary galdyryp, dili bilen ýalapdyr. Ondan soň şol aýagyny görkezýän şekilde babama uzadypdyr. Babam

derrew “Megerem, bu wagşyda maňa bolan kastgynlyk ýok bolsa gerek. Eger iýjek bolsa beýdip ýatman, derrew üstüme zyňardy. Gel, men muňa “Şirim, şirim” diýip, aýagyny sypalap bereýin” diýen karara gelipdir.

Ol edil ýolbarsyň öňüne baryp oturyberipdir. Ýolbars oňa ýene şol aýagyny uzadypdyr-da gözüni ýumup ýatyberipdir. Wagşy haýwanyň ony gorkuzmajak bolup, şeýle eden bolmagy mümkin. Babam usul bilen wagşynyň aýagyny göteripdir. Ony assa sypalap baryberipdir. Ol şol sypalap barşyna onuň aýagyna äpet Bir agaç girendigini duýupdyr. Babam ýene-de “Şirim, şirim” diýip, ýaňky çümen agajy usul bilen aýrypdyr. Ýolbars bir gözüni açyp, ýene ýumupdyr, guýrugyny patdyldadyp, bir-iki gezek ýere urupdyr.

Babam bilindäki guşagyny çözüpdir. Kisesinden çakgysyny çykaryp, ondan ýyrtyp alypdyr. Uklan ýaly bolup ýatan wagşy babamyň hereketlerini gözüniň gytagy bilen synlaýan ekeni. Babam içinden “Özüň bir medet ber! Şire edenim em bolgaý!” diýipdir-de ýaranyň daşyndan sarap, mäkäm çekdirip daňypdyr. Ýolbars usul bilen turup, derrew yzyna öwrülip gidipdir. Ol babam geçip gider ýaly sokmakdan aýrylypdyr.

Onsoň assa-assa basyp, ýaňky öwlüýä girip gidiberipdir. Muny göz astyndan synlap, ýuwaş ädim ädip gelýän babam ýolbarsyň näme üçin özüne degmändigini sebäbine doly düşünipdir.

Aradan kän wagt ötmänkä, ýaňky ýolbars bir gaçar göläni öňüne salyp kowalap gelipdir-de babamyň mal ýatagyna gabapdyr. Onsoň wagşy derrew gözden gaýyp bolupdir.

Babam baryp göläni ýatakdan çykarypdyr. Tanap getirip ony bir gazyga daňypdyrlar, öňüne ot döküpdirler. Göle ota meýil etmändir. Diýmek, ol gaty gorkan bolmaly. Ýarym salkyn geçeninden soň, ol ot iýip ugrapdyr.

Nuraly uly bir janly soýup sadaka beripdir. Şonda ol märekä ýüzlenip:

– Halaýyklar! Şu gün men sizi hudaýola çagyrdym. Siz maňa bir maslahat beriň. Meniň ýolbars bilen bolan duşuşygymdan-a habarlysyňyz. Olam kömegime “Aklyk” hökmünde şu gaçary getirip gitdi. Meniň şu güne çenli bala-çagama haram dadyran ýerim ýok – diýipdir.

Şol wagt ulamalardan biri:

– Kim bilýär! Ol saňa ýolbars bolup duşan hakykatdanam wagşy haýwanmy ýa alla tagaladan sizi synamakdan ötri gözüňize ýolbars bolup görnen başga bir zatmy? Perişdemi? Hudaýam her kimiň göwnüne görä berermiş – diýip, Nuraly aganyň hereketlerini öwüpdir.

Nuraly aga:

– Siziň gowy pikirleriňiz maňa ýene güýç berýär. ...Ýöne göle nirdenkä? Şonuň üçin kim göle ýitiren bolsa gelsin, Görsün. Tanasa malyny alyp gitsin – diýip, oturanlardan haýyş edipdir.

Aradan bir-iki ýyl geçse-de göläni idäp gelen kişi bolmandyr.

Hawa, ýolbarsyň sowgat getiren gölesi ulalyp, sygyr çykypdyr. Emma oňa eýe çykan tapylmandyr.

Babam pahyram yrym edip, ony tä ýedi baş bolýança urkaçysyny soýman, satman, – erkegini urkaçy göla çalşyp, gowy idedip saklapdyr.

Şeýlelikde, babamyň hojalygy ýylba-ýyldan gurplanyp gidiberipdir.

## Soraglar

1. Ýolda gelýärkä Nuraly nämä sataşýar?
2. Ýolbars näme üçin oňa degmedi?
3. Halkyň *“ýagşylyk et-de derýa at: halk biler, halk bilmese balyk biler”* diýen nakyly ýolbarsyň haýsy hereketleri bilen ugurdaş gelýär?
4. Hekaýa näme üçin “Wagşynyň sowgady” diýip at beripdirler? Oňa ýene nähili at goýmak bolar?

***Akgeldi AŞYROW***

## SARYHAN

Bir güni ala sygyrymyz öküzçe guzlady. Men begendim. Kiçijik, owadanja göläniň ýanyndan aýrylasym gelmeýärdi.

Men ejemden:

– Şu göläni maňa bersene? – diýdim.

Ejem ýüzüme bir ýylgyryp bakdy-da:



http://eduportal.uz

– Bereýin, oglum, bereýin. Ýöne gowuja seretgin. Ýene agaň Şady ýaly haýwana ganym bolaýma! – diýip sargyt etdi. Onsoň-a begenjimiň çägi bolmady.

Gölä bir gelşikli at goýmagym gerekdi. Dürli atlar edil ýüpe düzülen monjuk ýaly hyýalymda peýda boldy.

Ertesi baryp gölämi gördüm. Ol kellesini maňa tarap öwürdi-de ýüzüme seretdi. Şu pursat ol has owadan bolup göründi. Onýança ejem gelip: “Esen jan!” Göläňi boşadyp goýber?! Sagaýyn!” diýdi.

Göläniň hereketlerine, daş görnüşine hyrydar göz bilen syn edýärdim. Onuň reňki sap-sarydy. Hatda enesindäki ak tegmilleriň ýekejesem ýokdy. Men içimden “Hä, at tapyldy. Gölämiň ady Saryhan bolsun” diýip oýlandym.

Aradan iki aý ötdi. Saryhan birneme ulaldy. Onuň endam-janyny, arkasyny, boýnuny, tä aýaklaryna çenli sypalaýardym. Son-soňlar olam maňa öwrenişdi.

Bir güni ejem sygry sagyp bolup, goňşulara gitdi. Menem bir ullakan çüýşäni arassalap, içine süýt guýdum. Onsoň jigimiň emzigini onuň agzyna ötürdim. Şeýdibem, Saryhanyň ýanyna bardym, Çüýşäni görkezdim. Ol biparh garap duruberdi. Meniň ejem gelmänkä süýdi içirip bolasym gelýärdi. Daş-töweregme bir garadym-da Saryhanyň agzyny açdym. Soň boşan çüýşäniň emzigini alyp,

ony üçege zyňdym. Onýança-da ejem geldi. Ol gazany ýuwuşdyryp atardy. Oňa süýdi guýjak bolup, syrçaly bedräniň gapagyny açdy-da:

– O-ho, süýtden-ä biri ganymat alypdyr. Sen içmediňmi, Esenjan? – diýip, menden sorady.

Meniň ýüregim gürsülläp gitdi. Derrew gepi başga ýana sowdum:

– Ýany şo taýlarda jigim Keýijek oýnab-a ýördi. Şol içen bolaýmasa...

Ejem sesini çykarmady.

Men ýene Saryhanyň ýanyna gitdim. Ol ýerinden galman ýatyrdy. Öňküsy ýaly şadyýan däldi, oýun-poýun ýadyna-da düşenokdy. Bir hili sus ýaly bolup göründi.

Saryhanyň bu günki ýagdaýy meni-de gamgyn etdi. Onsoň men durup bilmän ony ejeme aýtdym. Ejem geldi. Saryhany ýatan ýerinden turuzdy-da başyny ýaýkady. Soňra maňa garap:

Süýt çakdan aşa köp içilen. Göläniň içi geçipdir. Sen boşadyp, ýene emdirip goýana dälsiň-dä hernä?! – diýdi. Meniň süňňüm gowşap gitdi. Ejemiň ýüzüne uýatly ýaly bakdym-da

– Ýok, Eje! Saryhany hiç wagtam boşadyp, enesine emdiremok – diýdim.

– Eýsem, muňa kim süýt berdikä? Ýa enesi gelip, ýanap emdiräýdimikä? Oňa süýdi menem-ä kadadan çykyp beremog-a?!.

Bolmady. Men etmişimi boýun aldym. Şeýtmesem hem boljak däldi. Saryhan erbet ýagdaýa düşer diýen pikir kelläme geldi.

Ejem başymy sypalap:

– Zeleli ýok, Esen jan! Saryhan ýene iki-üç günden gowlaşar. Seniň muny, gowy görüp, şeýdeniňem bilýän. Emma hetden aşa süýt peýdaly däl. Saryhandan dynmajak bolsaň, indiden beýläk beýtme?! – diýdi. Men:

– Bolýar, Eje – diýdim. Şonda-da bir hepdä çenli Saryhanyň her bir hereketine howatyrly garadym.

Mazaly Saryhan gowulaşyp gitdi.

Ondan bärem ençeme günler ötdi. Men her bir etjek işimi ejem bilen geňeşerdim. Süýtdäki gorky ömürlik ýadymda galypdy. Künjarany ezip, towguň ýumurtgasy ýaly ululykda togalap "Saryhan, gel, gel!" gygyrardym-da onuň aşzyna tutardym. Bir aýa çenli şeýle etdim. Son-soňlar "Saryhan" diýip gygyrsam bolanydy. Ol nirde bolsa-da derrew ýanyma gaýdybererdi. Menem Saryhanymy aç galdyrman ýa kunjara, ol bolmasa bir bag gowuşy öňünde goýardym.

Saryhan ulaldy, öküz çykdy. Indi ol sürüde köp mallaryň arasynda kowalaşyp gezýärdi.

Ekin-tikinler ýygnalyp, boşlagçylyk bolupdy. Özümem şäherden gelýärdim. Süri bilen aramyzam ep-esli bardy. Bir garasam belende çykyp, bir mal maňa seredip dur. Görsem Saryhan. Ýanyna barmankam, ol maňa tarap gaýdyberdi. Gapdalyma geldi-de tumşugyny ýokary galdyrdy. Bu meniň boýunlarymy gaşyp ber diýip, yşarat etdigidi. Men Saryhanyň bar ýerini

gaşap berdim. Soň gaýtdym. Bir görsem olam yzymdan gelýär.

Saryhan haýsy wagt boşansa-da men ony ýüpsüz tutardym. “Saryhan, gel, ynha!” diýip, elimi göterdigim bolanydy. Derrew ýanyma ylgap gelerdi.

Saryhan üç ýaşady. Bir gün öýmüze iki adam geldi. Atam olara:

– Siz öküzi “soýaly” diýýärsiňiz. Ony ir-u giç ýa satmaly ýa soýmaly. Ýöne siz Esenjandanam bir sorap görüň. Ol razyçylyk berse men garşy däl – diýdi. Maňa duýdurdylar. Menem “Saryhanymy hiç kime berjek däl” diýip agladym.

... Atasy: – Bir ýola-da Esenjanyň uklap ýatanlygyndan peýdalanyp, Saryhany satmak üçin bazara äkitdik. Hemişeki otlap gezýän ýerlerindenem ötdi welin, ol gitmejek bolup, azar ýamanyny görkezdi. Şonda-da äkitdik. Saryhan Eseni küýsäp, molap başlady. Bazarda-da sesi dynmady. Satdyk näme üçindir keýpsiz öýe dolandyk, ýüregimiz dilinen ýaly. Esen jan-a gynanar. Alaç ýok, mal janaweriň ýazgydy şeýledä!

## Soraglar

1. Esen gölesine näme üçin Saryhan diýip at goýdy?
2. Näme sebäpden ol Saryhana çüýşä guýup süýt içirdi?
3. Eseniň bu hereketi nähili bilindi?
4. Saryhan şäherden gelýän Eseni nähili garşy aldy?

http://eduportal.uz

5. Iki adama Eseniň atasy näme diýdi? Saryhanyň satylmagy size nähili täsir etdi? Hekaýaniň "Saryhan" atlandyrylmagy dogrumy? Oňa başga nähili sözbaşy goýmak mümkin?

***Köpeý ARTYKOW***

## SANÇGY

Nurjan Köneürgençdäki daýysynyňka görme-görşe gelipdi. Ol bir iş bilen tamyň öň tarapyndaky çertegiň üstüne çykdy. Şol bada äpet uly sançga onuň gözi düşdi. Onsoň ony eline aldy-da elleşdirip gördi. Ol içinden "Munuň sap üçin alnan dessesem 4–5 metr, metaldan ýasalan sançgysy-da ýarym metr bar. Sançgynyň üç dişi bolup, her birleriniň uçlary päki ýaly edilipdir. Balyga ýa başga bir zada ursaň eglenmän içinden geçäýjek. Şu mahala çenli men sançgy görsemem, bular ýalysyna duş gelmändim. Munuň nirelerde ulanylýandygyny agşam Guwanç daýymdan soraýyn" diýip oýlandy.

Guwanç aga işden gelip, öz tamyna girip gitdi. Aýaly Agasoltan Eje çaý, çörek getirip goýdy. Onýança-da çagalar bilen oýnap ýören Nurjan içeri girdi. Daýysy salam-helik alşyp bolansoň:

– Nurjan ýegen! Ýakyn otyr. Daýyň bilen gürleşip, bir çaý-paý iç ahyry – diýip ýüzlendi.

Nurjan daýysyna golaýrak süýşdi. Şol wagtam Agasoltan eje saryýag we beýleki tagamlardan getirdi. Daýyly – ýegen mazaly garbandylar.

Guwanç aga omyn etdi-de ýerinden turdy. Nurjan welin ondan sançgy barada soramak isleýärdi. Emma gepi nämeden başlajagyny bilmeýärdi. Daýysynyň birden “Onuň saňa näme geregi bar, han ogul?” diýip, gödegräk sorag beräýmegi-de mümkindi.

Agşam oglan-uşak öz jaýyna gitdi. Guwanç aganyň otagynda diňe Nurjan galdy. Oňa “Ýör!” diýseler-de, çykyp gitmedi. Çünki onuň syrly sançgy barada bilesi gelýärdi.

Öý eýesi daş çykyp geldi-de töre geçip, gapdalyny ýassyga diräp, arkaýyn oturdy. Nurjan az salym dymyp oturdy-da, ahyry sançgy barada dil ýardy. Şol pursatam Guwanç aganyň bedeninde bir hili galpyldy peýda boldy, ýüzi-gözi üýtgäp gitdi. Ol diňe:

– Aý, ýegen! Ony sorap näme etjek? Her bir zady sorap biliberjek bolsaň, eşidenleriň kelläňe sygman, akylyň üýtgäp gider – diýdi.

Sorag berenine puşman eden Nurjanam bir hili boldy. Muny duýan öý eýesi gürrüňiň äheňini üýtgetdi:

Ýegen, sançgynyň uzak we geň-enaýy taryhy bar. Men-ä şony ýatlamaga-da ätiýaç edýän. Onda-da seniňem bilip goýanyň gowy.

Bu waka 1960–1970-nji ýyllaryň aralygynda bolup geçipdi.

Etrabymyzyň günortasyndan Derýalyk diýen uly zeýkeş geçýärdi. Oňa “Dostluk” kollektory-da diýýärdiler. Bu zeýkeş Özbegistandaky

we Türkmenistanyň Daşoguz welaýatyndaky zeý suwlary Sarygamyş kölüne äkidip guýýardy. Oňa Sarygamyş çöketligi diýip hem at bererdiler. Ol kiçiräk bir deňzi ýada salýardy.

Etrabymyzyň günorta-günbatarynda şol zeýkeşe 2–3 kilometr golaýrakda çarwalar ýaşaýardylar. Şol taýda meniň Annabaý aga diýen bir dostum bardy. Ol, çyn dünýä giden adam, diýseň süýeksiz gowy kişidi. Dyzyna düşüp duran ak sakgaly bardy. Şeýle bir gelşikli, hoşroý gojady. Onuň iki ogly çopandy. Kolhozyň müňläp goýnuny bakardy. Ýöne çopan halky, özüňe mälim, bir ýerde durmaýar. Haýsy ýeri otluk bolsa, maly bilen şol ýerdedir.

Annabaý aganyň özüniňem goýny bäş ýüze golaýlaşýardy.

Bir ýola il arasyna şeýle bir dowul düşdi. Şol zeýkeşiň golaýragyndaky obalardan mal, dowar ýogalýarmyş, ony kimleriň ogurlaýandygy entek anyklanmaýarmyş diýen habar ýaýrady. Muny organ işgärleri telim günläp yzarladylar, güman edilýän adamlar gizlinlikde aňtaldy. Emma hiç hili uç tapylmady.

Aradan günler, aýlar ötdi. Mal ýogalmasynyň yzy üzülmedi. Bir günem Annabaý aganyň agtygy goýunlaryny bakyp, günortan şol zeýkeşden suwa ýakyn durka, bir uly balyk çykaga-da bir goýny guýrugy bilen ýapyp, dolap ekidiberipdir. Ol ýüregi ýarylan ýaly bolup, derrew goýunlary öýüne

sürüpdir. Bolan wakany babasyna duýdurypdyr. Şonda Annabaý aga:

– Goýaweri, hanym! Biz-ä şagal, möjek, galyberse-de gezip ýören aç itler goýna topulýar diýip eşiderdik. Emma “Balyk goýun alýar” diýip eşitmändik. Ol seniň gözüňe balyk bolup görnendir – diýip, agtygynyň aýdanlaryna şübheli garap, oňa ynanmandyr.

Agtygy bolsa:

– Ynanmasaň bar-da goýunlary sanap göräý?! – diýip, babasyna kesgitli jogap gaýtarypdyr.

Goýunlar sanalypdyr. Birisi, hakykatdanam, kem çykýar.

Soňra bir güni agtygyna ynanman, özi zeýkeşiň, güzerinden goýunlary suwa ýakmakçy bolupdyr. Hälki balyk gelip, ýene bir goýny alyp gidipdir. Annabaý aga muňa alaç edip bilmändir. Ýöne bu wakany bütin çarwa iline aýdyp çykypdyr. Şonda kimdir biri:

– Özi kiçijik zeýkeş. Ininiň uzynlygy 20–30 metrden aňry geçmeýär. Bu taýda uly balyk nämişlesin? Ol başga zatdyr – diýip, öz müňkürligini ýüze çykarypdyr.

Heniz on günem ötmänkä Annabaý aganyň özi goýunlaryň öňüne geçip, eli ullakan çopan taýakly (megerem, balyk gelse uraryn öýdüp, pikir edendir-dä!) duruberipdir. Onýança hälki balyk geläge-de ony lak-luk atyp ötägidipdir. Muny agtygy görüp, öýüne ylgapdyr. Bu waka



http://eduportal.uz

edil ýyldyrym çaltlygynda çarwa illerine, Annabaý agalaryň daşdaky, ýakyndaky garyndaşlaryna mälim bolupdir.

Şol güni adamlar jemlenip, özara maslahat edipdirler. Köpi gören garrylardan biri söz alyp:

– Biz oglankak şolar ýaly adam ýuwudan balyklar derýalarda, deňizlerde bolýarmyş diýip eşiderdik. Emma zeýkeşlerde welin barlygy asyl hakydamyza gelenokdy – diýip, kisesinden ýaglygyny çykaryp, göz ýaşyny sylypdyr.

Başga biri bolsa:

– Baýak, balykçylaryň biri bilen duşuşmak maňa miýesser etdi. Olar Sarygamyşdan bir tonna geljek lakga tutandygyny, içinden köp zatlar, şol sanda eşegiň gaňňasynyň-da çykandygyny aýtdylar. Kim bilýär, eşekli geçip barýan, suwa ýakjak bolanynda balyk ýuwutdymy? Şolar ýaly bolanda näme oýlasaň oýlabermeli – diýip, ýakasyny açyp, içine tüýkürdi, içinden haýsydyr bir doga okap, ellerini ýüzüne syldy.

Garaz, köpüň üýşen ýeri, her kim gören-eşdenini orta dökdi.

Bir ýaşuly adamlaryň ünsüni özüne çekjek bolup:

– Hany, ol gürrüňlerden indi peýda ýok. Mende bir teklip bar:

Şu günden beýläk zeýkeşiň gapdalyndan mal ötürmeli däl, bala-çaga oglan-uşak geçmeli däl edeliň. Geçilse diňe köprülerden geçilsin. Belki, öňki ýiten mallaram, dowarlaram şol balyga şam

http://eduportal.uz

bolandyr. Ýogsam ogry bolanynda ahyry belli bolardy. Olary gördüm-bildim ýok. Şol gideni-giden. Ýöne, indikiňize gaýym bolaweriň – diýdi.

Hemmeler "Dogry-da dogry!" diýşip, başlaryny yraladylar. Ýaňky ýaşuly az salym hamsygyp, gamgyn ýagdaýda şeýle diýdi:

– Hany, Annabaý aga şeýdip ýogalyp gidibermelimi? Her kim öz göwnündäki pikiri aýtsyn?!

Ýüzi gotrak ýigit köpçülikden sähelçe öňe süýşdi-de daş-töweregine göz aýlap:

– Mende şeýle bir teklip bar. Şol balygy tutmaly. Muňa köpçüligiň tagallasy gerek. Bu wakany indi raýondakylar-a beýle-de dursun, eýsem oblastdakylaram bilýär. Bar ýere habar edildi – diýdi.

– Gep, ana, şol ganhory tapmakda. Elbetde. Biz ýokardakylar alada etmezler diýmekçi däl. Olaram mümkinçiligine görä hereket ederler. Ýöne, her etmeli-hesip etmeli, tizleşmeli. Şol balygy tutmaly.

– Tutup bolupsyň, ol eýýäm Sarygamyşdan örländir.

Garaz, her kim ýüregindäkini mälim etdi. Derrew üç adamy üç ýere-Gubadaga, Maňňyda we Hywa palçydyr tebibe, porhana ugratmaly. Olaryň aýdanlaryny bir adam diňläp, bilgiçleriň gelen netijelerini özara deňeşdirmeli. Haýsy makul bilinse, şony etmeli diýlen maslahata gelindi.

Maňňyda we Hywa gidenleriňkide – Annabaý agany balyk ýuwdandygy, şol balygyň hem hut şol taýdadygy, bu wagşynyň hiç zatdan gorky-ürküsiniň ýokdugy, diňe uly sançgy urup, tutmak mümkinligi pala düşendigi nygtalýardy. Gubadaga giden bolsa eýýäm şol balygyň Sarygamyşdadygy palda belli bolandygyny aýdypdyr.

Garaz, iki palçynyňky bir, biriniňki bolsa olara ters gelipdir.

Raýondan gelenlerem iki palçynyňkynyň dogrydygyna güwä geçipdirler. Olardan biri märekäni ýygnap:

– 4 sangçy taýýarlamaly. Hersiniň sapynyň uzynlygy-da 4–5 metr, sangçynyň uzynlygy ýarym metr, uçlaram edil päki ýaly kesgir bolmaly.

Her biriniň sapynyň uç tarapyndan barmak sygar ýaly edip, buraw bilen deşmeli. 10 metre golaý ýüpek ýüp her birine daňylmaly. Ýüpüň bir ujy sançgynyň sapyndan mäkäm edilmeli. Beýlekisi ýabyň kenarynda 1–2 tonna agramlykda metal goýlup, şoňa berkitmeli. Sag kenardan 2, çep kenardanam 2 kişi – jemi 4 adam gapma-garşy hereket edip sançy urmaly. Eger ol balyga degse, ol suwuň teýine gider. Şonda derrew sançgynyň sapyny taşlamaly. Bolmasa balygyň senem äkitmegi mümkin. Barybir kenarda goýlan agyr metal sançgyny uzak ibermez 10 metrden uzaga gidip bilmez – diýip, gözleg işleri barada ýekän-ýekän gürrüň beripdir.



http://eduportal.uz

Aýdylan zatlar ýarym salkynda taýýar edilip, kenara getirilipdir. Derrew müňe golaý adam ýygnanyp, işe girişipdirler. Sançgy bir urlanda şol balyga degipdir. Onýança onuň eýesi elini aýrypdyr. Ýüp syrylyp gidipdir. Emma kenardaky berkitme ony ibermändir. Beýleki üç sançgynam getirip, bir ýeri sançgylap, ahyry şol balygy kenara süýräp çykarypdyrlar.

Derrew ony kesip görüpdirler. Annabaý aganyň süýeginden hiç zat galmandyr. Diňe onuň şol uzyn sakgalyny görüp, ony şu balygyň ýuwdandygyna göz ýetiripdirler.

Hawa, Nurjan ýegen! Sançgylaryň her birine bir öýde goýmaly etdiler. Şolar ýaly hadysa bolanynda olar derrew işe girizilmeli. Elmydama ätiýaçli bolmaly. Saklykdan şu mahala çenli zelel gören kişi ýok.

Guwanç aganyň gürrüňleri Nurjana güýçli täsir etdi. Ol tebigatyň howply hadysalarynyň köplügi, her ädimde özüňi gorap gezmelidigi barada ep-esli salym oýlanyp oturdy.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Nurjan çertege çykyp, nämä sataşdy? Ol nämä haýran galdy?

2. Näme üçin sançgy barada gürrüň bermek Guwanç aga agyr düşdi? Eýsem Nurjan beren soragyna ökündimi?

3. Annabaý aganyň agtygy nähili geň zada duş geldi? Adam ýuwudýan balyk barada siz, heý, öň eşidipmidiňiz? Eger eşiden bolsaňyz gürrüň beriň.



http://eduportal.uz

## Bölüm boýunça soraglar we ýumuşlar

1. Bölümde berlen hekaýalar arkaly nähili haýwanlar bilen tanyş bolduňyz? Şol haýwanlar bilen eldeki haýwanlary deňeşdirip görüň.

2. Hekaýalarda gürrüňi edilýän ýabany haýwanlary görüpmidiňiz? Şolardan başga ýene nähili haýwanlary bilýärsiňiz?

3. Sygyr, at we itleri näme üçin öý haýwanlary diýip atlandyrýarys?

4. Özüňiziň söýýän käbir haýwanlaryňyz barada düzme ýazyň (Meselem, "Garlawaç", "Meniň jüýjelerim" ýaly.).





http://eduportal.uz

# MAZMUNY

## BEÝIK WE EZIZ WATANYM BAKY BOL AMAN

Özbegistan Respublikasynyň Döwlet senasy. *A. Arypow* ........ 3
Asyra barabar gün. *A. Aşyrow* .................................................. 4
Belentdir ykbalyň. *A. Arypow* ..................................................... 6
Peýdaly hyzmatdaşlyk. *A. Kadyrow* ........................................... 7
Sagdyn nesliň aýdymy. *S. Barnoýew* ......................................... 8
Özbegistan. *A. Arypow* .............................................................. 10
Daşkentde. *M. Kabulowa* .......................................................... 10
Daşkent agşamy. *M. Kabulowa* .................................................. 12
Iliňni. *Magtymguly* ...................................................................... 13
Karta. *N. Narkabul* ..................................................................... 14

## SAHAWATLY PASYL

Bereketli pasyl. *K. Artykow* ...................................................... 22
Güýzüň bir güni. *A. Nuryýew* .................................................... 24

## YLMYŇ KÖŞGI MEKDEP, ONUŇ AÇARY KITAP

Kitap – akyl çeşmesi. *D. Balakaýew* ........................................ 29
Salamlaşmak edebi. *H.W. Kaşifiý* ............................................... 34
Zor bolar. *Magtymguly* ................................................................ 35
Perzent awusy. *A. Kadyrow* ....................................................... 36
Orak. *Ş. Gurbanow* ..................................................................... 40
Hadyslardan nusgalar ................................................................... 41
Pälwan hem şahyr. *H. Hamydow* ................................................ 44
Pälwan Mahmudyň hikmetlerinden .............................................. 47
Gaça başlady. *Magtymguly* ........................................................ 48



http://eduportal.uz

## HÜNÄR-HÜNÄRDEN RYZKYŇ ÖNER

Matallar ........................................................ 51
Kim bilmeşek. *B. Kerbabaýew* ........................................................ 52
Tapmaçalar. *H. Nurmyradow* ........................................................ 53
Nakyllar ........................................................ 54
Sülük bilen ýylan. *A. Äwlany* ........................................................ 56
Gyzyl alma. *M. Garryýew* ........................................................ 58
Alty gyz. *M. Kabulowa* ........................................................ 59

## KÜMÜŞ GYŞ

Gar ýaganda. *K. Taňrygulyýew* ........................................................ 61
Goja bilen garga. *U. Setdarow* ........................................................ 62
Jereniň kepderisi. *K. Artykow* ........................................................ 64

## WATAN GORAÝJYLARY

Watanyma gulluk ederin ........................................................ 69
Gorkak. *S. Enarbaýew* ........................................................ 70
Halasgär. *A. Kadyrow* ........................................................ 78

## ATA-BABALARYMYZYŇ HIKMETLERI

Ibn Sina we Mansur. *M. Kakaýew* ........................................................ 81
Edepli oglan. *A. Aşyrow* ........................................................ 86
Garrylar gerek. *M. Myşyýew* ........................................................ 90

## HALK DÖREDIJILIGI

Sanawaçlar ........................................................ 93
Küýze we tilki ........................................................ 96
Batyr pälwan ........................................................ 101
Adyllygyň ahyry ........................................................ 103

## ÝAŞYL BAHAR

Bahargül. *H. Hanmedow* ........................................................ 107
Baharyň keşbi. *B. Döwletow* ........................................................ 111

Saýra, bilbilim. *B. Garaýew* ....113
Garlawaç. *A. Kadyrow* ....114
Mähri jahan enejan. *E. Hajy* ....115
Nowruz – bahar baýramy. *A. Aşyrow* ....116
Baýram urp-adatlary ....119

## DÜNÝÄ ÇAGALAR EDEBIÝATY

Pil bilen moska. *I.A. Krylow* ....120
Kambala balyry. *D. Grimm* ....121
Daýhanbaba we on iki ýetginjek kyssasy. *A. Arypow* ....122
Halk. *Çolpan* ....126
Garagol. *G. Gulam* ....127

## ÝAŞASYN PARAHATÇYLYK, ÝAŞASYN DOSTLUK!

Dynçlyk guşy hakynda meniň okan goşgym. *Ş. Sadulla* ....131
Sahy bagban. *P. Musajanow* ....132
Tut. *Mirtemir* ....135

## TOMUS ÇAGYNDA

Täsinlik. *S. Nuryýew* ....138
Tazy. *B. Eminow* ....141
Iň soňky jaň. *A. Aşyrow* ....149

## SYNPDAN DAŞARY OKUW

Wagşynyň sowgady. *A. Aşyrow* ....154
Saryhan. *A. Aşyrow* ....158
Sançgy. *K. Artykow* ....163

Allaberen Qodirov, Akgeldi Ashirov
Gurbanberdi Velbegov

*O‘quv nashri*

# O‘QISH KITOBI

*4-sinf uchun darslik*
*(Turkman tilida)*

Yettinchi nashri

Redaktor *K. Hallyýew*
Sahabyň suratçysy *R. Malikow*
Çeper redaktor *H. Kutlukow*
Teh. redaktor *T. Haritonowa*
Kiçi redaktor *M. Salimowa*
Korrektor *K. Hallyýew*
Kompýuter wýorstkaçysy *K. Goldobina*

Neşirýat lisenziýasy AI №158, 14.08.2009.
2020-nji ýylyň 3-nji iýunynda çap etmäge rugsat edildi.
Ölçegi $70\times90^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Arial garniturasy. Kegel 14,7, 12,7.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 12,87. Neşir çap listi 7,14.
929 nusgada çap edildi. Buýurma № 20-210.

«O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi.
100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20.
Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10.

*e-mail: iptduzbekistan@iptd-uzbekistan.uz*
*www.iptd-uzbekistan.uz*

http://eduportal.uz

## Ulanmaga berlen okuw kitabynyň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Okuw kitabyny alan wagtyndaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly | Okuw kitabyny tabşyrandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |
| 4. | | | | | | |
| 5. | | | | | | |
| 6. | | | | | | |

## Okuw kitaby ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| Täze | Okuw kitabynyň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy |
| Ýagşy | Jilti gowy, okuw kitabynyň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| Kanagatlanarly | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, okuw kitabynyň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| Kanagatlanarsyz | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Okuw kitabyny gaýtadan dikeldip bolmaýar. |

http://eduportal.uz

Allaberen Qodirov, Akgeldi Ashirov
Gurbanberdi Velbegov

*O‘quv nashri*

# O‘QISH KITOBI

*4-sinf uchun darslik*
*(Turkman tilida)*

Yettinchi nashri

Redaktor *K. Hallyýew*
Sahabyň suratçysy *R. Malikow*
Çeper redaktor *H. Kutlukow*
Teh. redaktor *T. Haritonowa*
Kiçi redaktor *M. Salimowa*
Korrektor *K. Hallyýew*
Kompýuter wýorstkaçysy *K. Goldobina*

Neşirýat lisenziýasy AI №158, 14.08.2009.
2020-nji ýylyň 3-nji iýunynda çap etmäge rugsat edildi.
Ölçegi $70\times90^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Arial garniturasy. Kegel 14,7, 12,7.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 12,87. Neşir çap listi 7,14.
94 nusgada çap edildi. Buýurma № 20-211.

«O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi.
100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20.
Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10.

*e-mail: iptduzbekistan@iptd-uzbekistan.uz*
*www.iptd-uzbekistan.uz*

http://eduportal.uz